TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI
MAGTYMGULY ADYNDAKY TÜRKMEN
DÖWLET UNIWERSITETI

Orazberdiýewa Amanbagt

# „ESTETIKA WE EDEBIÝATŞYNASLYK“ dersi boýunça okuw gollanmasy

## Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

## Türkmenistanyň bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi

Aşgabat-2010

**Orazberdiýewa A.**
**Estetika we edebiýatşynaslyk.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy.– A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2010. 240 sah.

# Giriş

Täze Galkynyşlar zamanamyzda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda döwletimiz ösüşiň has ygtybarly ýoluna düşdi.Bu gün syýasatymyzdaky, ykdysadyýetimizdäki üstünliklerimiz dünýä jemgyýetçiliginiň ünsüni çekýär.Şeýle bolansoň, bu döwrüň ruhy ýagdaýy, jemgyýetiň milli aňyndaky ruhy öwrülişik hakynda aýratyn söhbet etmek derwaýysdyr.Hormatly Prezidentimiz öz çykyşlarynda jemgyýetiň ruhy derejesiniň kämil, ýokary derejede bolmagynda çeper sözüň, çeper edebiýatyň nä derejede täsiriniň bardygyna ünsi çekýär.Şu jähtden ugur alanymyzda, hormatly Prezidentimiz G.Berdimuhamedowyň : „Ylym, bilim, edebiýat, sungat, medeniýet adamzadyň bahasyna ýetip bolmajak baýlyklarydyr.Olaryň hemmesi adamlary biri- birine ýakynlaşdyrýan, biri- birine mähriban edýän, dost dogan edýän, nesillerde iň oňat häsiýetleri döredýän, iň ajaýyp duýgulary oýarýan güýçlerdir. Hut şonuň üçin hem, biz olary ösdürmäge uly üns berýäris“ diýip belleýşi ýaly, häzirki täze Galkynyşlar döwründe edebi mirasymyzy, edebiýatymyzy toplamak we öwrenmek işi täzeçe badalga aldy.Hormatly Prezidentimiz 2008-nji ýylyň 19-njy ýanwarynda, şeýle-de, 20100-njy ýylyň 24-nji ýanwarynda bolan döredijilik işgärleri bilen bolan duşuşykda hem döredijilik bilen meşgullanýan adamlaryň öňünde durýan wezipeler hakynda, mundan beýläk döwlet ideologiýasynyň nähili bolmalydygy,

Täze Galkynyşlar we Beýik Özgertmeler zamanasynyň edebiýatynyň, sungatynyň nämelerden gözbaş almalydygy hakynda anyk wezipeleri kesgitledi.Mundan buýana maddy we ruhy gymmatlyklaryň ählisiniň ýurduň raýatynyň bähbidine hyzmat etdirilmelidigi, ýurduň esasy baýlygynyň adam bolmalydygy üçin, ähli ünsüň şu ugra gönükdirilmelidigi bellenildi.Şeýle hem, hormatly Prezidentimiz ýurt başyna geçen ilkinji günlerinden başlap, adamlaryň geljege ynamly, ýokary derejede ýaşamagy üçin kabul eden birnäçe il bähbitli, ýurt ähmiýetli kararlary bilen birlikde, ylym- bilim ulgamyny ösdürmegiň we kämilleşdirmegiň zerurlygyna ünsi çekdi. Sebäbi jemgyýetiň aň we ruhy taýdan çuň ösüşini gazanmak üçin, ýurdumyzy dünýäniň ösen döwletleriniň hasabyna goşmak we deňleşdirmek üçin bilim we ylym ulgamynda möhüm ädimleriň ädilmegi zerurdy.Hormatly Prezidentimiziň „Ata Watanymyzyň geljegi bolan bilimli- terbiýeli, edepli, ýokary ahlakly şahsyýetleri kemala getirmek bilim ulgamynyň işgärleriniň, mugallymlarynyň, biziň her birimiziň mukaddes borjumyzdyr.“ diýip belleýşi ýaly,biziň öňümizde bilim we terbiýe berlişiniň hilini görnetin gowulandyrmagyň we ýokarlandyrmagyň zerurlygy uly wezipe bolup durýar.Şu jähtden ugur alanymyzda, türkmen dili we edebiýaty fakultetiniň talyplaryna niýetlenen „Estetika we edebiýatşynaslyk“ dersinden okuw gollanmasy hem şeýle talaplardan ugur alnyp ýerine ýetirilen işleriň biridir.

Çeper edebiýat adamzadyň durmuşynda uly rol oýnaýar.Çeper edebiýat ynsanda ajaýyp adamkärçilik sypatlaryny terbiýeleýär, gözýetimini giňeldýär. Adamyň durmuşa düşünişi we dünýägaraýşy has töwerekleýin bolýar, şeýle-de, gözellik duýgularyny ösdürýär.Sebäbi çeper edebiýat her bir aňly-düşünjeli adamyň ruhy durmuşynyň aýrylmaz bir bölegi bolup durýar.Şeýle bolansoň, çeper edebiýaty okamagyň, onuň manysyna, gözellik gymmatyna çuň akyl ýetirmegiň aýratyn ähmiýeti bar. Sebäbi çeperçilik taýdan bilimli adam sungatdan hakyky lezzet alyp bilýär.

Okuw gollanmasynda gözellik meselesi, oňa bolan dürlüçe garaýyşlar, çeper edebiýatda estetiki meseleler we estetiki kategoriýalar ,olaryň ýüze çykyşy, estetiki duýgy, estetiki baha beriş, estetiki ideal, gözellik meselesi hakynda we çeper edebiýatda antietiki, antiestetiki pursatlar dogrusynda gürrüňler edilýär.

Bu meseleleriň orta asyr türkmen edebiýatynda şöhlelenişi, A.Nowaýynyň estetiki garaýyşlary, ylaýta-da, onuň çeper edebiýatda dogruçyllyk, durmuşy dogruçyl suratlandyrmak,mazmun bilen formanyň sazlaşygy, çeper sözüň gymmaty dogrusyndaky pikirlerinde ýüze çykyşyny öwrenmek, şeýle-de XVIII ,XIX asyr türkmen nusgawy edebiýatynda görk we gözellik meselesiniň ýüze çykyşy, XX asyr türkmen edebiýaty we onuň kyssa hem şygryýetinde tebigat gözelligi, stiliň we diliň çeper edebiýatyň estetiki

meselesi hökmünde ör boýuna galyşy hakynda gürrüňler edilýär.

Okuw gollanmasynda bu derse degişli hasaplanylan ähli edebiýatlara salgylanyldy. Gollanmanyň esasynda bolsa edebiýatçy alym R.Rejebowyň „Çeper edebiýatda estetika we stil meseleleri“ atly kitaby esasy salgylanma boldy.Sebäbi alymyň bu kitabynda çeper edebiýatda estetika we stil meseleleri, predmetleriň, hadysalaryň, düşünjeleriň hilini gowulandyrmakda estetikanyň roly, onuň çeper edebiýatda şöhlelenişi töwerekleýin derňelýär.Şeýle bolansoň, alymyň bu meseleler babatdaky nazary pikirleri gollanmanyň esasyny düzýär.

## Çeper edebiýatda estetiki meseleler

Estetika diýen düşünjäni ilkinji gezek ylmy dolanşyga girizen nemes filosofy Baumgarten. Ol muňa hakykata diňe bir akyl-paýhas bilen däl-de, duýgy arkaly, ýagny duýgularyň üsti bilen akyl ýetirmegiň teoriýasy diýip düşünipdir. Sebäbi adam daşky dünýäni duýgulaýyn synlap ondan gözellik alamatlaryny tapyp begenende ýa gynananda ýöne bir içki duýgulaýyn meýlini kanagatlandyryp oňman, eýsem şol dünýä belli bir derejede akyl ýetirýär. Onuň duýgularyna tolgundyrjy täsir edýän sypatlaryny öwrenýär hem-de bilýär. Şondan bäri estetika özbaşyna bir ylym hökmünde ýaýrap, baýlaşyp gelýär.

Adamyň gözellik duýgusy daşky dünýä bilen, jemgyýet bilen estetika gatnaşyklary onuň gözellik bilen bagly başdan geçirýän duýgularynyň örän inçe

hem çylşyrymly mehanizimi bu ugurdaky her hili garşykyklar, çaprazlyklar estetika ylmynyň dürli düşünjeleriniň kategoriýalarynyň we terminleriniň döremegine getiripdir. Ýaňky belläp geçişimiz ýaly, estetika duýgy arkaly kabul etmek diýen manyny berýär. Sungat şol sanda edebiýat ylymdan hem filosofiýadan tapawutlylykda daşky dünýäni duýgy arkaly suratlandyrýar. Şonda ol adamyň dünýäni duýgulaýyn kabul edişini obraza salýar. Obraz çeperçiligiň esasy birligidir. Obraz ýa-da surat adamyň daşky dünýä gatnaşygynyň çeper suratlanmasydyr. Umuman alanyňda, obraz ýa-da surat umumy ruhy hadysa, umumy emesional hadysa. Sungatdaky obraz sungatyň daşyndaky obrazdan düýpli estetiki çeperçilik kanunlary boýunça döredilýändigi bilen tapawutlanýar. Hut şonuň üçinem, döredijilik sungaty, başgaça aýdanymyzda, edebiýaty sungat hökmünde öwrenýän ylym bolan poetika bilen estetika biri-biri bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Eger poetika edebiýaty sungat hökmünde öwrenýän ylym bolýan bolsa, onda estetika sungatyň umumy teoriýasy hökmünde düşünilipdir. Estetika sungatyň düýp manysyny, sungatyň dürli görnüşlerini öwrenýär. Estetikanyň hem, poetikanyň hem esasy meselesi çeperçilik we onuň kemala gelşidir. Şeýlelikde, çeperçilik diňe bir edebi däl, eýsem, umumy estetiki, umumy sungat hadysasydyr. Estetikanyň düýp düşünjesi gözellik, ondan soň bedroýlyk, tragikilik, komiklik. Şu düşünjeleriň ylmy mazmuny bilen

tanşanymyzda biz adamyň hakykata aýratyn bir garaýşynyň bardygyna göz ýetirýäris. Şol garaýyşa estetiki garaýyş diýilýär. Bu garaýyş adamyň estetiki duýgusy, estetiki tagam alşy, estetiki baha berşi, estetiki idealy arkaly ýüze çykýar. Adamyň ynsanyň beýleki janly zatlardan tapawutlylykda islendik zadyň göze görünmeýän taraplaryny duýmak ukyby bolýar. Bu ruhy ukyp estetiki duýguny kemala getirýär. Bu duýgynuň taryhy köp-köp müňýyllyklar bilen ölçelýär. Şondan bäri adamlaryň daş-töweregindäki dünýäni synlap, ondaky gözelligi almak, çyzmak, şondan üýtgeşik bir lezzet almak, şonuň bilen bilelikde, özüniň görýän ajaýyp, nepis zatlaryny nusga edinip, olary özüçe täzeden döretjek ýa ýasajak bolmak ukyby ösüp kämilleşip gelýär. Bu duýgular adama tebigat tarapyndan berlen. Ýöne bu her adamyň durmuşynda, ruhy ýaşaýşynda dürlüçe orun tutýar. Ýöne adamyň gözellik estetiki medeniýeti bilen bagly ýüze çykýan düşünjeleriň, katagoriýalaryň, teoriýalaryň sakasy hut ilki başky janly duýgudan ybarat. Şol duýgy adama dünýäniň sazlaşygyny, zatlaryň we hadysalaryň ýaraşyklydygyny ýa gelşiksizdigini aňmaga mümkinçilik berýär. Tebigat bilen gatnaşyk etmegi öwrenip öz duýgularyny kämilleşdirmeli. Estetiki duýgy asyllylyk, mähremlik sypatlaryny oýarýar. Göwnüňi galkyndyrýar. Ejir, hasrat çekmegi, gahar-gazap  etmegi dogry kabul etmegiňe, şeýle ýagdaýlary adamlaryň özüniň hem bilmegine ýardam edýär. Estetiki duýgy köp zatlary

sözsüz aňdyrýar. Estetik tagam alyş bu düşünjä biziň dilimizde haýsydyr bir zadyň tagamyny fiziologik almak manysynda düşünilýär. Ol ýa-da beýleki zady öz aýratyn garaýşyň, duýşuň arkaly tapawutlandyrmak, aýratyn duýmak, syzmak, parh goýmak estetiki tagam alşy emele getirýär. Şeýlelikde, her kim öz estetiki tagam alşyna görä gözellik bilen sungat bilen gatnaşyk edýär. Emma öz gözellik küýsegiňe beýleki bir gözellige gapma garşy goýmak seniň islendik zada bolan duýup bilşiň, akyl ýetirşiň, oýlanyş derejäň çäklidigini aňladýar. Estetiki baha bermek diýlende gözelligiň ýa-da sungatyň islendik görnüşüne öz kesgitleýän estetiki bahaňy akyl işledip, delillendirip bilmek göz öňünde tutulýar. Estetiki baha bermek gözelligiň hakyky sypatlaryny, kanunlaryny bilmekligi bu bilimiňi anyk düşünjeli ulanyp bilmegi aňladýar. Islendik zada baha berlende, onuň belli bir tarapyna däl – de tutuşlygyna baha bermelidir. Şeýlelikde, adamyň arzuwynyň, küýseýän zadynyň aňrybaşy bolýar. Işinde-durmuşynda onuň ymtylýan maksady bolýar. Ýa-da şol küýselýän zatlar hakyndaky düşünjelerinden ideal hasyl bolýar. Şoňa-da estetiki ideal diýilýär. Duýgynyň, tagam alşyň, baha berşiň, idealyň aýratyn görnüşine estetiklik diýilýär. Iň giň düşünje hökmünde muňa gözellik, bedroýlyk, belentlik-peslik, tragikilik-komikilik girýär.

Durmuşda we sungatda gözellik problemasy ýörgünli meseleleriň biri bolup, ol köp zamanlardan

bäri filosoflar we aýry-aýry edebiýat alymlary, teoretikleri tarapyndan işlenilip geldi we işlenilmegini dowam etdirýär. Bu meselä fransuz materialistleriniň işlerinde köp üns berilýär. Ol nemes idealistik filosofiýasynyň wekilleri bolan Kant hem-de Gegeliň döredijiliginde ep-esli orun tutýar. Marks we Engels öz işlerinde köp ýerlerde bu meseläniň üstünde durup geçýärler. Rus materialistleri, alymlary, rewolýusion demokratlar Belinskiý, Çernyşewskiý, Dobrolýubow bu mesele bilen çuňňur gyzygypdyrlar. Ylaýta-da Çernyşewskiý özüniň dissertasiýasyny şu meselä bagyşlap, estetikanyň problemalary barada ölmez-ýitmez iş döredýär. Çernyşewskiniň gözellik problemasynyň meselelerini çözüşi ähli özünden soňkulara görelde bolup galýar. Bu mesele Plehanowyň hem döredijiliginde saldamly orun eýeleýär. L.N.Tolstoý hem bu mesele bilen ýakyndan gyzyklanypdyr. Häzirki zaman sowet alymlary Burow, Wanslow, Şişkin ýaly awtorlar bu meselä bagyşlap düýpli işler döretdiler. Gündogar edebiýatynyň beýik wekilleri bolan Omar Haýýam, Nowaýy, Fuzuly ýaly şahyrlar bu mesele barada ýörite iş döretmedik bolsalar-da, olar özleriniň döredijilikleriniň köp ýerlerinde bu problemanyň üstünde durup geçýärler, çeper edebiýatda we sungatyň beýleki eserlerinde onuň ähmiýetini, tutýan ornuny we ýerine ýetirýän roluny nygtap geçýärler. Türkmen edebiýat ylmynda hem filosofiýasynda bu problema diňe sowet

döwründe, ol hem soňky ýyllarda işlenilip başlandy we alymlar tarapyndan belli bir işler edildi.

Estetikanyň problemalarynyň üstünde işlän awtorlaryň bir topary „gözellik“ diýen düşünjäniň durmuşda we sungatda aýdyň bolmadyk, umumy we abstrakt bir düşünjedigini aýdýarlar. Meselem L.Tolstoý gözellik diýen düşünjäni sungatyň sferasyndan, gatanjyndan çykaryp, sebäbi munuň özi bir umumy, abstrakt zat, ol, ýagny gözellik her bir awtoryň öz idealyna bagly bolup, her kimde şoňa laýyk bir forma alýar, ýa-da her kimiň öz sulhuna bagly, her kim öz sulhy bilen kesgitlenýän bir düşünje bolup, şoňa laýyklykda hem her kimde bir şekili özüne kabul edýär. Şuňa görä-de „gözellik“ diýen düşünjän sungata ýakynlaşdyrmaly däl diýip tassyklaýarlar. Predmetleriň, ylaýta-da sungat eseriniň we çeper eseriň derejesini kesgitlemek, ölçemek gaty kyn we hatda mümkin däl ýaly bolup hem görünýär. Şeýle-de bolsa gözelligi biz sungatdan aýryp bilmeris. Gözelligi sungatdan aýyrmak diýmek, sungaty ýok etmek diýmekdir. L.Tolstoýyň ýokarky ýagdaýyna jogap berip, A.Burow gözelligi sungatdan aýyrmak, diýmek-bişen kerpiçden salnan ymaratdan şol kerpiçleri ýeke-ýekeden aýryp zyňmak diýmekdir diýýär.

Biz durmuşda bir owadan zady görenimizde, ýa-da bir gözel sungat eserine tomaşa edenimizde, ýa-da bir örän çeper ýazylan edebi eseri okanymyzda bir ajaýyp halata düşýäris, ruhumyz göterilýär, haýran galýarys, bizde mukallama, şatlyk döreýär, hemme

zatlar şunuň ýaly bolsady diýýäris. Biz ony gowy görýäris, söýýäris. Bizde belent duýgy emele gelýär. Owadan zady görenimizde, gözel sungat eserine tomaşa edenimizde ýa-da çeper ýazylan edebi eseri okanymyzda bizde emele gelýän ruhy halata, döreýän duýga-estetiki duýgy diýilýär. Şu estetiki duýgyny bizde döreden zatlara bolsa – gözel ýa-da gözellik diýilýär.

Şeýlelik bilen adamda belli ruhy halat emele getirýän we adama täsir edip bilýän zatlaryň özi anyk we konkret bir zatlar bolmaly bolsa-da, muny saýgarmak we kesgitlemek gaty kyn bolup, ol umumy we abstrakt zatlar ýaly bolup görünýär. Muny saýgarmak, anyklamak çeper eserde has hem köp bolýar. Çeper eserde gözellik nireden başlanýar we nirede gutarýar? Nämeden başlanýar we name bilen gutarýar? Muňa belli bir çäk, anyk bir serhet, konkret bir diwar goýup bolanok. Käbirleri sungat eserinde gözellik diňe forma degişli diýen umumy sözler bilen çäklenýärler. Emma mazmun bilen formanyň çägini bellemek, olaryň serhedini kesgitlemek, tapawutlaryny anyklamak, formanyň nireden we nämeden başlap, nirede we nämede gutarýandygyny görkezmek hem şeýle bir aňsat zat däldir.

Estetiki duýgy döretmek ukyby bolan zatlaryň umumy, abstrakt bolup görünmeginiň we gözellik hakyndaky düşünjäniň umumy bir düşünje ýaly bolup görünmeginiň öz sebäpleri bardyr.Onuň birinji sebäbi bu mesele jemgyýetçilik hadysalaryna geçende ol

hakdaky garaýyşlar synpy häsiýete eýe bolup, bir synp üçin gözel bolan zat başga synp üçin pis bolup durýar.

Zatlaryň, predmetleriň estetiki häsiýetini kesgitlemekde adamlaryň sulhunyň dürli-dürli bolmagy hem güýçli täsir edýär. Hatda şu barada türkmen halkynyň arasynda giňden meşhur bolan “Kim gaýkyny söýer, kim küýküni” diýen nakyly aýtmaklyk hem artykmaçlyk etse gerek. Adamlaryň sulhy olaryň ýaşyna, bilim derejesine, tejribesine, gaýry taraplaryna, şeýle hem köplenç we esasan tebigatyna garap dürli-dürli bolýar. Käbirleri üçin uzyn boýly aýallar gözel görünse, başga bir topary üçin orta boýly gelinler hoş ýaraýar. Bir näçe adamlar etli-ganly aýallary gowy görýärler. Emma adamlaryň başga bir topary bolsa inçemigräk ýa-da ortaça aýallary gözel hasap edýär. Şeýlelikde predmetiň, zatlaryň we ş.m. gözellik derejesini kesgitlemekde adamlaryň sulhy hem düýpli kriterlerden biri bolup durýar.

Käbir adamlaryň ýa-da adamlaryň käbir toparlarynyň belli sebäplere görä, medeniýetiniň pes bolmagy zerarly estetiki baha bermek ukybynyň bolmazlygy adamlaryň sulh we tebigat aýratynlygyna dahylly däldir. Magtymguly çopanlary bilim we medeniýet taýdan pes adamlar hasap edipdir. Munuň elbetde, özboluşly ýeterlik sebäbi hem bolupdyr. Çopanlar Magtymgulynyň döwründe sowatsyz bolmaklaryndan başga-da, jemgyýetden uzakda, çetde, mal-garanyň arasynda ýaşap, medeniýetden kenarda,

takmynan hereketsiz dünýäde ýaşapdyrlar. Şuňa görä-de, ýagşy-ýaman hakykatda olarda düşünje ýeterlik formalaşmandyr. Şunuň üçin Magtymguly: „Bir çopan eline düşse bir almaz. Çakmak daşdan tapawudyn näbilsin“ ýa-da: „Çakmaga, päkä bir gadryny bilmez. Biçäre çopanlar ýakut-lagyl tapsa“ diýip, adamlaryň bu toparynda hiç hili estetiki baha kesmek ukybyň we gözellik duýgusynyň bolmanlygyny görkezýär.

Predmetiň, hadysalaryň, düşünjeleriň estetiki hilini kesgitlemegiň kynlygynyň ýene bir sebäbi-de biziň bu ýerde hil bilen iş salyşýanlygymyzdan ybaratdyr. Hili aňlatmakda adamzadyň dilindäki söz zaposi we gaýry dil mümkinçilikleri ýetmezçilik edýär. Ak bilen agyň arasynda tapawut köp. Özüniň derejesi boýunça dürli-dürli ak reňk bar, ýüzüň aklygy, kagyzyň aklygy, süýdüň aklygy, garyň aklygy, matanyň aklygy, syrçanyň aklygy, balygyň aklygy we ş.m. Şularyň hemmesi öz aklyk derejesi boýunça biri-birinden tapawutlanýandygyna garamazdan dilde bir söz bilen „ak“ diýen söz bilen aňladylýar. Bu ýagdaý adamyň içki ruhy halatyny aňladýan „gam, hasrat, puşeýman, ökünç ýaly halatlara hem degişlidir. Bu ýagdaý ýgşylyk we ýamanlyk derejelerine, peýdaly we zyýanlyk derejelerine, şonuň bilen birlikde gözellik we owadanlyk derejelerine has-da degişlidir. Gözel zat bilen gözel zadyň arasynda tapawut bar. Açylyp oturan gül, ýaldyrap duran altyn çyrasy, lowurdap duran almaz dänesi, ýaş agajyň ýaşyl, ter ýapragy şularyň hemmesi gözeldir. Ýöne her biriniň özüne has

bolan owadanlygy bardyr. Her biriniň owadanlyk derejesi bardyr. Dil olaryň her biriniň özüne mahsus bolan owadanlyk derejesini beýan edip bilmeýär, aňladyp bilmeýär. Olaryň her birindäki gözellik derejesini owadanlyk häsiýeti ýüze çykaryp bilmän, hemmesini bir söz bilen „gözel“ diýen söz bilen häsiýetlendirýär. Bu ýagdaý bolsa predmetiň häsiýetiniň anyklykdan abstraktlyga öwrülmegine sebäp bolýar.

Şu meselä çemeleşenimizde, bir ýene bir zady göz öňünde tutmalydyrys. Predmetleriň we zatlaryň gözellik taýdan durnuklydygy hem deň däldir. Käbir predmetlerden we zatlardan gözelligi aýyrmak bolýar. Başgaça aýdanyňda, owadanlyk, gözellik, başga bir zadyň üstünde gözel däl zadyň üstünde ýaşap, ol owadan däl zada gözellik berýär. Bu ýagdaýda predmetiň jöwherinde owadanlyk bolman, owadanlyk oňa daşdan siňdirilendir. Bu ýerde predmetiň owadanlygy durnuksyzdyr, ýagny ony ondan gaýtaryp almak şeýlelik bilen-de owadan zady gelşiksiz zada öwürmek mümkindir. Adamyň eli degmek, akyly, zehini, sungaty, hünäri siňmek bilen owadan edilen zatlaryň hemmesi şu topara girýändir.

Ýöne gözel zat emele getirlenden soň, ol hakdaky düşünje nesilden-nesle geçip, baky galýar. Gözel sungat eseri taryhylyk häsiýete geçýär. Emma gözellik düşünjesi bolsa özüniň ösüşini birsyhly dowam etdirip, täzelenip, baýlaşyp gidip durýar.

Başga bir predmetler we zatlar özleriniň jöwheri, we aslyýyeti boýunça owadandyr. Olaryň owadanlygy başga bir predmetiň üstünde ýaşamaýar, şeýle hem ol daşdan getirilip siňdirilen däldir. Bularyň gözelligi durnukly, hemişelik we bakydyr. Altyn, almaz, ýakut we başgalar. Bular köplenç tebigat zatlaryna degişli bolýar.

K.Marks bir ýerde gyzyl-kümüş bilen bagly birnäçe ýagdaýy belläp geçýär. Birinjiden, gyzylyň we kümüşiň estetiki ähmiýeti onuň baýlyk döredýäni kesgitlenýär. Adamlar özleriniň täryhynyň belli bir döwürlerinde gyzyl-kümüşe puluň häsiýetini girizip, bu metallary beýleki predmetleriň bahasyny ölçeýän ölçeg birligi hökmünde ulanyp başlaýandyrlar. Şonluk bilen-de olara baýlyk mazmunyny girizipdirler. Baýlyk mazmunynyň girmegi bilen olara gözellik häsiýeti hem bile girýär.

Gyzyl-kümüşiň pul ýasamak predmeti bolup hzymat etmeginiň birnäçe sebäpleri bolupdyr. Birinjiden, metallar gadymy döwürlerde adamlaryň el zähmeti bilen iş salyşýan döwürlerinde önümçilige ýaramandyrlar. Olar özleriniň häsiýetleri boýunça gaty ýumşak bolup, olardan azal, gylyç, pyçak, palta ýaly gurallar ýasalmandyr. Ondan geçende bu metallar tebigatda gaty az bolup, önümçilik gurallaryny ýasamak üçin ýeterlik derejede adamlaryň el ýeterinde bolmandyr. Emma munuň birinji häsiýeti, ýagny ýumşaklygy ondan pul ýasamak üçin amatly şert döredýär. Üçünjiden, bular poslamaýarlar, nury,

şöhläni we daşky ş.m. zatlary özlerinde şöhlelendirýärler. Gyzylyň reňkiniň gyzyl hem ýalpyldawuk bolmagy ondaky baýlyk häsiýetinden başgada estetiki duýgy döredýän we oňa gözellik häsiýetini berýän esasy tarplaryň biridir. Şeýlelik bilen, eger bir tarapdan adamlar bu metallara baýlyk mazmuny girizmek bilen oňa gözellik häsiýetini beren bolsalar, ikinji tarapdan onuň öz tebigatynda-da adamda estetiki duýgy oýarýan we şonuň bilen-de gözellik derejesine eýe bolýan hiller bardyr.

Şu ýerde käbir filosoflaryň altyn-kümüşiň funksiýasy hakyndaky pikirini beýan etmegi zerur hasap edýäris: gymmat baha zatlaryň gönüden-göni özüne has bolan formasy bilen bir hatarda onuň estetiki formasy-altyn-kümüş harytlaryny ele geçirmek duýgusy ösüp başlaýar. Soňkusy buržuaz jemgyýetiniň baýlygynyň ösmegi bilen birlikde ösýär- „baý bolalyň ýa-da bolan ýaly görneliň“. Şeýlelikde bir tarapdan, barha we barha giňelýän bazar altyn we kümüş üçin emele gelýär, başga bir tarapdan, - jemgyýetiň gowgaly günlerinde has-da intensiw funksionirleşýän pul hökmünde hödürlemegiň gizlin çeşmesi emele gelýär. . . Umuman, metallaryň beýik ähmiýeti gös-göni önmçilik prosesi içinde olaryň önümçilik guraly funksiasy bilen baglydyr. Altyn-kümüşiň köp bolmagyna garamazdan, demir bilen hat-da mis bilen deňeşdireniňde olaryň has ýumşak bolmagy (Gadymy adamlaryň ulanyşy ýaly has gyzardylan görnüşi göz öňünde tutulýar) olary şeýle

işlerde ulanmaga ukypsyz edýär we şonuň üçin olary ep-esli derejede metallaryň potrebitel bahasyna degişli bolan häsiýetden mahrum edýär. Gös-göni önümçilik prosesinde olaryň peýdasy boldugyça, şonçada olar ýaşamak serişdesi hökmünde, hajat harydy zerur däl bolup durýarlar. Şonuň üçin hem olaryň her bir mukdary göös-göni önümçilik we ulanma prosesine zyýan bermezden, jeçgyýetçilik dolanyşyk prosesine girişip bilerler. Olaryň indiwidual ulanma bahasy olaryň ykdysady wezipesi bilen konfilikte girişmeýärler. Başga bir tarapdan altyn, kümüş diňe bir otrisatel manyda artykmaç zat däl. Ýagny olarsyz hem oňmak mümkin-ýöne olaryň estetiki aýratynlyklary olary bezegiň we owadanlygyň hazynanyň, ýaldyrawyklygyň, baýramçylykda ulanylýan zatlaryň tebigy materialy edip goýýar, bir söz bilen aýdanymda artykmaçlygyň položitel formasyny we baýlygyň tebigy materialy edip goýýar. Belli bir derejede olar ýerasty äleminden çykarylan özboluşly yşykdyr, sebäbi kümüş ähli yşyk şöhlelerini ilki kaklyşykda, altyn bolsa reňki gaýtalaýar.

Klassik edebiýatda ylaýta-da liriki eserlerde aýal görki gaty köp waasp edilipdir. Aýal bütewiliginde awtorlar ilki bilen, hatda, takmynan hemişe onuň saçyny, ýüzüni, gaşyny, gözüni, kirpiklerini, ýaňaklaryny, agzyny, dodaklaryny, dişlerini, boýuny, ýumry göwüslerini taryplapdyrlar, kähalatlarda eňeklerini hem wasp edipdirler, şonda olar aýallaryň şu taraplaryny dür, göwher, altyn,

ýakut, gül, gunça, aý, gün, serwi, bal, aby-haýat ýaly iň gymmat zatlar bilen deňeşdiripdirler. Aýaly has-da ylahylaşdyrmak üçin hyýallarynda peri-obrazyny döredip, ony şol perilere meňzedipdirler. Awtorlar şeýle aýal görküni ylahylaşdyrmak bilen näme isläpdirler? Köp adamlar bu eserleri okan mahallarynda awtorlaryň esasy maksatlaryna akyl ýetirip bilmeýärler. Ol bir awtor tarapyndan aňsyz, düşünjesiz, özakymyna döredilen zatlar diýip düşünýärler. Asla beýle däl, şularyň hemmesi aňly-düşünjeli döredilen zatlardyr. Olar türkmen aýalyny bir perişde ýaly päkize we peri ýaly owadan, görkli görmek isläpdirler, olar üçin şu gözellik nusgalaryny ýaradypdyrlar.

Ikinji tarapdan, awtorlar näme üçin ýokarda görkezilen taraplary wasp edipdirler-de, aýallaryň başga taraplaryny, meselem burnuny ýa-da gulaklaryny wasp etmändirler.

Diri organizm hemişe daşky dünýä bilen çaknyşykda we ondan ýa-ha otrisatel ýa-da položitel täsirlenmekdedir. Položitel täsirlenmekde hözir we begenç, otrisatel täsirlenmekde ynjamak we gaýgy-gam bardyr. Janly organizm bar ýerinde duýgy bardyr ýa-da syzmak bardyr. Duýmak we syzmak bar ýerinde begenç ýa-da hasrat, ýa-da şu halatlaryň başlangyçlary bardyr. Meselem, ýakymly ysly bir gül bilen adamyň duýgy organlaryndan bolan burun çaknyşanda adam ondan ýakymly täsirlenýär-de hezil edinýär.Tämiz şemal adamyň bütin göwresini sypap geçen

mahalynda ynsan täze dünýä gelen ýaly bolýar. Her bir diri organizm, diri organizmler içinde iň kämili bolan adam we onuň bütin göwresi hözirlenmägede, ynjamagada ukyplydyr. Şeýle ukyp onuň öz tebigatynda bar, dirilik diýilýän zadyň özi şeýle ukypsyz mümkin däldir. Şonuň bilen birlikde adam hözirlenmäge hemişe mätäçdir we ynjamakdan mydama gaça durýandyr. Hözirlenmek adamyň taraplaryndan biridir. Aýal görkünde wasp edilen taraplar adamyň, ýagny erkek adamyň aýaldan talap edýän talaplarydyr, şo taraplar bilen çaknaşanda has-da hözirlenýän taraplarydyr. Adama hözir berýän zatlar bolsa gözellik mertebesine eýedir. Ikinji tarapdan, şerg tarapyndan ýa-da ynsanyň özünde kabul edip alan dessurlary boýunça şol taraplara degmek, dokunmak, kaklyşmak gadagan edilendir.Bu ýagdaý ol gözellikler her näçe köp-de bolsa, olary az zada öwürýärler. Şu ýerden bolsa olaryň gözelligi we gymmaty has-da artýar.

Ine, şu ýagdaýlara görä şahyrlar olaryň ellerinden şerap içmäge, dodaklarynyň ballaryndan sormaga, olar bilen gol tutuşyp, baglarda gezmäge, olaryň süýji-süýji sözlerini diňlemäge, şolar bilen bir bolmaklyga, şolardan aýrylmazlyga, umuman, şolara etmeklige ymtylýarlar. Gözellik hözir çeşmesi bolany üçin olary özüne dartýar. Şular bilen birlikde hözириň has doly bolmagy üçin olar öz eserlerinde şol gözelligi ýene-de kämilleşdirmäge jan edýärler, gözelligiň öýkünme nusgasyny ýaradýarlar, galany-da bolsa

aýallaryň öz elinde, aýalyň gymmaty we mertebesi öz elinde.

A.I.Burow özüniň „Естетическая сущность искуства“ diýen kitabynda edebiýat we sungat eserlerinde estetika we gözellik meselesini diňe eserleriň forma tarapyna syrykdyrýar. Sungatda diňe obraz, formanyň ähmiýeti bardyr. Sungat estetikasy diňe şuňa syrykýandyr. Mazmun estetikadan daşardadyr ýa-da obraz formasynda çykyş edip bilen derejesinde baglydyr. Bu ýagdaýy özgertmeýär. Sebäbi diňe forma aktiw estetiki başlangyç hökmünde çykyş edýär. Başgaça aýtsak, mazmun çeperçilik hataryna girmeýär. „Sungatda çeperçilik diýilýän zat beýan etmek, ýüze çykarmak tärine, ýagny forma degişlidir“ diýip, A.I.Burow özüniň ýokarky kitabynda (30sah) belläp geçýär. Munuň özi dogrudyr. Ýazyjynyň, şahyryň, sungat ussadynyň döredijiligindäki sungata has bolan owadanlyk we gözellik onuň hünäriniň, ussatlygynyň önümidir. Durmuş hakykaty ýazyjylar, şahyrlar, hudožnikler we gaýrylar üçin bir deň durmuş hakykatydyr. Ýazyjylar, şahyrlar, hudožnikler haçan-da şol durmuş hakykatlaryna özleriçe, orginal gözellik mazmuny birigip bilen mahallarynda şol durmuş hakykatlar ondan owadan bir zat, hemmeleriň makullamasyny, tassyklamasyny gazanan sypaýy bir zat ýasap, döredip bilen mahallarynda sungat eserini döredýärler. Sungat eseri diňe şeýle bolan mahalynda adamlara täsir edip bilmek ukybyna eýe bolup bilýär.

Fransuz materialistleri, ylaýta-da Didro durmuşda iki hili gözelligi öňe sürüpdirler. Olaryň pikiri boýunça ýaşaýyşda iki hili gözellik we owdanlyk bar. Birinjisi obýektiw gözellik, ikinjisi bolsa otnositel gözellik. Obýektiw gözellik teoriýasy boýunça durmuşda we tebigatda gözel zatlaryň özi obýektiw suratda bar. Adamlaryň olary nähili kabul edip almaklaryna garamazdan, olaryň özleri owadandyrlar. Bu ýagdaýda owadanlyk şol zatlaryň öz içki gurluşlaryna we onuň jisim we agzalarynyň biri-birine bolan gatnaşygyna hem-de şol predmetiň beýleki predmetleriň arasynda tutýan orny syrykdyrylýar. Otnositel gözellikde bolsa subýekiti obýektiw gözelligi kabul edip alyş derejesidir. L.N.Tolstoý bolsa bu mesele baradaky garaýşyny „Saýlanan eserleriniň“ 30-njy tomunda: „Subýektiw manysynda gözellik diýip bir özümizde belli bir jynsdan, belli bir hilden, topardan bolan hezilligi döredýän, emele getirýän zatlara diýýäris. Obýektiw manysynda bolsa gözel diýip biz iň kämilleşen zada aýdýarys. Ony şol görnüşinde biz tassyklaýarys, sebäbi biz onuň ýüze çykyşynda lezzetiň bir formasyny alýarys. Şeýlelikde, gözelligiň özi obýektiw manysynda başga hiliräk sözler bilen beýan edilen subýektiw gözellikdir. Hakykatda bolsa gözelligi, ol manyda ýa bu manyda düşünmegiň her ikiside biziň predmetden alan belli bir lezzetimize syrygýar. Biziň gözel diýýän zadymyz bizde nebsimizi örüzmezden bize ýaraýan zatlardyr“ diýýär (58 sah).

A.I.Burow bu meselä: -hakykat, ýagşylyk, gözellik-bular doly suratda adamaçylyk hadysalardyr. Adamsyz hakykat-da, azaşmak-da, gözellik-de ýok. Sebäbi düşünje ýok. Düşünje ýok ýerinde bolsa, ruh ýok ýerinde bolsa gözellikde ýokdur. Çünki ýalňyz ruh gözellik diýen düşünjäni göterijidir diýen ýagdaýlardan ugur alyp çemeleşýär. Käbirleri adamyň öz tebigatynda reňkden lezzet almak häsiýeti bar diýýär. Plehanow bolsa, adamyň özünde gözel zatlardan lezzet almak ukyby bar diýip görkezýär. Bu kesgitlemeler elbetde, dogrudyr. Ýöne şol ukyplary admyň ýalňyz tebigaty bilen düşündirmekde käbir gapma-garşylyklara duş gelinýän mahallary-da boljak ýaly görünýär. Meslem, adam gara reňkden lezzet almaýar, gaýtam ondan tesýär we onuň aňynda gara reňk gadymy zamanlardan bäri erbetligiň we gorkynyň simwoly bolup galypdyr. Munuň tersine ak reňk bolsa ýagtylygyň, ýagşylygyň obrazy, eýgiligiň alamaty bolup galypdyr. Bu zatlar elbetde sebäpsiz däldir. Gadymy adam garaňkylykdan gaty gorkupdyr, ony elmydama bir ýowuz zatlar bilen arwah, jyn, galtaman, adam öldüriji ogrular bilen baglaşdyrypdyr. Onuň aňynda garaňkylygyň gorkulyk simwolynyň bolup gelmegi şu ýerdendir. Ikinjiden, adam garaňkylykda zat saýgaryp bilmän, işläp, hereket edip, ýaşap bilmändir. Garaňkylyk şu ýerden hem onuň aňynda ýigrenji obrazlar bolup galypdyr. Gara reňkiň ýigrenilmegi bolsa gös-göni garaňkylyk bilen baglydyr. Ak reňkiň adamyň köňlüne ýakyn bolmagy-

da yşyk, ýagtylyk bilen baglydyr. Ýaşyl reňk sagdynlygyň, baharyň we ýaşaýşyň simwolydyr. Şonuň üçin hem adamlar ony hemişe söýüpdirler. Sebäbi ýaşyl ýapraklarda sarynyň tersine dirilik bardyr. Gyzyl reňki köne döwürde aýal-gyzlary gaty söýüpdirler. Munuň sebäbi gyzyk reňkli köýnekler olaryň ýüzleriniň al reňklerini has doly çykarypdyr we olara ýaşlyk sypatyna goşupdyr. Şeýlelikde adamyň tebigatynda gözel zatdan lezzetlenmek ukybynyň bolmaklygynyň özi obýektiw sebäpler bilen düşündirilýär. Adamda laýdan, gumdan hözirlenmek ukyby ýok, sebäbi şol nesneleriň özi adamyň ýaşaýşyna bir zat goşmaýarlar.

Ýaşaýyşda birgiden gymmat bahaly gözel zatlar we nesneler bar. Meselem, altyn, kümüş, ýakut, lagyl, merwerit, dür, göwher we şuňa meňzeş zatlar. Adamyň şol zatlardan gören badyna lezzetlenmegi hiç-de araçylyksyz däldir. Ol lezzetlenme formal taýdan araçylyksyz ýaly bolup görünse-de obýekt bilen subýektiň arasynda bir araçy bardyr. Sagdy hekaýatlarynyň birinde öz başyndan geçiren bir ýagdaýy suratlandyrýar. Ol şeýle diýýär: Bir çöl-beýewanda aç, suwsuz soňky güýçlerimi ýygnap zordan ýöräp barýardym, ýanymdaky azyk, suw zapaslarym hem gutaryp, janymdan umydym kesipdim. Birden ýol üstünde ýumrulyp ýatan, içi doly haltany gördüm. Şeýle bir begendim, şatlygymdan ganat baglap uçaýjak boldum. Haltanyň agzyny açdym, görsem haltanyň içi merwerit bilen doly. Şeýle

bir içim ýandy, şeýle bir umytdan düşdüm, hatda janymdan el çekdim. Gymmat baha zatlardan estetiki lezzetlenmek adamyň garny dok bolandan soň başlanýar.Gymmatbaha zatlaryň estetiki ähmiýeti araçy sebäbiň güýji bilendir.Şol araçy sebäp ýok bolup aýrylandan soňra ol özüniň estetiki hilini-de ýitirer.Merwerit gaty gymmat bahaly nesne, ýönekeý ýerde bolsy Sagdy ony gözüne sürme ederdi. Emma adam açlykdan öljek bolup duran mahalynda merwerit däl-de nan gerek bolup duran mahalynda merweridiň estetiki hili ikinji plana geçýär.Diýmek, adamlarda gymmat bahaly estetiki hilli nesnelerden lezzetlenmek ukybyny oýarmak we ösdürmek üçin ilki bilen olary açlykdan çykarmaly.

Magtymgulynyň aşakdaky setirleri hem kem ähmiýetli sözler däldir:

Bir çopan eline düşse bir almaz,
Çakmak daşdan tapawudyn nä bilsin.
Çakmaga, päkä bir, gadryny bilmez,
Biçäre çopanlar ýakut, lagl tapsa.

Diýmek, estetiki hilden has doly hözirlenmegi üçin adamyň aň-düşünjesini ösdürmeli, oňa ylym, medeniýet, terbiýe bermeli.

N.G.Çernyşewskiý gözelligiň bir häsiýetini kesgitläp: „Biz gözelligi päk ýürek bilen söýýäris, bize eziz bolan bir adama begenişimiz ýaly oňa şatlanýarys we ony söýýäris“ diýýär. Soňra Çernyşewskiý sözüni dowam edip: „Ähli eziz bolan zatlaryň içinde adama

iň umumy bolan we dünýäde iň eziz bolan-ýaşaýyşdyr, birinji nobatda onuň öz köňlüniň isleýşi ýaly bolan ýaşaýyş, onuň öz söýýän ýaşaýyş täri, mundan geçende her bir ýaşaýyş, sebäbi nähili-de bolsa ýaşamak ýaşamazlykdan gowudyr: ähli diri barlyklar öz tebigatlary boýunça ölümden, ýoklukdan gorkýarlar we ýaşamagy söýýärler. Şeýlelik bilen kesgitleme şeýle bolup durýar: „Gözel-bu ýaşaýyşdyr“. Biziň düşünjämize laýyk bolan ýaşaýyşy, özünde barlygy göteren predmet, ine şol predmet gözeldir. Özünde ýaşaýyş we ýaşaýyş mazmuny bolan we ýaşaýyş hakynda ýatladýan we duýgy oýarýan predmet, ine şol predmet gözeldir. Soňra N.G.Çernyşewskiý sözüni dowam etdirip şeýle diýýär: „Diňe bir gözel suratlandyrylýan zatlar hakynda däl-de, eýsem öz ähmiýeti boýunça gözel bolan zatlar hakynda men söýleýärin. Men gözel predmetler, gözel hadysalar hakynda gürrüň edýärin, olaryň sungat eserinde gözel suratlandyryşy barada gürrüň edemok. Çeper eser öz çeperçilik belentligi bilen, estetiki hezil oýarmak bilen suratlandyrylan zat barada tukatlyk, hatda ýigrenç-de oýaryp bilerler“. ( „Saýlanan eserler“ 1950,409 sah )Alymyň pikiri boýunça ideal, ýagny gözel durmuş hakyndaky düşünje hem şu problema girýär. Çernişewskiniň ýokarky kesgitlemesinde birinji göze ilýän zat,ol-da bolsa onuň öz islegine laýyk bolan durmuşy,ýagny adamyň islegine laýyk bolan ýaşaýşy gözel diýip kesgitlemegidir.

Mundan başga-da ösen jemgyýetinde önümçilik prosesi bütinleý maşynlaşar we şu gün adamlaryň el bilen ýerine ýetirýän bir topar agyr zähmetlerini tehnika ýerine ýetirer. Munuň özi önümçiligiň mukdarynyň köpelmegniň we hiliniň ýagşylaşmagnyň hasabyna amala aşar. Önümçilik prosesiniň maşynlaşmagy bolsa adamlaryň gaýry zatlar üçin mümkinçiliklerini güýçlendirer. Şular bilen birlikde adamlaryň medeni we gündelik durmuşy görlüp-eşdilmedik derejede ýagşylaşar we gözelleşer. Adamlar ruhy taýdan düýüpgöter tapawutlanyp, aň-bilim we medeniýet taýdan dünýä-de iň öňde baryjy, iň kämil, şonuň bilen-de iň gözel adam bolarlar.

Gözellik düşünjesi, gözel zatlar we hadysalar adamlara we olaryň köňlüne has ýakyndyrlar. Olar adamlarda şatlyk, päkizelik, arassalyk, ýakymly duýgulary oýarýarlar we terbiýeleýärler, adamlaryň durmuşyny sapaly edýärler we olarda durmuşda gözellige tarap hemişe ymtylmak idealaryny we duýgylaryny terbiýeleýärler.

Gözellik diýilýän zadyň özi ýagşylyk, belentlik peýdalylyk ýaly düşünjeler bilen utgaşýandygyny görkezmelidiris: her bir zat gözel bolmak üçin ilki bilen adamda belli bir ýakymda duýgy döretmelidir, belli bir zat bilen, belli bir häsiýeti, aýratynlygy bilen oňa peýdaly bolmalydyr we onda haýsy-da bolsa lezzetiň bir görnüşini oýarmalydyr, Keýpini götermelidir. Şunuň üçin hem adama zyýanly bolan zatlar öz jynslarynda öz häsiýet we mazmuny boýunça

näçe doly we kämil bolsa ol şonçada pis we ýigrenjidir.

Ýokarda ady agzalan eserde şeýle diýilýär: „Meniň pikirmçe gözellik bu jynsdaş idealynyň doly barlyga gelmegidir. Diýmek, gözel bolan barlykda şu jynsdan bolan ähli bar zatlarda hemme bolup biljek gowy zatlar bolmalydyr we gözel predmetde ýok bolan ýagşy zatlar beýleki jynsdaş predmetlerinde tapylmaly däldir“. Dürli-dürli ýurtlarda we halklarda dürli-dürli halylar dokalýar. Emma şol halylaryň hemmesi gözellik hili boýunça deň däldir. Halynyň iň gözel hili halylyk mahyýeti çitiminde-de, reňkinde-de, nagşynda-da, göllerinde-de has dolulygy bilen türkmen halysynda ýüze çykýar.

Çeper edebiýat we sungat eserinde gözellik ilki bilen idea we obraz birligine syrygýar.Gözellik-bu ideanyň we obrazyň birligidir, ideanyň obraz bilen bütinleý ýugrulmagy we birikmegidir, bu aňlatma dogrudan hem düýpli alamat barada umuman gözellik ideasy barada däl-de, eýsem \, sungat eseriniň ussatlygy we çeperçiligi-diýilýän düşünje hakynda gürrüň edýär. Sungat eseri hakykatdan-da haçanda suratkeş öz eserinde islän zatlarynyň hemmesini doly berip bilen mahalynda gözeldir. Hudožnik haçanda öz portretinde suratyny çekýän adamsynyň bütin kämilligi bilen janlandyryp bilen mahalynda onuň eseri gözel bolup biler. Ýöne ýüzi gözel çekmek bilen gözel ýüzi çekmek-bu iki sany düpden tapawutly zatdyr“. Soňra N.G.Çernyşewskiý gözelligi ideanyň

we obrazyň birligi hökmünde kesgitlände, bu kesgitlemede ýagny umumy diri tebigat gözelligini dal-de, eýsem sungat eseri gözelligini göz öňünde tutýan kesgitlemede estetikanyň diri hakykata garanda adat boýunça sungatdakysyny öň hatarda goýmak ugrunyň tohumy ýa netijesi ýüze çykýar diýip görkezýär. Adam gözelligiň kanuny bilen döredýär. Maddy nygmatlary döredýän we ruhy nygmatlary döredýän meselem çeper eseri döredýän ruhy ruhy gözellik we ahlaky gözellik kanuny bilen döredýär.Adamsyz-gözellik diýen mesele ýok. Adam gözelligi döredýär. Çeper döredijilikde bu problemanyň beýleki taraplar bilen birlikde biri birine päsgellik bermegini-de awtor obraz döreden mahalynda göz öňünde tutmalydyr.

## Orta asyr türkmen edebiýatynda estetiki meseleler

Her bir beýik awtoryň mertebesi onuň döredijiligindäki adamzat üçin haýyrly bolan pikirleriň möçberi we hili bilen kesgitlenýär.Şu nukdaýnazardan genial şahyr Alyşir Nowaýynyň döredijilgi pikirleriň magdanydyr. Şahyryň jemgyýet we syýasat hakyndaky pikirleri, filosofiki, ýuridiki ahlaky pikirleri onuň döredijiligini ylmyň we medeniýetiň özmez-ýitmez genji hazynasyna öwürýär.Şu pikirleriň hatarynda onuň estetiki garaýyşlary hem görnükli orun eýeleýär, ol Alyşir Nowaýyny öwrenmek meslelesiniň

aýrylamz problemasy bolup durýar. Biz şu ýerde onuň käbir taraplarynyň üstünde durup geçmekçidiris.

Nowaýy çeper edebiýaty Gündogaryň beýleki klassyklary ýaly „söz“ diýen termin bilen aňladýar. Ol Özüniň köp-köp eserlerinde sözüň adamzat durmuşyndaky ähmiýetiniň üstünde giňden durup geçýär. Şolaryň hemmesiniň düýp mazmuny bolsa sözüň ynsanyň adamçylyk mazmunyny ýokary mertebä galdyrýanlygyna syrygýar.

Kim letefetden (nepislikden) ilge jan bergeý,
Ten era ruhdan nyşan bergeý. (Nowaýy.Eserler,IX tom, 10 sah)

Sözüň adamyň adamçylyk mazmunyny ýokary götermäge ukyply bolmagy üçin ilki bilen onuň mazmunynyň belent bolmagy gerek diýen pikiri Nowaýy öňe sürýär. Şahyr çeper eserde mazmun we formanyň aragatnaşygyny kesgitläp şeýle diýýär: „Sözdäki magny jany durup kim söz galyby ansyz bir jansyz galyp durur“.

Mundan başga mazmun we formanyň gatnaşygynda mazmunyň birinjilik ornuny görkezip, şahyr „Haýratul-ebraryň“ sözbaşynda şeýle diýýär:

Nazmda hem asl aňa magny durur,
Bolsun anyň suraty her neý durur.
Nazm ki magny aňa mergup emes,
Ähli magany gaşyda hup emes.

Manysy:

Şygyrda esaasy zat mazmundyr,
Onuň nähili bentde ýazylandygyna garamazdan.
Mazmuny gowy bolmadyk şygyr,
Düşünjeli adamlaryň nazarynda gowy däldir.

Çeper eserde mazmunyň birinjilik ornuny bellemek bilen birlikde Nowaýy formany äsgermezlik etmeýär. Ol hemme ýerde mazmun bile formanyň birliginiň tarapynda durýar. Biz ilki bilen genial şahyryň diliň pikiri ýüze çykarmagyň serişdesidigine, sözleriň belli bir pikiriň ýüze çykyş formasydygyna doly akyl ýetirip bilendigini belläp geçmelidiris. Şahyr sözi galyp, onuň içindäki pikiri bolsa onuň maňzy, jany hasap edýär. Eger sözüň içinde pikir bolmasa, ol boş galypdyr. Şunuň bilen birlikde şol galyp bolmasa, pikir hem äleme gelip bilmeýär, barlyga geçip, öz täsirini beýnilere ýetirip bilmeýär diýip şahyr dogry belleýär. Nowaýy özüniň „Bähramyň ýedi manzary“ atly eserinde sözüň we formanyň şygyrdaky funksiýasyny görkezip şeýle diýýär:

Ol bir zer nagyşly geýimdir,
Bu geýimiň içindäki mazmun gözeldir
Magny gelin şu geýimsiz çyplak bolup,
Jilwe bilen her ýana özüni görkezip bilmez.
Ol köňül hüjresinde tukat sygyryp,
Özüni şol hüjräniň bir çetinde gizlin saklar.
Ondan iliň asla habary bolmaz,
Şonuň üçin hem ol mazmundan halka haýyr ýokdur.

Emma many gelni söz ýüpek geýmini geýnip,
Görküni bezäp, ten saraýynda,
Bogaz daryşganlygyndan daşary çyksa,
Ol dünýä şeýle bir gowga salar,
Jemagat içinde gopgunlar turuzar.

Ine, şu ýagdaýdan ugur alyp, şahyr hemme ýerde liriki eserde mazmun we formanyň biri-birine laýyk bolmagyny öňe sürýär. Nowaýy „Leýli weMežnun“ poemasynda Nyzamynyň ussatlygyna baha berip şeýle diýýär:

Hem daşynda nakşy-dilkeş etdi,
Hem içlerinde munakgaş etdi.

Nowaýy dil we forma meselesinde birmeňzeşligi,hemme ýerde gaýtalanyp duran ştampçylygy çeperçiligiň kanunlaryny bazýan ýagdaý diýip görkezýär. Şahyr lirikada dürli-dürli öwşün atyp duran dilde, reňbe-reň formada geplemegi lirikanyň esasy şertleriniň biri diýip düşünýär. Munuň üçin ol metaforik dilde, sungat dilinde (sungat-köne terminologiýada figura diýmekdir) geplemegiň tarapynda durýar:

Nazm lybasyn tikiban reňbe reň,
Geýmek üçin ol senemi şuhu-şeň. . .

Ýüzige berip zeýb sungat bile,
Salyp zulfuge tap dykgat bile.(19 sah)

Manysy:

Şygyr geýmini reňbe reň tikmek gerek,
Mazmun gözeline geýdirmek üçin.

Ýüzüňi, ýagny formany sungat bilen bezemeli,
Dykgat bilen zülpüni işip.

Şeýle bir ýagdaýy nazara alsak, Nowaýynyň şu pikiriniň dogrudygyna akyl ýetirip bileris. Lirikanyň baş wezipesi intensiw duýgynyň belli bir derejesini açyp görkezmekdir. Dilde bolsa duýgynyň ähli derejesi üçin bir ýa-da iki söz tapylýar. Meselem, ýüz sany gaýgyly adamyň her haýsynyň güýji boýunça başga-başga derejeli gaýgysy bar. Dilde bolsa şolaryň hemmesi gam ýa-da gaýgy diýen diňe iki sany sözde aňladylýar. Diýmek, ýönekeý dilde lirikanyň esasy mazmuny-adamçylyk ruy, onuň dürli-dürli halatlaryny ýüze çykaryp bolmaýar. Ine, şu ýerde bolsa metafora dili sungat dili, liriki dil hökmünde meýdana çykýar. Nowaýy mazmunyň üýtgäp durup-da, formanyň üýtgemän, birsyhly ştamp hesiýetde dowam edip durmagyna garşy bolupdyr.Onuň pikirçe, mazmunyň özgermegi bilen forma hem özgermeli. Her bir setirde mazmun aýry formada çykyş edip, başgaça öwşün atyp, lowurdap durmaly. Muny gazanmak bolsa diňe sungat we metafora dili bilen mümkin. Beýik şahyryň öz döredijiligi şu prinsipiň durmuşa geçmeginiň ajaýyp nusgasydyr.

Nowaýy „Mahbubul-kulubda“ özünden öňki geçen şahyrlary birnäçe topara bölýär. Şunda ol şahyrlaryň döredijiliginiň diňe mazmunyna esaslanýar. Birinji topara idealistik pelsepäniň esaslaryny şygyrlar bilen beýan eden Jeleleddin Rumy ýaly awtorlar girýär. Şahyr bulary gaty hormatlaýar, emma olar şahyrlar hataryna girmeýär, diýýär. Munuň sebäbi düşnükli. Mamun şygyra has bolman, ýeke formanyň goşgy bilen şahyrlar hataryna geçip bolmaýar. Dünýewi durmuş bilen dini taglymaty öz döredijiliginde gatyşdyran şahyrlary Nowaýy ikinji topara girizýär. Bu toparda Sagdy, Emir Hysrow Dihlewi, Senaýy, Hafyz ýaly awtorlaryň ady bar. Üçünji topara öz döreddijiliklerinde diňe real durmuşy şöhlelendiren Hakany, Selmän Sawajy, Kemal Ysfyhany ýaly şahyrlar girýär. Sözlerinde hakykat, magaryf, süýji labyz, şahyrana yssylyk, köňül ody we şöhle bolmadyk awtorlary-şahyrlaryň iň pes topary hökmünde ol dördünji topara girizýär. Şeýlelikde, bu ýerde-de awtor mazmun we forma birligini öňe sürýär we şu ikisini biri-birine uýgunlaşdyryp bilmeýän awtorlary ol şahyr hasap etmeýär.

Nowaýy çeper sözi nazm (şygyr) we nesr (kyssa) diýen topara bölýär. Şonda şahyr şygryň mertebesi kyssadan zyýadyr diýip tassyklaýar. Ol bu hakda şeýle ýazýar:

Alýan mysallarymyzyň manysy:

Söz hünärini ilki tapyp, oňa at goýanlar

Onuň usulyny iki kysyma böldüler.

Her kim muny bilmek islese,
Onuň biri prozadyr, biri şygyr.

Prozada hem il üçin peýdaly zat bardyr.
Emma şygyrda başga halat bardyr.

Nowaýy „Haýratul-ebrarda“: söz güşeninde şygyr gunçanyň açylmagydyr, proza bolsa şol gunçanyň ömrüni gutaryp ýere saçylmagydyr, diýýär.Şunda şahyr lirikada sözleriň saýlanyp alynýandygyna hem olaryň gurluşynda adamyň köňlüne ýakyn bolan gözellik kanunlaryndan gelip çykýan belli bir tertibiň bardygyna esaslanýar. Nowaýynyň bu pikiri öz zamany üçin dogrudyr. Birinjiden, şol döwürde proza häzirki zaman manysyndaky ýaly kämilleşmändi we çeper esere öwrülmändi. Esasan, prozanyň wezipesi bolan sýužetli eserleri ýazmaklygy hm poeziýa ýerine ýtirýärdi. Prozada bolsa ownuk basnaýalar, kijijik hekaýatlar we ş.m. eserler ýazylýardy. Şunuň üçin hem Nowaýynyň bu pikiri öz zamany üçin dogrudy. Emma häzir proza we poeziýa edebiýatyň deň hukukly žanrlary boldy..

Nowaýy lirikany görnüşlere bölende mesnewiniň mertebesini beýleki formalardan ýokarda goýýar. Ol şeýle diýýär:

Leýken ol barçadan dagy huby,

Bar durur mesnewiniň usluby.

Mesnewi kim burun diýdim any,
Sözde geldi wesyg (giň) meýany

Şahyr mesnewiniň meýdany çäksiz diýýär. Şeýlelikde, lirikanyň görnüşlerine baha bermekde onuň esasy kriterisi mazmun bolup durýar. Mazmuny beýan etmekde, ýa-da köp mazmuny baýan beýan etmekde mesnewi beýleki formalardan ukyply bolany üçin şahyr oňa poeziýada birinji orny berýär.

Nowaýy epiki poeziýa barada üç sany prinsipi öňe sürýär. Birinjiden, işlenýän tema we sýužet täze, işlenmedik tema bolmaly hem halkyň göwnünden turmaly.

Any nazm et ki tarhyň täze bolgaý,
Ulusga meýl biendaza bolgaý.

Ýok erse nazm kylgany halaýyk,
Mükerrer eýlemek senden ne laýyk.

Manysy:

Täze temany şygyrda beýan et.
Halkyň meýli oňa çäksiz bolar ýaly.

Ýogsa özküleriň ýazyp giden zatlaryny
Gaýtalamak saňa ýaraşmaz.

Ikinjiden, epiki poeziýada sýužet örän gyzykly bolmaly, üçünjiden, gyzykly sýužet örän çeper dilde beýan edilmeli diýýär:

Eger çi nazm dilkeş tüşse mesmug,
Anyň efsanasy hem bolsa metbug.

Manysy:
Şygyr gulaga ýakymly bolmaly,
Şonuň bilen birlikde onuň rowaýaty hem süýji
bolmaly.

Temany ýazmaga girişmezden öň, şol tema boýunça köp kitaplary okamagy Nowaýy maslahat berýär. Epiki eserlerde öňe sürýän prinsipial meseleleriniň biri-de, sosial toparlary häsiýetlendirmekde dogruçyl bolmaklykdyr. „Söz era ýalgan kibi ýok napesend“ (çeper sözde ýalançylyk ýaly pis häsiýet ýokdur). Şahyr hut şu prinsipden ugur alyp, özüniň „Perhat we Şirin“ eserinde Hysrow patyşany nädogry häsiýetlendirýäni üçin Nyzamyny we Hysrow Dihlewini berk tankytlap şeýle ýazýar:

Emma gol uzadan bu meýe sary,
Maktawçysy boldy Hysrowyň bary.

Käte öwdi meýlisinde hanlary
Altyn kümüşleri, zer eýwanlary.

Şübhesiz bu lälik padşa bir-de,

Hiç ýerde galmady yşk üçin derde.

Gujagynda Merýem tapynyp mekan,
Sordy dodagyny kä Şekeriň kän.

Şalar ýaly söýdi ol Şirin gyzy,
Ol käte magşugy, käte kenizi.

Çeper edebiýatyň şunuň ýaly nädogrulyga ýüz urmagyna onuň ýokary gatlagyň maktawçysyna öwrülmegine Nowaýy üzül-kesil protest bildirýär. Alyşir Nowaýy genial, akyldar adam bolupdyr. Onuň ajaýyp estetiki pikirleri bar.

Gündogar edebiýatyndaky klassyklaryň estetiki pikirlerini öwrenmek birnäçe jähtden peýdaly we zerurdyr. Birinjiden, ol häzirki wagtdaky estetiki garaýyşlarymyzyň belentlik derejesini kesgitlemek üçin, onuň mazmunyna has çuň akyl ýetirmek üçin gerekdir. Ikinjiden, ony öwrenmek şol döwürdäki estetiki pikirlerimiziň belentlik mertebesini saýgarmak üçin zerur.

Ilki bilen biz edebiýata garamak meselesinde Alyşir Nowaýynyň öz zamandaşlaryndan-da, tä sosialistik edebiýata çenli bolan döwürde özünden soňky şahyrlardan-da has ýokarda durandygyny bellemelidiris. Şunuň üçin genial alymyň estetiki pikirlerinde häzirki zaman estetiki elementlerini görüp bilýäris. Şol elementleriň biri-de onuň çeper edebiýatda dogruçyllyk hakyndaky pikirleridir.

Nowaýynyň pikiri boýunça çeper edebiýatyň material çeşmesi hakykat we durmuş bolmaly, durmuşy we hakykaty bolsa şahyr ýoýman dogry görkezmeli. Ol öz eserleriniň birinde bir ýerde şeýle diýýär:

Nukte (söz, pikir) suw ýaňlyg erutur taşny
Tapsa hakykat otudan çaşny (piston).

Bolsa hakykat güheriden ýyrak
Rişte (ýüp) sözüň sözlemegin ýagşyrak.

Başga bir ýerde bolsa şahyr: edebi eser özüniň çeperçiligi bilen gök güşeninde seýil etmelidir, emma „Abhury çeşmei aýnylýakyn“ bolmalydyr, ýagny onuň suw içýän çeşmesi hakykat, durmuş bolmalydyr. Şunuň bilen birlikde çeper eseriň mazmunyny kesgitlemekde Nowaýy obýektiw hakykat bilen subýekti birleşdirýär.

Köksi hakaýyk dury genjinesi
Köňli magany ýüze aýnasy.

Diýmek bilen, çeper eseriň göwsi hakykatlar dürüniň haznasy we köňli bolsa manylar aýnasynyň ýüzi bolmalydyr diýýär.

Alyşir Nowaýynyň özi şu estetiki prinsiplerini öz eserleriniň käbir ýerlerinde praktiki amala aşyrmaga synanyşypdyr. Durmuşy suratlandyrjak bolmak prinsipi ony tebigy suratda öz zamanlaryny, zalymlaryň çydansyz zulumyny ýazyp görkezmeklige

itekläpdir. Şahyryň şu prinsipi durmuşa geçirjek bolmak hakyndaky synanyşygyny onuň „Hasby-hal“ diýen eserinde görmek bolýar. Ol özüniň bu zulumyny olaryň talaňçy wagşy keşbini örän batyrlyk bilen tankytlaýar:

Hem il menzilin şa ketek dek bozup,
Tawuk ornyga julg (baýguş) olturgyzyp.
Gara pul üçin eýleban gatl fen,
(Gara pul üçin adam öldürmegi hünär edinip)
Ölükden tama eýläp emma kefen.

Alyşir Nowaýynyň şu eserinde durmuşy dogruçyl görkezmeklige hatda taryhylyk prinsipiniň elementleri hem bar. Şahyr belli bir taryhy şertlerdäki we taryhy şahsyň döwründäki anyk ýagdaýy tankytlaýandygyny açykdan-açyk aýdýar. Durmuşy dogruçyl görkezmek prinsipi Nowaýynyň estetikasynda halkylyk prinsipi bilen utgaşýar. Onuň pikiri boýunça çeper söz hökmany suratda ezilýän gatlaklaryň, mazlumlaryň arkasyny tutmagy we eziji toparlar üçin ol ýowuz we gorkunç bolmaly. Ol çeper sözüň bu häsiýeti hakynda bir ýerde şeýle diýýär:

Zulm ara mazlumga halty-aman,
Zalym edip wähm ony gürgen zaman.

Emma, Alyşir Nowaýynyň çeper edebiýatda dogruçyllyk hakyndaky pikirlerinde XIX asyr

realizmiň esasy prinsipleri bolan taryhylyk, tipik häsiýeti tipik ýagdaýda görkezmek, durmuşy bitewiligine giň planda suratlandyrmak, adamlaryň aragatnaşygyny suratlandyrmak we ähli durmuş detallaryny dogry görkezmek ýaly prinsipler ösüp, kemala gelip bilmändir. Galyberse-de, şahyryň özi dogruçyllyk hakyndaky şol çäkli prinsiplerini hem yzygiderli amala aşyryp bilmändir we çeper edebiýatda tutuş bir sistema öwrüp bilmändir. Çeper edebiýatda dogruçyllyk prinsipini durmuşa geçirmek hakyndaky edilen şol ujypsyzja ädimler, patyşalaryň, emeldarlaryň we olaryň ideologlarynyň tankyt edilmegi Nowaýyny agyr zuluma sezewar edipdir diýsek, ýalňyşmarys. Şahyr eger bir ýerde „Kemge berdim bir wepa kim ýüz jepasyn görmedim“ diýse, başga bir ýerde, duşmanlaryň neşderli dilinden ýaňa meniň köňlüm arynyň öýjügine öwrüldi diýýär.

Alyşir Nowaýy çeper edebiýatyň suýektiw tarapyna has hem köp üns berýär we şahyrlaryň biri-birinden tapawudyny we olaryň indiwiduallyk derejesini diňe subýektiw alamatlar bilen kesgitleýär. Ol „Muhakümetül-lugataýn“ atly kitabynyň söz başynda şeýle ýazýar: „Söz dürridür kim anyň derýasy köňüldir we köňül mezheridir kim, jamygy maganiýe jüz we küldur. Andagki, derýadan jöwher gowwas wasitesi bile jilwe nemaýyş kylar we anyň gyýmaty jawahiriçe zahyr bolar. Köňülden dagy söz düri nutk şerefige sahibi ihtisas wasilesi bile guzaryş we araýyş görkezür we anyň gyýmaty hem mertebesi nisbetiçe

bapa intişar we iştihar tapar“. Şahyr özüniň şu sözlerinde: adamyň köňli manylaryň, pikirleriň mekanydyr. Deňizden gowwasyň çykaran dürüniň bahasy hiline görädir. Şunuň ýaly hem çeper sözüň gymmaty, abraýy we şöhraty köňlüň baý we garyplygy bilen ölçelýär diýýär. Başgaça aýdanyňda, söz ussadynyň indiwidual aýratynlygyny we stilini kesgitlemekde ol diňe awtorlaryň subýektiw taraplarynda ugur alýar we bu meselä obýektiw taraplary büs-bütin dahylsyz edip galýar. Munuň özi dogrudyr.Bu meselä degişli işleriň birinde hut şu hakda şeýle diýilýär: „Hakykat hemmä degişlidir, ol diňe meniňki däl, ol hemmäniňkidir, men onuň erkinde, ol meniň erkimde däl. Meniň baýlygym-bu meniň ruhy indiwiduallygymy emele getirýän formadyr. „Stil-bu adamyň özüdir“ diýmek, her bir adamyň aňy, düşünjesi, şonuň bilen-de onuň özi-de durmuşyň şöhlesidir, durmuşyň ýüze çykyşynyň aýratyn bir formasydyr. Her bir formanyň indiwiduallyk derejesi onuň durmuş mazmuny bilen dolulyk derejesine baglydyr. Şol dolulygyň mekanyny Nowaýy köňül diýp görkezýär. Her awtoryň aýratynlygy we şahsyýet derejesi onuň öz köňlüne baglydyr diýýär.

Bir aýna döwüjeginiň çetine gün şöhlesi gytaklaýyn düşende ol al-ýaşyl öwsüp başlaýar. Emma adamzat ruhy sansyz, bihasap reňklerde lowurdamalydyr. Lirikada şunuň düýp maýasyny Nowaýy şahyryň köňül baýlygyna bagly edip goýýar.

Nowaýynyň pikiri boýunça şahyryň şahsyýetiniň we onuň bütin ömrüniň bitewi bolşy ýaly, onuň döredijiligi-de bitewidir, bu bitewiligiň ýüze çykyş formasy onuň diwanydyr.

Defteri nezmige çu şirazadyr,
Gül waragy gülşen era täzedir.
Üzdi çu şirasyny defteri,
Ýel uçurar her waragyň her sary.

Nowaýynyň pikiri boýunça şahyryň bitewiligi hem onuň şahyrana ruhunyň dürli-dürli formalarda lowurdap ýüze çykmagy onuň diňe goşgular ýygyndysynda mälim bolýar. Her bir gülüň güşen içinde öz aýratynlygy we täzeligi bilen öwşün atyşy, şahyryň her bir goşgusy-da onuň diwanynda, beýleki goşgularyň arasynda özüçe öwsüp durmalydyr. Şahyryň goşgusy beýleki eserlerinden üzňelikde ýeliň ugruna ygyp barýan gülüň ýapragy ýalydyr.

Şu ýerde Alyşir Nowaýynyň gözellik hakyndaky garaýyşlarynyň käbir taraplarynyň üstünde durup geçmekçi bolýarys. Ilki bilen biz şol döwürde estetikanyň özüniň ylym hökmünde doly formalaşyp bilmändigini bellemekçi bolýarys. Galyberse-de onuň gözellik hakyndaky bölümi şu günki ýaly jemgyýetçilik we syýasy mazmuna eýe bolup bilmändi. Mundan geçende, şahyryň gözellik hakyndaky pikirlerine geçmezden ozal, W.Belinskiniň gündogarda gözellik we söýgi meselesine nähili düşünilişi hakyndaky käbir pikirleriniň üstünde durup

geçmegi zeuru hasap edýäris. W.Belinskiý öz eserleriniň birinde şeýle ýazýar: „Gündogar-adamzadyň sallançagy, tebigat patyşalygy. Gündogar adamsy tebigatyň ogludyr, ol ýaşlykda onuň gujagynda uzalyp ýatyr we şonuň gujagynda hem gojalyp ölýär. Gündogar öz ýaşaýşynyň esasy kanunyna-haýwançylyga ýakyn bolan tebigylyga häzir hem wepaly bolup galdy. Söýgi Gündogarda özüniň deslapky gelip çykyş momentinde hemişelik galdy. Söýgi ol ýerde elmydama tebigyçylyk we duýgulylyk häsiýetinde bolsa bir jynsyň başga bir jynsa ymtylmasy hökmünde ýüze çykyp geldi we heniz şu tärde ýüze çykmagyny dowam edýär“. Adamlaryň arasyndaky ähli gatnaşyklaryň içinde iň täbigysy erkek adam bilen aýal adamyň arasyndaky gatnaşykdyr. Ýagny erkek adam bilen aýal adamyň jyns gatnaşygy tebigy gatnaşykdyr, olaryň ikisi-de tebigy talaplary boýunça şeýle gatnaşyga mejburdyrlar. Emma bu tebigy gatnaşykda asla ahlaky tarap, adamçylyk we şonuň bilen-de jemgyýetçilik taraplary ýok diýildigi däldir. Ýöne adamzat özüniň deslapky gelip çykyş döwürlerine tarap ýakynlaşdygyça bu gatnaşygyň tebigy tarapy güýçlenýär, tersine häzirki zamana gaýtdygymyzça onuň ahlaky tarapy we aadamçylyk taraplary güýçlenýär. Belinskiý näme diýjek bolýar? Ol Gündogarda görk diýen düşünje bolmandyr, söýgi diýen düşünje olarda hiç haçan iki jynsyň arasyndaky tebigy islegden we tebigy gatnaşykdan ýokary galyp

bilmändir diýjek bolýar. Soňra, Belinskiý söýginiň birinji mazmuny adamzat neslini dowamly etmekden we nesil öndürmekden gelip çykýar.Ýöne, eger-de ol diňe şu wezipe bilen çäklense şondan aňry gitmese, onda adamyň haýwandan tapawudy bolmadygydyr diýýär. Şeýlelikde, bir jynsdan bolan adama şu deslapky söýgi duýgusy bilen ymtylmagy-bu söýgi duýgusynyň diňe bir elementi we birinji momentidir. Bu momentden soň ösüşiň has belent, ruhy we ahlaky momentleri başlanýar. Gündogar diňe şunuň birinji pursatynda galdy. Olarda köp aýallylyk hem şu ýerden gelip çykýar, we perzent meselesini öňe sürmek şu ýerden gelip çykýar diýip ol aýdýar. „Gündogar aýala aýal hökmünde däl-de, heleý hökmünde, gyrnak hökmünde garaýar. Sebäbi erkek adam aýaldan hemişe bagtly söýginiň zeuru şerti bolan garşylykly bir zady gazanýar. Emma gyrnakda bolsa, diňe tabynlyk“. Soňra ol Gresiýada söýginiň has belent momente galandygyny belläp, şeýle ýazýar: „Gresiýada söýgi öz ösüşiniň has belent momentidir. Grek adamsy aýaldaky görke aşyk bolýar, görk bolsa söýgi we isleg döredýär. Şeýlelikde, söýgi we isleg gözelligiň netijesi hökmünde döreýärdi“(Белинский В. Сочинения в одном томе. 400 сах.). W.Belinskiniň şu belläp geçýän ýagdaýlarynda dogry taraplar hem bar we nädogry taraplar hem bar. Belinskiý gadymy Gresiýadaky iki jynsyň arasynda bolan gatnaşygy şol gatnaşygyň Gündogardaky ýagdaýy bilen deňeşdireniňde Gresiýanyň çeper

döredijiligine esaslanýar we Gündogaryň bolsa halk durmuşyna esaslanýar. Munuň özi asla dogry netijelere eltmez. Eger Gresiýanyň çeper döredijiligine salgylansaň, onda Gündogaryň hem çeper döredijiligine salgylanmak gerek. Belinskiniň tassyklamasynyň tersine, edil gadymy grek çeper döredijiliginde bolşy ýaly Gündogar edebiýatynda söýgi elmydama görk we gözellik meselesi bilen baglylykda görkezilýär. Ýöne biz aňry-aňrylara gitmän, mysallary öz temamyz Nowaýynyň döredijiliginden alýarys. Bu ýerde iki sany aýry-aýry jynsdan bolan adamy biri-brine ymtyldyrýan Belinskiniň belleýşi ýaly, diňe deslapky tebigy duýgular bolman, eýsem olary herekete getirýän görk we gözellikdir. Nowaýynyň düşünjesinde hem görk bilen söýgi biri-birine bagly we biri-birini şertlendirýän zatlardyr. Şahyr „Perhat we Şiriniň“ söz başynda bu hakda şeýle ýazýar:

Görk ýyldyrymdyr älemde çakan,
Bir guýaşdyr dünýä ýylgyryp bakan.

Bu ýalkymly güneş dogan gününde,
Müdimi şem boldy ýokluk tünüde.

Nury ýere inip, parlap her taýda
Aýlanyp daşyna her zerre maýda.

Älemdäki Şirin, Perhadyň jemi,

Birje kebelekdir, görk öçmez şemi.

Görnüşi ýaly, şu setirlerde Nowaýy gözelligiň mertebesini gaty ýokary göterýär, ony söýginiň maýasy we adamçylygyň baş taraplarynyň biri edip goýýar. Ol adamzat gözelligiň aşygydyr, ol şonuň kanunlary bilen ýaşaýandyr, diýen estetiki ýagdaýy öňe sürýär.

Soňra Belinskiý Gündogarda gözellik hakyndaky düşünjäniň juda aşakda, hatda bolmandygyny subut etmek niýeti bilen Gündogara halk durmuşyna esaslanýar we aýala diňe gyrnak we zat hökmünde garalandygyny tutaryk edinýär. Bu dogry. Ýöne weli aýalyň ýagdaýy gadymy Gresiýada Gündogaryňkydan gowy bolupmy? Asla gowy bolmandyr. Meselem, „Afinde aýallaryň erkekler bilen bir otagda oturmaga haky bolmandyr. Eger oturan jaýlaryna erkekler tötänden geläýse, onda, olar turup başga otaga gitmeli bolupdyrlar. Olar hatda öýde hem göz astynda saklanypdyr. Öýden daş çykmaly bolan mahallarynda diňe gyrnaklaryň ýany bilen çykyp bilipdirler“. Aslynda köne döwürde hiç bir ýerde aýalyň durmuşy Gündogaryňkydan enaýy bolmandyr. Gündogarda-da, Günbatarda-da hiç bir ýurt aýala üýtgeşik hukuk berendigi bilen döşüne kakyp, öwünip bilmez. Şunuň üçin hem aýalyň jemgyýetdäki ýagdaýyna we olara maşgalada garalyşa esaslanyp, beýik edebiýat wekilleriniň estetiki pikirlerine baha bermek bolmaz.

Alyşir Nowaýynyň gözellik hakyndaky teoretiki garaýyşlarynda käbir idealistik pikirler bar. Emma ol özüniň çeper döredijiliginde gözellik meselesine çemeleşende real we maddy hakykatdan ugur alýar. Onuň pikiri boýunça söýgi duýgusynyň ikinji pursaty bolan adamdaky, ylaýta-da tebigy gözellik düşnüksiz zat däl-de, ol beden agzalarynyň hil, reňk we beýleki taraplary boýunça biri-birine gelişmegi we biri-biri bilen sazlaşmagydyr. Gara zülpleriň ortasynda ak ýüz, ýiti uçlary sähelçe biri-birine çatylan egrije gaşlar, saglykda hem bimar ýa-da humar ýaly süzük, gara gözler, gyzyl ýakut ýaly gyrmyzy dodak, kümüş beden, inçe bil, ýumry göwüs, uzyn boý-şular aýal gözelligi hakyndaky Nowaýynyň düşünjesiniň belli bir kysymy. Şşahyr özüniň şu düşünjelerini Şirini sypatlandyrmakda ýüze çykýar. Erkek adam bilen aýal adamyň arasyndaky birek-birege bolan tebigy isleg ol söýgi duýgusynyň birinji we deslapky pursatydyr. Söýgi duýgusynyň ikinji pursaty bolsa tebigy gözellige, ýagny daşky gözellige ymtylmakdyr. Gadymy grek sungaty şu ikinji pursatda durdy we söýginiň mazmunyny beýleki adamçylyk gözellikler bilen baýlaşdyryp bilmedi. Ýöne, elbetde, tebigy gözellik hem adamçylyk häsiýetine eýedir, adamçylyk gözelligidir. Adam özüniň ýeke mazmuny boýunça däl, eýsem formasy boýunça-da adamdyr. Tebigy gözellikde adamçylyk formanyň iň belent nusgasy ýüze çykýar. Adamzat şonuň üçin hem dürli çäreler bilen elmydama daşky gözellige ymtylýar, öz

tebigatyna bar bolan serişdeleri bilen täsir edýär we ony kämilleşdirýär.

Alyşir Nowaýynyň estetikasy gadymy Gresiýadaky estetika däl-de, Orta Asyr estetikasydy. Nowaýynyň estetikasy boýunça gözel adamdyr. Ýöne adamyň gözelligini ölçemekligiň kriterisi ýeke daşky tebigy gözellik däl-de, eýsem içki mazmun gözelligidir. Edebi obraz hiç wagtda özüniň diňe daşky gözelligi bilen ideallyk derejesine galyp bilmez, ol özüniň mazmun baýlygy bilen gözellik göreldesi hem hakyky söýgä laýyk bolup biler. Şunuň üçin hem „Perhat we Şirinde-de“ gahrymanlaryň ikisi-de giň düşünjeli we bilimli adamdyr. Her iki tarap biri-birini özleri üçin diňe tebigy görk boýunça däl-de, eýsem ozaly bilen içki adamçylyk boýunça laýyk görýärler. Bu ýerde tebigy görk mazmun gözelligi bilen birleşýär. Gadymy Gresiýadaky düşünjäniň tersine bu ýerde söýgini şu birleşik emele getirýär. Şirin birinji nobatda Perhadyň ylmyna, sungatyna, gahrymançylygyna aşyk, soňra bolsa onuň görküne baş egýär. Hakykatdan hem diňe bir tebigy görküň esasynda çyn söýginiň emele gelmegi asla mümkin däldir. Meselem, çyn söýginiň bir şerti bolan wepalylygy alyp göreliň. Wepalylyk bu diňe söýen adamyň bilen kanagatlanmakdyr, öz hususy heziliň üçin söýgüliň adamçylyk mertebesini kemsitmezlikdir. Bu üç hili bolup biler. Diňe zora we gorka esaslanýan wepalaylyk. Köne döwürdäki aýallaryň wepalylygy uçdan tutma şeýle häsiýetdedi. Gorka esaslanýan wepa

köp zamanyň dowamynda däbe öwrülýär. Şol gorkynyň we zoruň öz ömrüni gutarmagy bilen-de ol aýrylyp gitmeýär. Aýallaryň we erkekleriň bir toparynyň aňynda gorkynyň barlygy üçin däl-de, öňden gelýän däp hökmünde ýaşaýar. Üçünjisi bolsa, diňe hakyky söýgä esaslanyp we şondan gelip çykýan wepadyr. Çyn söýgä bolsa ilki düşünje we ahlak gözelligi gerekdir. Düşünjä we ahlak gözelligine aşyk bolanyň özüniň-de düşünjesi we ahlak tarapy gözeldir. Onuň wepasy çyn söýgi wepasydyr, sebäbi düşünjeli wepadyr. Hut şeýle wepaly Şiriniň we Perhadyň obrazynda öňe sürüpdir. Ýa-da çyn söýginiň iň esasy şertlerinden biri bolan söýüşýän jynslaryň deň hukuklydygyny alyp göreliň. Diňe tebigy görke esaslanýan söýgi hiç wagtda aýala erkek bilen deň hukuk bermäge güýçli däldir. Sebäbi, onuň özi aýalyň mazmun gözelligine ýykgyn etmek däl-de, diňe tebigy gözelligine ýykgyn etmekdir, deňlik bolsa, adamyň tebigy tarapyna däl-de, şahsyýetine we jemgyýetçilik taraplaryna degişli bolan düşünjedir. Deňlik diýmegiň özi birek-biregiň şahsy mertebesini, talabyny, bähbidini hereket çägini hut özüňki ýaly çäkleşdirmezlik diýmekdir. Munuň özi admyň düşünje we ahlak gözelligine eýe bolan mahalynda we başgadaky ahlak we düşünje gözelligini görüp bilmäge ukyply bolan mahalynda mümkindir. Perhat Şrini hemme babatda özi bilen deň hukuk hasap edýär. Şeýlelikde Alyşir Nowaýy teoriýada aýallaryň erkekler bilen deň hukuklydygyny tassyklaýar. Onuň

estetiki düşünjesinde çeper edebiýatda aýal obrazy erkekler bilen diňe deň hukukly çykyş eden mahalynda gözellik we görelde bolarlyk mertebesine eýe bolup biler, diýen pikiri öňe sürýär. Nowaýy çeper edebiýatda gözellik meselesini hatda halkylyk meselesi bilen baglanyşdyrýar. Emma ol bu meselä biziň şu günki düşünişimiz ýaly sosial syýasy we synpy mazmun berip bilmändir. Estetika çeper edebiýatyň mahyýetini (suşnost) çeper döredijiligi prinsiplerini, onuň gelip çykyşyny, durmuş baglanyşygyny, durmuş üçin onuň bitirýän wezipesini we onuň ösüş kanunlaryny öwrenýän ylymdyr. Nowaýynyň estetiki pikiri boýunça, her bir halkyň çeper edebiýatynyň döremegi we ösmegi üçin degişli syýasy şertleriň bolmagy zerurdyr. Ol özüniň bu pikirini şeýle beýan edýär: „Ýurt arap halypalarynyň we soltanlarynyň elinde mahalynda, dünýä gerdişi şygyr kätibine arap dili bilen bezeg berdi, Hasan Sabyt we Lapyt ýaly many döredijі söz ussatlary we şahyrlar döredi, olar öz dilleri bilen şygyr aýtdylar. Ýurt käbir ýerlerde pars soltanlarynyň eline geçmek bilen kasydada Hakany, Enweri, Kemal Ysmaýyl, Zahyr, Selman, mesnewide bolsa ussat Ferdowsi, deňi taýy bolmadyk Nyzamy, hind jadysy Emir Husrow: gazalda Sagdy we Hafyz ýaly tarypa hajat bolmadyk şahyrlar peýda boldy. Teýmur Köreken zamanynda ogly Şahruh Soltanň şalyk döwrüniň soňuna çenli türki dilinde şygyr aýdan Sekkaki, Haýdar Horezmi, Ataýy, Mukymy, Ýakyny, Emiri, Gedaýy ýaly

şahyrlar döredi“(Nowaýy A. Saýlanan eserler, III tom, 204 sah.). Hakykatdan hem edebiýatyň ösüş şertlerini anyklamakda Nowaýy onuň taryhyndan ugur alýar. Hut halypalar döwründe arap edebiýaty ösüp başlady. Täze täjik we pars dilindäki edebiýat samanidler häkimiýeti döwründe, şolaryň goldamagy bilen döredi we ösdi. Türki dilindäki edebiýatyň döremeginde we ösmeginde teýmurlylar döwri aýgytly döwür boldy. Şeýlelikde Nowaýy edebiýaty döwlet we syýasat bilen, onuň ösüşini bolsa amatly syýasy şertler bilen baglanyşdyrýar. Her halkyň dilinde çeper edebiýatyň döremegi we ösmegi üçin şol edebiýaty syýasy, ahlaky maddy taýdan goldaýan we ony duşmanlardan goraýan merkezi häkimiýetiň gerekdigini ol tassyklaýar. Bir halkyň häkimiýet taýdan merkezleşmegi, şol halkyň edebi taýdan merkezleşmegidir, edebi güýçleriň bir ýere üýşmegidir, döredijiligiň ýazuwly we yzygiderli görnüşe geçmegidir diýen pikiri ol öňe sürýär.

## Türkmen nusgawy edebiýatynda görk we gözellik meselesi

Türkmen klassyk edebiýatynda epiki eserleriň hemmesinde, ylaýta-da, yşky söýgi dessanlarynda görk we jemal söýgini oýandyryjy birinji itekleýji güýç hökmünde suratlandyrylýar „Gül-Bilbil“ dessanynda dessanyň gahrymany, awtoryň nazarynda ideal adam bolan Bilbil Gülüň suratyny görüp, oňa aşyk bolýar. Ol şol suratda şeýle aýratynlyklary

synlaýar: „Bilbil hem Sala, Zelilini tapman, bagyň nagyş-nigärine tomaşa kylyp, arguwanly howzuň başynda, serwi agajynyň saýasynda olturdy. Erse gözi uýkuga gitdi, erse, bir ahwal gördi, kim nägäh goly ýaşyl hasaly, başy tirme selleli bir kişi baga tomaşa kylyp ýörüpdir. Bilbil ýerinden turup, kelam goýnyga salyp, „essalamu-aleýkum“ diýdi. Ol kişi: „wa aleýkum essalam“ – diýid – kim, eý padyşazada, ýör, ataň bagy ne bagdyr, men seni Dilaram bagyna alyp baraýyn, oňa hem tomaşa kylyp gör sen“ diýdi. Bilbilge bu söz hoş geldi „ajap bolgaý“ diýdi. Ol kişi asany Bilbilge garşy uzatdy. „Tut ujundan gözüňni ýumgyl“ diýip, Bilbil asanyň ujundan tutup, gözüni ýumdy. Ýene gözüni açdy. Görse bir bag içige girerler. Görse mysaly jennet kimin. Ol kişi Bilbiliň elinden tutup, bir ymaratga eltdibaşy asman felekde. Ol ymaratnyň penjiresinden gprdi kim bir aftap talgat sypat bir kyz olturmyş, ýüzüniň şuglasy tamam bagny minewwer kylyp ýatmyş. Bilbilniň gözi ol gyzga düşgeç, aşyk boldy. Bu kişige bakyp sorady: Eý baba bu kyz ne kyzdur, kim gün dogandek, älemni minewwer kylyp, akyl-huşumny aldy, diýdi. Bu kişi aýdy kim „Eý oglum, bu älem iki paradur. Bir parasyga Turan diýerler, we ýene bir parasyga Eýran diýerler. Hemin Eýran perileriniň hanynyň kyzy turur. Bu anyň suraty, ymaratda suratyny çekdirmiş. Her heftede Gülnüň suratyga tomaşa kylyp, ýüregini paralap, ýakyp, bişip gaýtar ermiş. Nije kim Gül perizat bolsa men adamzat bolsam, men anyň waslyga

kaýdan miýesser bolup men, diýip, naumyt bolup gaýtarmyş. Emma Dilaram bagyny Istembul padşahy Gülnüň yşkyga saldyrmyş köňlüni şonuň bilen hoşwagt kylyp, gezer erdi. Emma sen Bilbil sen, ol güldür, sen aşyky sen ol magşukdyr...“diýdi. Şu ýerde birnäçe ýagdaýy belläp geçmek zerurdyr. Birinjiden, ýokarda görlüp geçilşi ýaly, bu ýerde hem yşky we söýgüni oýaryjy we taraplary yşka we söýgä tarap itekleýji güýç birinji nobatda görkdür. Görk we gözellik şeýle bir güýçli görkezilýär, hatda onuň garşysynda iň güýçli adamlar, uly ýurtlaryň patyşasy, dyzyny epip, ondan güýçsüz galýar. Şonuň bilen birlikde görk şeýle bir uly baýlyk, uly bagt, hatda onuň ýolunda adamlar iň ýakyn we iň gymmat zatlaryndan geçýärler. Meselem, Saýat han Hemranyň görki üçin ata-enesini, dogma şäherini, il-halkyny taşlap, başga bir ýat ülkede, mysapyrçylykda ýaşamaga ten berýär. Hemra bolsa Saýat hanyň görki diýip, dogan –garyndaşyny, ýurduny taşlap, uzak ülkelere ugraýar. Mahym Tahyryň görki üçin, patyşalygyndan geçýär, hatda iki aýalyň biri bolup Tahyrda bolmaga razy bolýar. Bu ýerde hem Bilbil Gülüň jemaly üçin täji-tagtyndan, ýurdundan geçip, onuň ýoluna düşýär. Elbetde, biz şu zatlary ýazyp otyrkak, bu biziň öz pikirimiz diýip, düşünmeli däl, biz bu ýerde klassyky türkmen edebiýatynda awtorlaryň estetikigaraýyşlaryny ýazyp görkezýäris. Jemal we görk meselesine olaryň nähili üns

berendigini, onuň mertebesini nähili ýokary göterendiklerini görkezýäris.

Bu ýerde ikinji bir bellenmeli ýagdaý, ol hem bolsa awtorlaryň hemmesinde gahrymanlaryň öz sosial gelip çykyşlary boýunça ýokary gatlakdan bolmaklarydyr. Gül, Bilbil, Leýli, Mežnun, Şasenem, Garyp, Zöhre, Tahyr, Asly Kerem, Saýat, Hemra we görk eýeleri bolan, söýgi we yşk gahrymanlarynyň hemmesi özleriniň sosial çykyşlary boýunça ýokary gatlak wekilleridir.

Şu hakykatlardan we beýleki söýgi obrazlaryň sosial çykyşlaryndan mälim bolşy ýaly, gahrymanlar özleriniň ijtymagy gelip çykyşlary boýunça ýokary gatlakdan. Aşaky gatlakdan bolsa görkli, jemally, owadan, gözel aýallar dessanlaryň baş gahrymanlary edilip alynmandyr. Şuňa seredeniňde, awtorlaryň estetiki düşünjesinde görk bilen baýlyk bilelikde alynýar. Olaryň estetiki düşünjesi boýunça görküň ýeke özi eger ol baýlyk bilen hemra bolmasa, adama bagt getirmeýär we bagt çeşmesi bolup bilmez. Görk diňe baýlyk bilen utgaşan we birleşen mahalynda, şonda bagt çeşmesi we söýgi oýaryjy faktor bolup biler, Ozal adamyň üpjün bolmagy, ýagny maddy taýdan üpjün bolmagy zerur, ondan soňra görk we söýgi diýen idea obýektiw suratda gelip çykýar. Ikinji tarapdan, baýlyk görki kämilleşdirýär we onuň dabarasyny dürli bezeg we zynat esbaplary bilen artdyrýar, üstüni doldurýar, ony kämilleşdirýär, baýlaşdyrýar. Bu bolsa , diňe şalara we şazadalara

miýesserdir. Şeýlelikde sözümizi jemläp aýtsak, yşky-söýgi dessanlarda birinjiden, görk we jemal adamda birek- birege duşmak, ýakynlaşmak meýlini döredýär, iki tarapy biri – birine tarap itekleýär we söýginiň baş çesmesi bolup hyzmat edýär. Bu klassyk awtorlaryň söýgi we görk meselesinde esasy we baş pikirlerleridir. Ikinjiden, awtorlar görki gaty güýçli faktor hökmünde görkezýärler. Ol öz ýerinde hatda iň güýçli adamlaryň hem dyzyna çökerip boýun egdirýär. Galyberse-de, klassyk awtorlaryň estetikasynda görk baýlyk bilen birleşen mahalynda adam üçin bagt çeşmesi bolup hyzmat edýär. Muny bolsa Şasenemiň, Garybyň, Zöhräniň, Tahyryň, Saýadyň, Hemranyň we ş.m. obrazlarynda görmek bolýar.

Klassyky edebiýatda görk we söýginiň töweregi beýleki gözellikler bilen gabalyp alynýar. Beýleki gözellikler adama gözelliginiň üztüni doldurýar. Töwerekde gözel tebigat, adamyň eli döreden, uly howalanyp oturan baglar, onuň içinde saýraşyp oturan hoş owaz guşlar, lowurdap oturan ymaratlar adam gözelligini kämilleşdirýär. Biz munuň mysalyny „Gül-Bilbil“ dessanynda kitabyň başynda bilbiliň atasynyň bagyna girip Gülüň suratyny görýän, ol suraty görüp, oňa aşyk bolýan pursatynda görüp geçdik. Şol halatyň kartinasyny, soňra kitabyň soňlarynda Bilbiliň Gül bilen duşuşýan pursatynda hem görýäris.

Görk eserleriň gahrymanlarynda söýgi döretmek bilen birlikde olaryň idealyny hem kesgitleýär. Gahrymanlaryň iň soňky maksady we idealy biri-

birine gowuşmak we her näçe agyr düşse-de öz idealyna ýetişmek üçin göreş alyp barmakdan ybarat bolupdyr. Munuň özi, ýagny bu ideal ilki bada çäkli, hususy ýaly bolup görünse-de, söýgi prosesinde, onuň belent idealdygy we sosial meseledigi, uly-uly meseleleri gozgaýandygy aýdyň bolýar. Bu ideal şahsyýet azatlygy, söýgi azatlygy, maşgala gurmak, adamyň erki ýaly bir giden uly meseleleri we başga-da ownukly-irili jemgyýetçilik meseleleri öz içine alýar. Şeýlelikde gahrymanlar hususy söýgi adamsyndan jemgyýetçilik adamsyna we onuň idealy bolsa hususy, indiwidual idealdan sosial ideala öwrülýär. Romanlaryň özi bolsa, uly jemgyýetçilik problemalary gozgaýan, ol problemalary doly çözýän, ýa-da ýarym çözýän jemgyýetçilik ähmiýetli eserlere öwrülýärler.

Şu ýokarky problemalardan başga, bu romanlarda iki aýallylyk problemasy, ýagny söýgi we iki aýallylyk meselesi hem goýulýar. Şunuň ýaly, gahrymanlaryň hususy idealy „Şasenem-Garyp“, „Leýli-Mežnun“, „Gül-Bilbil“, „Saýatly Hemra“, „Huýrlukga-Hemra“, „Gül-Senuber“, „Asly-Kerem“, „Seýfulmelik we Bediguljemal“ ýaly beýleki dessanlarda hem jemgyýetçilik idealyna öwrülip, köp-köp sosial meseleler, garşylyklar, konfiliktler bilen baglaşýar. Görk, söýgi, ideal, maşgala problemalary, şahsyýet azatlygy, azat söýüşmek hukugy, erk azatlygy mahrumçylyklaryň, ýeňlişleriň we tragediýalaryň emele gelmegine sebäp bolýar.

Şular bilen birlikde ýokarda görlüp geçilen we beýleki obrazlaryň keşbinde klassyk awtorlar gowy aýallaryň hem obrazlaryny, işläpdirler we ideal adamyň bagtyny birinji nobatda oňa gowy aýalyň duşmagy bilen kesgitläpdirler. Olaryň etiki we estetiki düşünjesi boýunça gowy aýal wepaly bolmaly, ondan hem gorkmaly hem ony sylamaly. Ol gykylykçy bolmaly däl. Edepli-ekramly bolmaly, süýji dilli bolmaly. Gelen myhmanlara gowy hyzmat etmeli. Arassa bolmaly. Şular bilen birlikde ol daşky keşbi, bedeni boýunça örän owadan bolmaly. Şu aýratynlyklar gowy aýal üçin deň derejede derkardyr. Ozaly bilen, şeýle aýallar birinji nobatda, hut är ýigitleriňki bolmalydyrlar. Öz nobatynda olar ýigit üçin tükenmez döwlet, bahasyna ýetip bolmajak hususy bagtdyr.

Klassyky edebiýatyň epiki eserlerinde Zöhräniň, Saýadyň, Hüýrlukganyň, Şasenemiň, Gülüň, Bediguljemalyň, Aslynyň we ähli döredilen aýal obrazlarynyň keşbinde awtorlar aýal gözelliginiň bezeg taýyna hem gaty köp üns beripdirler we şol obrazlarda öz estetiki garaýyşlary boýunça görk we jemal hakyndaky düşünjelerini öňe sürüpdirler. Meselem, Mollanepes Zöher gyz dünýä inende onuň görk we jemalynyň şeýle suratlandyrýar: „Aradan dokuz aý, dokuz gün, dokuz sagat geçenden soň, patyşanyň bir gyzy boldy, bu gyzyň agzy gunça, lebi lagl, gözleri mestana, galam gaşly, hünji dişli, syýa saçly, ýüzi jennetiň güli, obazy bagy Eremiň bilbili,

owadanlygy on dördi gijäniň aýyna barabar erdi, şöhlesi asmana düşer erdi. Gören adamlarda bir mähir peýda bolar erdi“(XIX asyr türkmen edebiýatyndan hrestomatiýa.A.1950,129 sah) Mollanepesiň düşünjesi boýunça aýal gözelliginde gunça ýaly kiçijik agyz, lagl ýaly gyrmyzy ter dodak, mestana gözler, owunjak hünjüler ýaly hatar düzülen dişler, saçyň gara bolmagy, gaşlaryň galam ýa-da başgaça aýdanyňda, çemçäniň bir bölegi ýaly egrilip duran gara gaşlar, on dördi gijäniň aýy ýaly lowurdap, bark urup, ýalpyldap duran ýüzler-şularyň hemmesi aýal gözelliginiň kriterleridir. Şular bilen birlikde, görk görenlerde mähir döredýär. Söýginiň esasy çeşmesi Mollanepesiň pikiriçe görk we jemaldyr. Şunuň üçin hem ol ýokarda görkezilen görk aýratynlyklaryny sanap gutarandan soň, „Gören adamlarda bir mähir peýda bolar erdi“ diýip, söýgini görk bilen baglanyşdyrýar.

Mollanepes estetiki düşünjesi boýunça tebigy beden gözelligine adam dürli tärler, ýollar bilen, bezeg bilen, şaý-sep bilen täsir edip, ony kämilleşdirip biler hem kämilleşdirlemlidir. Başgaça aýdanyňda, Mollanepesiň pikiriçe gyzyl-kümüşden we gaýry gymmatbaha daşlardan bolan bezeg esbaplary, şeýle hem kosmetiki bezeg täsiri aýalyň görküne görk goşýar we ony kämilleşdirýär. Ol özüniň gahrymany Zöhräniň bu estetiki düşünjesini şeýle beýan edýär: „Elkyssa bu sözler tamam bolandan soňra, Gülkamar jan mekdebe tarap ugrady. Tahyr beg bu ýerde galyp, iki sagat garaşyp durdy, emma Zöhre gelmedi. Ahyr

karary ýetmän, Zöhre gyzyň bagyna rowana boldy. Ol bagda serwi diýen bir belent daraht bar erdi. Tahyr beg şu darahta çykyp, Zöhräniň ýoluny gözläp oturdy. Bir wagtdan soň, Zöhre gyz kenizleri bilen älem-jahany şöhleden dolduryp, geler erdi. Ol golundaky gyzyl almany ysgap, gyzyl tylladan jiltli heftiýegi göterip geler erdi. Birden zerrin kemer, lybasy tamam şaýlanyp, barmaklarynda on ýüzük, her ýüzügi gymmat dürden, gollary hynaly, gaşlary wesmeli, gözleri sürmeli, ýüzi gulap suwly, gulaklary ysyrgaly, başynda gyzyl ýakutdan otaga, kar-kara suratynda bitilen dürrijowahyry, gül açylyp, ýalançyny gülüstan edip geler erdi. Tahyr beg Zöhräniň bu gelşine, zibi-ziwerden geýen donlaryna tomaşa edip, ýüzi zagpyran dek saraldy, akyly haýran, gözleri girýan boldy“. Soňra Mollanepes Zöhre bilen Tahyry bag içinde seýilgähde görkezen mahalynda olary şeýle suratlandyrýar: „Ikisi Leýli-Mežnun dek, biri gyzyl, biri lažuwert gülgün lybaslaryny geýip, göýä älemgoşar dek bolup, baga seýil edip, wagtlaryny hoşlap ýörer erdiler. Kä Zöhräniň goly Tahyryň boýnundan erdi“. Mollanepes gözelligi gahrymanlarynyň ýanyndan aýyrmaýar. Şunuň bilen birlikde, awtor gahrymanlarynyň içki göterilen köňüllerini hemişe olaryň daşky owadanlygy bilen hemra edýär. Şeýlelikde, awtor özüniň estetiki düşünjesi boýunça tebigy beden gözelligini bezeg bilen, altyn, kümüş hem bezeg asbaplary bilen kämilleşdirýär.

Mollanepesiň döredijiligi häli-häzire çenli edebi derňewiň düýp meselesi bolup gelýär.Şahyryň bu temadaky şygyrlary özüniň mazmuny,anyklygy,sazlaşygy,çeperçilik açyşlary babatda türkmen şygryýetiniň ösüşinde aýratyn çeperçilik hadysasy hökmünde tapawutlanýar.Sebäbi şahyr öz tejribelerinde 2 ýagdaýy utgaşdyrýar, ýagny ýörgünli şygryýetiň yýk mazmunynda iýlän däplerini we anyk döwrüň hut özüne mahsus zatlaryny, alamatlaryny utgaşdyryp çeperçilik maksatlaryny amal etdi, bu bolsa şahyryň täzeligidir.Gowuşmak,hakyky durmuşyň özüni, onuň işjrň taraplaryny saýlap aldy.Gözläp ki ýeň astyndan, göz ümlrdi, men düşdüm,bir güldi golun dişläp,agzyma çenäp ýumruk, goý gabahatdyr, gerdeniň dutardyr zülpleriň tardyr.

Şahyryň şygyrlarynda taryplanylýan magşugyň gözelligini suratlandyrmakda çeper söz aňlatmalarynyň dürli görnüşleri işe girizilýär.Bu ýagdaý şahyryň bu temadaky ähli şygyrlaryna degişlidir. Şahyryň taryplaýan gözeliniň jemalyna gözi düşen yns-jyns, janly-jandaryň hereketi biygtyýar togtaýar, edil ynsan ýaly janly herekete geçýär:

Balyk ýüzebilmez suwa girende,
Guş pessaýlap düşer ýüzün görende

ýaly setirlerde, şol gözeliň keşbini gören „ bilbiliň saýramakdan kesilmesi,gazlaryň ýüzüp bilmän, köle batmaklary, aýyň nurdan aýrylyp, günüň gökden uçmagy,öli balygyň janlanmagy“ ýaly hadysalarda

şahyr çeper mazmuny emele getirmekde ulaltmadan peýdalanýar.Şeýlelikde, çeperçiligiň esasy birligi bolan keşp emele gelýär .

Gördüm, aý dogmady, bagty garadyr,
Gül uklady diýdim, bagry ýaradyr
Ýyldyzlar dogmazlar bu nä çäredir?
Ýar yşkynda bakyp, ol asman kakar

diýen setirlerde hem,şahyr gözelligi wasp etmekde „ aýyyň, ýyldyzlaryň dogmazlygy“ arkaly giperbolany işe girizse,edil şol ýerde „ aýyň bagtynyň gara bolmagy, gülüň uklamagy we bagrynyň ýara bolmagy“ ýaly hadysada, ýa-da:

Göwher ýata bilmez suratyn bakyp,
Utana aglaýyr derýadan çykyp

diýen setirlerde „göwheriň ýatyp bilmezligi, utanmagy we aglamagy“ arkaly çeper janlandyrmany emele getirýär.Şu hili täsin ahwallar şygryň çeperçilik we estetiki derejesini has beýgeldýär.

Şahyryň „Söwdügim“ atly goşugy hem tutuşlygyna çeperçilik hadysasydyr.Şygyrda magşugyň taýsyz gözellegi, onuň aşyga berýän jebri-jepalary dürli hili çeper aňlatmalaryň üsti bilen aňladylýar.

Gamzaň oky tenden ötdi,
Bardy,şirin jana ýetdi,
Käpir gözüň talaň etdi,
Nury-imana,söwdügim.

ýa-da:

Çekilip gaşyň gylyjy,
Jigerim kesdi bir ujy,
Ol sebäpden göz göreji,
Gark boldy gana söwdügim.

diýen setirlerindäki janly hereketlere we şonuň netijesinde emele gelýän çeperçiligiň esasy birligine üns bereliň.Magşugyň gaşynyň gylyja meňzedilip, onuňam janly herekete getirilmegi,ýagny „jigeriň kesilmegi we göz görejiniň gana gark bolmagy“ýalysöz aňlatmalarynyň üsti bilen bir pursatlyk ahwal,ýagny,magşugynyň gaş kakmagy zerarly aşygyň düşýän ahwaly çeperleşdirilýär.Şahyryň şygyrlarynyň ählisinde diýen ýaly,taryplanýan gözeliň gaşy kemana, ýaýa meňzedilýär. „Piýaladyr gözleriň, gaşlaryň keman, Gözel“, „Kirpikleri ok bolup, gara gaşy ýaý, Gözel“ýa-da „Gaşlarynyň egrisi ebru-kemana serbeser“, „Gabaklary badam,gaşy kemanym“,

Ok dolduryp,ýaý Ispihan gaşyňdan,
Atmady diýp aglamagyl, dilber-ä.

ýa-da:

Göz üstüne hup ýaaşan ýaýyňdan,
Hiç bir ok atmadyň, arman dilberiim.

Mysallaryň ählisinde-de magşugyň gaşy ýaýa meňzedilip,ol dürli hili hereketde getirilýär. Soňky mysalda bolsa bir pursatlyk ahwal,ýagny magşugyň biperwaýlygy suratlandyrylýar.Umuman, şahyryň her bir şygry, her bir setiri, her bir söz aňlatmasy anyk

ahwaly, täsiri, pikiri beýan edýär.Bu bolsa şahyryň esasy göz öňünde tutýan matlabydyr.Söz ussadynyň şygyrlarynda taryplanýan gözeliň saçynyň mara meňzedilmegi onuň şygyrlaryna mahsus ýagdaýdyr. „Saçyň saklaw azdarhadyr“, „Zülpüň seniň- daglar mary“, „Ýar oturmyş gara saçyn mar edip“, „Örüm-örüm saçlaryň, gara ýylan mysaldyr“, „Saçlaryň manendi mary- sünbüller“, „Örülen saçlaryň owsunjy azdar“, „Iki şamar kast edip, geldi, ýetişdi destine“, „Bir jüp ýylan ýatyr göwsüň üstünde“, „Örüm-örüm saçyň owsunjy azdar“ ýa-da:

Ýalpyldysyn gara saçyň,
Mardyr diýip, uçdum gitdim

diýen setirler hem bu aýdanlarymyzy doly tassyklaýar.
Şahyryň şygyrlarynda meňzetme, metatora,janlandyrma,ulaltma ýaly çeperçilik serişdelerinden başga-da, şahyrana söz gurluşynyň dürli tärlerine duşmak bolýar. Mysal üçin:

Hem seriňe gurbanam,
Hem gaşy gabagyňdan.

ýa-da:

Ne çemenden öwsüp gelen şemal sen?
Ne şekerden damgan aby-zilal sen?

Ýa:

Kähi telbe kimin delmürip durup,
Kähi ýetimler dek boýnuny burup,
Kähi hastalar dek reňgi sargaryp,
Uzadyp ýanymda durdy-diýger sen.

diýen setirlerde köpbalaýjylygyň mysallaryna duş gelmek bolýar.Bu setirlerdäki „hem,ne,kähi“ýaly baglaýjylaryň üsti bilen bir pikir beýleki bir pikir bilen, bir ýagdaý beýleki bir ýagdaý bilen baglanyşyp,pikir yzygiderligi saklanýar we eseri ň çeperçilik derejesi has güýçlenýär.Ýa-da:

Nepes diýer, kä aglar men, güler men,
Gähi açylar men, gähi solar men,
Gähi diriler men, gähi öler men,
Yşgyň ýoly ajap ýoldur heserli.

diýen bentde bolsa „kä, gähi“baglaýjylarynyň üsti bilen gapma-garşy mazmundaky sözler biri-biri bilen baglanyşyp,çeper mazmun emele gelýär.Bentdäki „aglar men-güler men,açylar men- solar men,diriler men- öler men“ ýaly sözler biri-birine garşylykly goýlup, antitezany hasyl edýär.Bu bolsa pikiriň has anyklaşmagyny üpjün edýän çeperçilik serişdesidir.Bir bentde yzly-yzyna duş gelýän şu hili tärler bolsa şahyryň ussatlygynyň nyşanydyr.Şahyryň „Zöhre-Tahyr“ dessanyndaky:

Geldim, näme gördüm dünýä içinde?
Garyp başym ýüz müň gowga içinde

ýa-da:

Kim görüpdir bu dünýäniň wepasyn?
Mähribanym,Zöhre gyzym, gaýt indi

ýaly setirlerde bolsa gönüden göni ritoriki soragyň mysalyna duş gelinýär.Setirlerden gelip çykýan

mazmun panynyň geçegçiligi hakyndaky hakykatdyr.Şahyr bu yerde ykrar edilen hakykaty sorag astynda bermek bilen pikiriň has tassyklanmagyny gazanýar.Şeýlelikde, nusgawy derejedäki şahyrana mazmun emele gelýär.

Klassyk awtorlar özleriniň estetiki garaýyşlary boýunça ýigit üçin tebigy görki bütinleý ýeterlik däl hasap edipdirler. Meselem, Saýathan Hemranyň daşky keşbini görüp halaýar, emma Aşyk Ahmede ýüzlenip: daşky görk adam üçin ýeterlik däldir, ýigidiň hünäri hem bolmalydyr, ogluň hünäri barmydyr diýip, soraýar.

„Şasenem – Garyp“ dessanynda hem söýginiň esasy faktory görk we jemal bolup durýar. Görk we jemal her iki tarpda biri-birine ymtylmak we bir-birine gowuşmak islegini döredýär. Dessanda awtor gahrymanyň görküni şeýle suratlandyrýar: „Şasenem täji başynda, ýüz müň miwe, näz bilen, tawus guş kibi aşygyny köýdürip, mestan-mestan basyp gelerdi. Akjanyň hem ýörip gelişi ondan kem däldi. Garyp biçäre bulary görüp, akyl-huşdan aýrylyp, bularyň ýörip gelşine hoşwagt boldy“.

Şu ýerde şeýle ýagdaýy bellemek zerurdyr. Belinskiý öz işleriniň birinde gündogary tebigatçylykda aýyplaýar. Gündogar adamsy tebigatyň gujagynda dogulýar, şonuň gujagynda hem garrap ölýär. Gündogar häzir hem öz tebigatçylygyna wepaly bolup galdy diýýär. Ol gündogary gadymy Ýunan bilen deňeşdirip, gadymy grek adamsy gözelligi

söýüpdir we oňa sejde edipdir. Gözellik bolsa öz gezeginde söýgi we meýil döredýär diýýär. Gündogarda bolsa gözelligiň nämedigi bilinmeýär, hemme zat tebigat çäginde durýar, diýip, ol aýdýar. Şu ýokarda görkezilen mysallar Belinskiniň bu pikiriniň nädogrudygyny doly subut edýärler. Gündogar edebiýatynda aýal we durmuş görküne, tebigat görküne bagyşlanan poetiki güýç hiç bir edebiýatda sarp bolan däldir. Dogry, aýala bolan garaýyşda durmuş bilen edebiýat arasyndaky gapma-garşylyk bolupdyr. Durmuşda aýal gyrnak, tussag keniz bolupdyr. Onuň wezipesi diňe öý hojalygyny alyp barmak we dogurmak bolupdyr. Munuň özi diniň, ylaýta-da yslamyň aýallary sezewar eden ykbalydyr. Bu set diňe gündogarda şeýle bolman, günbatarda-da, dünýäniň beýleki künçlerinde-de şeýle bolupdyr. Ýokarky mysallardan görnüşi ýaly, gündogar edebiýatynda aýal görk eýesi, perizat, älemiň nury, köňülleriň şady, jahana röwşen saçýan şöhle, dünýäniň bezegi, älemiň patyşasy, erkekler bolsa olaryň öňünde dyza çöküp, olaryň gullary, gaşlarynda sejde edýän gullar hökmünde görkezilýär. Durmuş bilen edebiýat arasyndaky garşylyk hakykat bilen ýazyjynyň ideasynyň arasyndaky garşylykdyr. Hakykatda höküm sürüp duran durmuş bilen ýazyjynyň romantikasynyň arasyndaky garşylykdyr. Bu garşylygyň özüniň bolmagy kanuny we tebigy zatdyr. Bu garşylyk ýeke gündogarda däl-de,

günbatarda-da,dünýäniň hemme ýerinde-de bolupdyr we käbir ýerlerde entek-entekler hem dowam edýär.

Şeýlelikde, edebiýatda başga bir ideal adam, başga tipli we başga hili ideal adam meýdana çykýar. Şonuň bilen – de ideal adam hakynda täze garaýyşlar, başga bir tüýsli etiki we estetiki kategoriýalar ösüp kemala gelýär. Edebiýat bu nukdaýnazardan öňküsinden hem baýlaşýar. Öňki garaýyşlar boýunça ideal adam ýalňyz at üstüniň adamsydy. Azat: meýletin urşujy türkmen esgeridi. Ol adam ýurduň bitewiligi, halkyň erkana durmuş ugrunda göreşiji ýigitlerdi.

Şonuň bilen birlikde, başga bir ideal tip, başga bir kämil adam edebiýatda ösüp ýetişýär. Ýöne eger birinji ideal tip, esasan, eger real durmuş bilen tipik däl ýagdaý içinde bagly bolup, şol döwürleriň halky hajatlaryny, bähbitlerini, isleglerini öz obrazlarynda şöhlelendiren bolsa, bu ikinji ideal tip şol döwrüň real hakykatyndan gös-göni gelip çykman, eýsem ol awtorlaryň romantikasynyň önümidir. Umuman-da ideal diýen düşünjäniň özi romantika bilen gös-göni baglydyr. Bu tip Tahyryň, Zöhräniň, Garybyň, Şasenemiň, Saýadyň, Hemranyň, Leýliniň we Mežnunyň obrazlarynda çykyş edip, başga bir şertlerde göräýmäge parahat we ýuwaş şertlerde hereket edýärler. Emma bularyň-da hereket meýdanlary, hereket edýän şertleri beýle sadaja asfaltlanan, üstüne aýna düşelen meýdan däldir. Bularyň hereket meýdany-da garşylyklar, göreşler,

mahrumçylyklar, ýitgiler, agdarlyşyklar we ölümler bilen doludyr.

Käbir halatlarda bu ideal tipiň ikisi bir obrazda birleşýär. Eger at üstüniň adamsy bolan ideal tip özbaşdak, söýgi meýdanyndaky ideal tipden üzňelikde çykyş edýän bolsa käbir halatlarda bularyň ikisi birleşip, bir obrazda çykyş edýärler. „Gül-Bilbil“ we „Gül-Senuber“ dessanlarynyň „Seýfulmelik we Bediguljemal“ romanynyň we ýene birnäçe romanlaryň položitel gahrymanlary şu tipli ideal obrazlardyr. Emma munuň özi birleşdirilen iki tipli ideallaşdyrylan obrazlardyr. Türkmen klassyky edebiýatyndan bize miras ýeten estetiki kategoriýalaryň gereksiz taraplaryny taşlap, onuň iň gowy taraplaryny almak bilen ony täze obrazlar bilen baýlaşdyrmak bilen türkmen edebiýaty estetiki kategoriýalaryň meýdanyny, masştabyny has-da giňeltdi we durmuşyň başga sferalaryna-da ýaýratdy.

## XX asyr türkmen edebiýatynyň estetiki meseleleri

20-nji ýyllarda epiki poeziýa täze estetiki hile gadam basdy. Şunuň bilen baglylykda şu ýerde şeýle bir ýagdaýyň üstünde durup geçmekçi bolýarys. Durmuşda çendenaşa owadan aýallar we gyzlar bolýar. Ýöne owadan we owadanlyk diýilýän zadyň özi durmuşda, tebigatda az bolýar. Owadanyň we

owadanlygyň gymmatyny ýokary göterýän esasy faktor hem onuň az bolýanlygydyr. Çendenaşa owadan aýallary we gyzlary gören adamlar täsin galýarlar. Olara seretdikleriçe oňa tarap meýil edýärler, şolar bilen birleşmek, gatylmak duýgulary emele gelýär. Şeýle görkli aýallaryň birini alyp göreliň. Biz birbada onuň daşky keşbini görüp, ony halaýarys. Emma eger-de biri ony ýamanlap, ýa-da dogrusyny aýtmak üçin „Ol-a däli, ýa-da samsyk, ýa-da akyly az, ýa-da beýnisine zeper ýeten“ diýse, birden biziň duýgymyz sowap, onuň öňki owadanlygy hakyndaky söýgimiz gowşaşyp, bütinleý ýok balýar-da duruberýär. Munuň özi asla owadanlyk diýilýän zadyň özi, onuň kriteriýleri ýalňyz bir tarap bilen, ýeke bir forma bilen kesgitlenmän, eýsem forma gözelliginiň mazmun gözelligi daşky gözelliginiň ruhy gözellik bilen birlikde kesgitlenýändiginden ybaratdyr we şeýle kesgitlenmelidigini aňladýandyr. Ýa-da şol owadan gyzyň akylynyň azyrakdygyny eşidenimizde, bizde gynanç duýgulary döräp biler. Bu gynanç duýgulary mazmun bilen formanyň arasynda ylalaşygyň ýoklugynyň netijesinde döreýär. Sonanyň obrazynda awtor şu taraplaryň hemmesini göz öňünde tutup, onuň daşky keşbini-de içki mazmunyna laýyk bir bitewi gözellik hökmünde suratlandyrýar. Onuň obrazynda forma we ruhy owadanlygy birleşdirýär we kämilligiň nusgasy hökmünde öňe sürýär.

Şu ýerde ýene bir ýagdaýy belläp geçmekçi bolýarys. Gözellik diýen mesele köplenç gowy,

peýdaly diýen problemany-da öz içine alýar ýa-da şolar bilen doly birleşýär. Ýönekeý adamlaryň arasynda köplenç hiç kim bilen işi bolman, öz işi bilen gümrä adama ýa-da goýun ýaly ýuwaş, hiç bir adam bilen işi bolmadyk, hat-da öz haky üçin hem gymyldamaýan, hereketsiz adama „örän gowy adam“ diýýärler. „Onuň hiç kime azary degenok, hiç kim bilen işi ýok, ol süňksüz gowy adam“ diýýärler. Gowulyk we gözellik kriteriýleriniň otnositel bir düşünje bolup, onuň jemgyýetiň dürli-dürli gatlaklary tarapyndan başga-başga hili düşünilýändigi we her kim düşünjesiniň ýetdigi, öz akylynyň çatdygy boýunça bu meselä baha kesýändigi şu ýerden açyk görünýär. Ýönekeý, garamaýak adamlaryň arasynda hiç kim bilen işi bolmadyk, ýuwaş adam „gowy adam“ diýlip baha berlende ilki bilen şol adamyň zyýansyzlygyndan ugur alynýar.

Agahan Durdyýewiň „Annagözel“ atly hekaýasynyň gahrymany ýönekeý adamlaryň nukdaýnazaryndan gowy adam. Geldi aga ýuwaş, onuň hiç kime azary ýetenok. Ol hiç kimiň hakyny iýmändir. Hiç kim bilen uruşmagy, sögüşmegi başarmaýar. Şular bilen birlikde, ol mylaýym hem süýji dilli şirin sözli adam. Şunuň üçin hem ýönekeý garamaýak adamlar şeýle tipe süňksüz gowy adam diýýärler. Emma garamaýak adamlar gowulyga baha bermekde, onuň kriteriýlerini bellemekde öz düşünjelerinden ugur alýarlar. Gowulyga baha kesmekde onuň kriteriýlerini anyklamakda ýönekeý

adamlaryň düşünjesi köplenç ylmy düşünjeler bilen kybap gelmeýär. Sebäbi garamaýak adamlaryň ýagşylyk we ýamanlyk kriteriýlerini kesgitlemekde obýekiti bitewiliginde almak onuň diňe bir tarapyna esaslanýarlar. Geldi aga özüniň häsiýeti boýunça zyýansyz bolsa-da, ol şol derejede-de peýdasyz adam, onuň mazmuny ýok, ol jemgyýet üçin peýdasyz passiw adamyň bäri ýanynda duran tip. Eger ol özüniň töweregindäkiler barada bitarap ýa-da ýönekeý adamlara zyýansyz bolsa, ol şonça-da duşmanlara-da zyýansyz. Ýeke bir hakykaty belläp geçeliň. Ýönekeý adamlar Geldi aga „gowy" diýip, baha kesenlerinde olar diňe öz hususy bähbitlerinden, Geldi aganyň özlerine zyýansyzlygyndan ugur alýarlar we şu ýerde asla Geldi aganyň öz bähbidinden, Geldi aganyň şol gowulygynyň köp halatlarda onuň özi üçin ýaman bolup durýandygyndan ugur almaýarlar. Diýmek, baha kesmekligiň kriteriýleri hemme gowy taraplaryň birligidir we her bir kämil dällik ýa-da minus tarap gözellik bitewiligini bozýan tarapdyr.

Berdi Kerbabaýewiň „Garşa guda" powestinde adamyň gözüne birinji ilýän zat ol hem bolsa, öýlenmek we maşgala gurmak meselesinde estetika we gözellik diýilýän düşünjäniň ornunyň we ähmiýetiniň bolmanlygydyr. Jemgyýetiň özünde estetika we gözellik düşünjesiniň hiç ähmiýeti bolmandyr. Öýlenýän tarap Durdynyň hiç hili estetiki talaby ýok. Ol diňe özüniň tebigy talaby boýunça ata-enesinden öýlendirilmegini talap edýär. Emma

öýlenjek gyzynyň kimdigine onuň tebigy we ruhy görküniň nähilidigine asla üns bermeýär we şol taraplara üns berilmelidir diýip hem düşünmeýär. Şonuň üçin hem ol öz öýlenjek gyzy Abadany öýlenmezinden öň görmeýär we görjek hem bolmaýar. Abadan hem estetiki duýgulardan boş. Ol durmuşa çykýan adamsynyň kimdigini bilmeýär we biljek hem bolmaýar. Powestde iki sany gyz predmet we haryt hökmünde çalşylýar. Bu gyzlarda estetiki talabyň ýoklugy beýlede dursun, olarda erk hem ýok. Olar üçin muňa ýa-da başga birine durmuşa çykmagyň hiç tapawudy ýok. Durdy bolmasa, goý Guly bolsun, Guly bolmasa, goý Mergen bolsun, Mergen bolmasa, goý ýene başga biri bolsun. Ata-enäniň olara ýamanlygy ýokdur. Ata-eneler hem şeýle pikir edipdirler. Olaryň perzentleri hem şeýle pikir edipdirler. Söýgä tarap estetiki talaplaryň itekleýän mahalynda hakyky söýgüde-taraplaryň ilki tanyşmagy, biri-birine haýsy-da bolsa özleriniň belli bir artykmaçlyklar boýunça öz garşylykly täsiriniň astyna almaklary şertdir. Hakyky söýginiň ýene bir tarapy söýginiň we söýgüliniň elden gitmegi ýa giderilmegi söýýän tarap w taraplar üçin iň uly ýitgi bolup durýar. Ol söýgülisini elden gidermek bilen ýa-ha bütin durmuşyny, ýa-da durmuşda iň gymmat zadyny ýitirmek bilen gutarýar. Durdy Abadanyň bolmanlygy bilen zat ýitirmeýär. Abadan hem Durdusyz durmuşynda bir egsiklik bolar ýa bardyr saýmaýar.

Estetiki talaplar we çyn söýgi esasynda gurlan maşgalada jynslaryň ikisi-de deňhukukly bolýarlar. Emma bu powestde Abadan elmydama Durdynyň garamagynda, şoňa tabyn. Estetikanyň şu meselesi bilen baglylykda şu ýerde şeýle ýagdaýy bellemekçi bolýarys.Klassyk edebiýatda söýgi gahrymany, meselem Zöhre Tahyr bilen görşüp tanyşmak isleýär. Emma Kerbabaýewiň by gahrymanlary görüşmek, tanyşmak hakynda pikir hem etmeýär. Bu ýagdaý realizm bilen romantizmiň şeýle pursatlarda öz ýerlerini çalşyranlygyndan gelip çykýandyr.

Şu ýerde ýene şeýle bir ýagdaýy belläp geçmekçi bolýarys. Şol döwürde türkmenleriň häzirki nesliniň estetiki talap we söýgi hakyndaky düşünjelerini Durdynyň we Abadanyň estetiki boşlugy bilen deňeşdirsek, onda adamzadyň elmydama kämillige tarap hereketdedigini, altynyň, laglyň, göwheriň we beýleki tebigy gözellikleriň estetiki hiliniň özgermän durýanlygyna garamazdan, adam estetikasynyň hemişe hereketde, hemişe özgerişde, hemişe kämilleşmek ewolýusiýasyny başdan geçirýändigini, şeýle hem entek adam estetikasynyň egsikligini, adamyň elmydama özüniň forma we mazmun gözelliginde birligi gazanmak ugrunda kanuny suratda, dyngysyz suratda hereketde boljakdygyny subut edýär.

N.G.Çernyşewskiý özüniň estetikasynda hemişe gözelligiň merkezinde adamy goýupdyr. Ol bütin duýulýan dünýäde hemme zatdan gözel, hemme

zatdan owadan ozaly bilen adamdyr. Beýleki zatlar bolsa adama hyzmat edip bildik derejesine garap gözellik ähmiýetine eýedir diýýär. Omar Haýýam: ähli mahlugyň başy adamdyr, sebäbi onda paýhas gözelligi bilen daşky gözellik utgaşandyr. Dünýä tegelegi altyn ýüzük we onuň içiniň göwher daşy adamdyr diýýär. Adam diýen şu belent adyň geçmişde nähili har bolup, indi nähili beýik mertebä göterilendiginiň köp-köp sowet edebi eserleriniň baş temasy bolandygyny şu ýerde bir söz bilen belläp geçesimiz gelýär.

Agahan Durdyýewiň türkmen obasynda ýüze çykan her bir täzeligi, obanyň görküniň ösüşini jikme-jik ýazyp görkezýär. „Bagtly ýigit“ powestiniň gahrymany obada birinji bolup täze tam saldyrýar. Annagulynyň täze tamyny gören personažlaryň her biri öz içki estetiki halatyny dürli sözler bilen ýüze çykarýarlar. Olaryň biri: „Bu jaýlarda ýaşamak eşret, bu jaýda ýaşan garramaz“ diýse, başga biri şunuň ýaly jaýlarda ýaşamak hezil, diýýär. Ýene biri jaýyň içini görüp, haýran galýar. Dördünjisi bolsa jaýy görüp täsin galýar. Adama eşret, hezil berýän, onda täsin galmak we haýran galmak duýgusyny oýarýan her bir zat we hadysa gözeldir.

Soňra gözellik diýilýän düşünjäniň özüniň köp halatlarda otnositel bir düşünje bolup duranyny bellemelidiris. Her bir adamyň, adamlar toparynyň öz ýaşaýşyna, tejribesine, ylmyna, ýaşaýyş şertlerine, hajatlaryna garap, gözellik özüniň mazmunyny üýtgedip biler. Bu adam ýa-da adamlar topary üçin

gözel bolup görünýän zat beýleki adam ýa-da adamlar topary üçiň göze däl-de, ýönekeý bir zat bolup görünmegi mümkin. Ýokarky mysallarda iki otagdan ybarat bolan tam owal gara öýlerde ýaşamaga endik edinen Berdi aga, Aknabat eje we beýleki oba adamlaryna täsin galdyryjy, eşret çeşmesi, hezil berýän, haýran galdyrýan gözellik bolup görünýär. Hatda aýal gözelligi aýal üçin hezil çeşmesi bolmany üçin ýönekeý bir zat bolup görünmegi mümkindir. Ýöne gözellik düşünjesi otnositel bri hadysa bolsa-da absolýut gözellikleriň hakykatdygy-da jedelsizdir. „Bagtly ýigit“ powestindäki ýokarky ýagdaýlary Saryhanowyň „Ak tam“ hekaýasynda hem görmek bolýar.

„Ýer ussatlary“ hekaýasynyň gahrymany Baýram özüniň romantikasynda, şu günki hakykatdan gelip çykýan we şu günki mümkinçiliklerden gelip çykýan ertirki has gözel durmuşyň suratyny göz öňüne getirýär. „ . . . Baýram özüniň Ajaby bilen gözel baglaryň içinde iki ýaşyndaky posalajyk oglunyň elinden tutup, ýörenini görüp ýylgyrdy. Ol ellerini kellesiniň aşagyndan aýryp, bir egnine gyşardy-da ýassygynyň birini gujaklap, uklady“ ( Durdyýew A.Saýlanan eserler.A.1951,182 sah)

Adam gözelliginiň kanunlary bilen ilki öz hyýalynda döredýär. Soňra bolsa hyýalynda döreden älemini, nesnesini durmuşa geçirmek ugrunda hereket edýär. Agahan Durdyýewiň ideal adamy Baýram hem ilki özüniň pikirinde, hyýalynda obanyň geljek

gözelligini döredýär. Emma hyýalda döretmek ähmiýetli bolsa-da, ol ýalňyz meseläniň bir tarapydyr, ikinji tarapy bolsa hyýaly hakykata öwürmek ugrundaky hereketdir. Hereketsiz hiç bir döretme, hiç bir ýeňiş, üstünlik, ýaşaýyş
we gözelligiň amala aşmagy we bolmagy mümkin däldir. Agahan Durdyýew şu sosial-estetiki mazmunlary Baýramyň obrazynda birleşdirmegiň hötdesinden gelip bilipdir.

Şu ýerde ýene bir ýagdaýy belläp geçmegimiz zerurdyr. Ozal görüp geçişimiz ýaly, biz beýik-beýik baglary, olaryň içinde saýraşyp oturan hoş owaz guşlary, baglaryň ortasyndaky serhowuzlary, onuň içindäki gün bilen bäsleşip oturan belent ymaratlary klassyky edebiýatyň dessan eserlerinde hem görýäris. Şol baglaryň içinde gol tutuşyp gezip ýören, oýnaşyp, güşüp, wagtlaryny hoş geçirýän Zöhredir Tahyr, Saýatdyr Hemra, Şasenemdir Garyp, Güldür Bilbil ýaly aşyk magşuklary-da görýäris. Klassyk edebiýatda döredilen bu gözel älem bilen Baýramyň göz öňüne getirýän gözel äleminiň arasynda näme tapawut bar. Tapawut birinjiden, klassyky edebiýatda döredilen bu gözel älemiň real hakykatda, türkmen durmuşynda bolmanlygydyr we onuň şahyrlaryň öz hyýallarynda romantiki gözellik kanunlary bilen döredilmegidir. Dogry, şeýle gözel älem geçmişde bolmandyr diýmek bolmaz. Ol bolupdyr, ýöne az toparlara, patyşalara we olaryň maşgalalaryna degişli bolupdyr. Şonuň üçin ýokarky dessanlarda ýokarky gözelligiň içinde hereket

edýän gahrymanlar hem özleriniň gelip çykyşlary boýunça barly gatlakdan bolan adamlar hökmünde görkezilýär.

## Estetiki kategoriýalar we çeper edebiýatda antietiki we antiestetiki pursatlar

Durmuş gapma-garşylyklardan doly. Her günüň özünde gör näçe dramalar we tragediýalar durmuşda bolup geçýär, emma edebiýat eserinde şeýle tragediýalar we dramalar gaty azdyr. Her günde durmuşda gör näçe romanlar bolup geçýär, emma edebiýat äleminde şeýle romanlar gaty azdyr. Munuň sebäbi beýik ýazyjylaryň, şahyrlaryň we uly suratkeşleriň azlygyndandyr.Genileriň özi her bir ugurda-da azdyr. Sebäbi durmuşyň özünde beýik genileriň döremegine we päsgelsiz ösüp bilmegine oňaýly täsir edip biljek şertler az.

Başga bir ýerde adalat üçin, zuluma we gaýry bagtsyzlyklara garşy göreşip, janyny pida etmäge taýýar bolan adamlar üçin hemme ýerde ýoluň açyklygyny, şeýle suratda belent we gözel hem beýik duýgulara we işlere her ädimde duş gelip biljekdigini Çernyşewskiý belleýär. Emma nähili-de bolsa her bir iş üçin hatda beýik maksat üçin janyny pida etmäge taýýar bolan adamlaryň-da az bolýanlygyny biz bellemelidiris. Bu jähtden, bu ýagdaý hem umuman gözelligiň az bolýanlygyny subut edýär. Sebäbi her bir

adam üçin gözel zat ilki nilen onuň öz hususy ýaşaýşydyr. Her bir adam ölümden, ýoklukdan gorkýar, her bir adamyň bar bolmak baş maksady we idealydyr.

Soňra, N.G.Çernyşewskiý gözelligiň sungatda we tebigatda durnukly ýa-da durnuksyzlygy meselesine geçip, şeýle ýazýar: „Tebigatda gözellik geldi-geçerdir. Sungatda bolsa ol köplenç ebedilikdir. Bu dogrudyr, emma hemme wagt däl. Sebäbi sungat eserleri hem zamana tötänliklerinden heläkçilige we zaýa bolmaklyga ukyplydyrlar. Grek lirikleri biziň üçin heläk boldular.Apellisiň kartinalary, Lizippiň tymsallary-da heläkçilige uçradylar. Emma munuň bilen kanagatlanman, tebigata degişli bolmadan köp sungat eserleriniň ebedi däldikleriniň sebäbine geçeliň. Tebigat garramaýar, solan önümleriniň deregine täzesini öndürýär. Sungat bolsa, bu täzeden öndürmek we täzelenmek ukybyndan mahrumdyr. Ony öndürmegiň üstünden wagt hem yz galdyrman geçmeýär.Poeziýa eserlerinde deslap dil könelýär. Şu sebäbe görä, biz Şekspirden, Danteden, Wolframdan lezzetlenip bilmeýäris. Bir topar pikirler, obrazlar, priýomlar hem wagtyň geçmegi bilen düşnüksiz bolup galýarlar. Şahslar, hadysalar baradaky ümlemeler, şol döwre degişli bolan ýagdaýlar könelip, düşnüksiz bolýar. Köp zatlar reňkini ýitirýär, tagamsyz bolup galýar. Alymlar, kommentatorlar öz döwründäki adamlar üçin düşnükli bolan ähli zatlary şol derejede düşnükli edip bilmeýärler. Munuň üstesine şuny

urmak gerek: alymlar, kommentatorlar hem estetiki lezzetlenme bu iki sany gapma-garşy zatdyr. Şol alymlaryň üsti bilen olaryň eserleriniň ähli halka ýetýänligi hakynda-da gepläp-de oturmaly däl. Has ähmiýetlisi: medeniýetiň ösmegi we düşünjeleriň özgermegi bilen bütin gözellik poeziýa eserinden aýrylýar. Kämahallar bolsa olar bir ýakymsyzzada, hatda ýigrenji zada öwrülýär. Rim şahyrlarynyň iň göwnipesi bolan Wirgiliň eklogalaryndan başga mysallar görkezmek islemeýäris.

Poeziýadan beýleki sungatlara geçýäris.

Saz eserleri haýsy saz gurallaryna niýetlenilip döredilen bolsa, şol saz gurallarynyň könelmegi bilen könelýär. Suratkeşlik sungaty-da, saz sungaty-da, arhitektura-da 100-150 ýyl geçenden soň solup könelýär. Şu wagtky sungat hem elli ýyldan soň gülki döreder.

Munuň sebäbi açykdyr. Zamana özgerýär, wagtyň geçmegi bilen durmuş özgerýär, emma durmuşy adamlar üçin gaýypdan bir güýç gelip özgertmeýär, eýsem ony adamlaryň özleri özgerdýärler. Durmuşyň özgermegi bilen adamlaryň estetiki sulhy-da özgerýär. Ilki bilen şu ýerde Çernyşewskiniň bir ýagdaýynyň üstünde durup geçmelidiris. Çernyşewskiý birinji nobatda çeper eserde diliň könelýändigini, şonuň üçin hem soňky asyrlaryň adamlary dili könelen eserlerden lezzet alyp bilmeýändiklerini belleýär. Munuň özi hemme halatda şeýle däl. Umumy bir uniwersal kanun, ol-da bolsa

olki bilen adamlaryň zamananyň täzelenmegi netijesinde estetiki işdäleriniň özgermegi bilen çeper eseriň öz estetiki hilini ýitirýänligidir ýa-da gowşadýanlygydyr.

Diliň könelmegi hakdaky Çernyşewskiniň pikiri käbir eserlere doly degişli we käbir eserlere az häsiýetlidir. Alyşir Nowaýynyň lirikasy şol durşuna hiç bir türki halkyndan bolan ýönekeý okyja lezzet bermeýär. Sebäbi dili könelişipdir hem arap-pars sözleri bilen ýüki ýetirilipdir. Emma, Hafyz, Sagdy, Husrow Dihlewi, Firdöwsi häzir hem özleriniň estetiki häsiýetlerini, güýçlerini, esasan, saklaýarlar. Sebäbi, ýeke bir dilleriniň köp özgerişe sezewar bolmanlygy üçin däl, özleriniň estetiki tagamlaryny hem, esasan, saklandygy üçindir. Köne döwürde medeniýete öz aýak basan halklaryň dilleri tä şu wagta çenli düýpli özgerişlere sezewar bolman geldi, sebäbi, olaryň dillerindäki gazanylan üstünlikler öz mahalynda ýazuwlary bolany üçin registrirlendi, dil üstünlikleri ýazuw üsti bilen nesilden nesle geçip geldi. Şunuň netijesinde olaryň dilleri az özgerişlere sezewar boldy. Köne döwürde ýazuwlary bolmadyk, ýa-da ýazuwlary bolsa-da, ýazuw bilen köp iş salyşmadyk halklar öz wagtynda dil üstünliklerini çeper edebiýat we gaýry eserlerde ýeterlik derejede registirläp bilmedik halklaryň dili özgerişlere köp sezewar bolup, olaryň dilleri tiz köneldi. Çeper eserleriň dilleri barada gürrüň gidende şu ýagdaý hem göz öňünde tutulmalydyr.

Zamanyň geçmegi bilen, edebi eseriň öz estetiki hilini ýitirmegi bilen onuň gymmaty ýok bolup gitmeýär. Bir gymmat zadyň ölmegi bilen onda ýaňadan başga bir gymmat zat döreýär. Estetiki täsirini eser ýitiren mahalynda ol taryhy dokumente öwrülýär-de bu nukdaýnazardan janlanýar. Bu eser nähili-de bolsa, belli bir döwrüň jemgyýetçilik pikirini, aňyny özünde saklaýar, şol döwrüň adamlarynyň pikirleniş obrazyndan bir nusga bolup galýar-da, barlag we öwreniliş obýekitine öwrülýär. Munuň özi birnäçe jähtden ähmiýetlidir. Birinjiden, adamlar, ýagny ylym adamlary umuman, ylym hiç wagt geljegi öwrenmeýär, ol hemişe geçmişi öwrenýär, sebäbi gelmedik zady, ýok zady nähili öwrenmek bolar? Ylym diýilýän zatlaryň özi biziň geçmiş hakyndaky pikirlerimiziň sistemasydyr, diňe geçmişiň tejribeleri bilen biziň aňymyz röwşendir. Şu nukdaýnazardan, barlag obýektine öwrülen eser, ol öz estetiki täsirini ýitiren-de bolsa, gymmatyny ýitirmeýär. Ikinjiden adam haýwandan aň-düşünjesi bilen, ýagny, özüniň geçmişini bilýänligi bilen tapawutlanýar. Bir asyr mundan öň ölüp giden goýunlaryň nähili goýunlar bolandygyny şu wagtky goýunlar bilmeýär, eger adamlaryň ýa-da adamlar toparynyň, halkyň geçmişinden habar berýän eserler bolmasady, onda olary näme bilen aklap bolardy. Diýmek, estetiki täsirini ýitirmek bilen, çeper edebiýat eseri özüniň gymmatyny ýitirmeýär. Şu ýerde ýene bir ýagdaýy göz öňünde tutmak gerek. Geçmişimizden

gaty köp miras alan halklarda çeperçiligi ýa-da pikir belentligi pes bolan eserlere onçakly ähmiýet berilmeýär, emma medeni geçmişi garyp bolan halklar üçin şol-da gymmatly bolup durýär. XVI-XV asyr türkmen şahyry Ymaduddin Nesimi bütin eserlerinden ynsan gözelligini we ynsan gojamanlygyny wasp edip geçipdir. Ol eserleriniň birinde şeýle ýazýar:

Eý nury dilu-dide, didaryňa muştagam,
Eý ýary pesendide, didaryňa muştagam.
Eý mahy peri peýker, weý hury melek menzer,
Eý lagly lebiň köwser didaryňa muştagam.
Eý çeşmeýe heýwanym, sensiz pederim janym,
Eý ýary wepadarym, didaryňa muştagam.
Eý dilberu dildarym, sen-sen ebedi ýarym.
Eý ýary wepadarym, didaryňa muştagam,
Eý derdime sen derman, ten göwre, yşkyň bir jan,
Eý täze güli handan, didaryňa muştagam.
Eý jöwheri nahaýatsyz, weý husny bedaýatsyz.
Wallaki bi gaýatsyz didaryňa muştagam
Eý rähmeti ylahy, eý hadyýe gümrahi,
Sen sen huplaryň şahy, didaryňa muştagam.
Eý şemsu kamar ýüzli, şirin dodagyň duzly
Eý şähdu şeker sözli, didarňa muştagam.
Eý jümle jahan jany, aşyklaryň imany,
Eý simu göwher käni, didaryňa muştagam.
Eý sahyby tahtu täç, janym janyňa mätäç,
Eý görükli ýüzüň magraç didaryňa muştagam.
Eý nury semawaty, weý mezheri aýaty,

Eý jümle jahan zaty, didaryňa muştagam.
Eý yşkyna dürefşany, eý bilbili bostanym,
Eý nergesi mestanym, didaryňa muştagam.
Eý dilberi simin ten, sen jany Nesimi sen,
Eý serw, gülu gülşen, didaryňa muştagam.

Nesimi özüniň şu ajaýyp setirlerinde türkmen aýalynyň görküni wasp edýär we adam görküni bütin din tarapdan öňe sürlen ylahy görke garşy goýýar. Nesimi adamlara ýüzlenip, siz din tarapyndan öňe sürlen görkleri hiç haçan ol ýerden tapyp bilmersiňiz, ol görkleri diňe siz adamyň keşbinde tapyp bilersiňiz, adam diňe kämildir, nur – da, hudaýyň rähmeti diýilýän zatlar – da, şeker ýaly süýji zatlar – da, ynsana dirilik bagyşlaýan aby – haýat – da, gümra bolanlary ýola salýan – da – ähli şu dinden agtarylýan zatlary adam diňe adamdan tapyp biler diýýär. Nesiminiň bütin lirikasy ynsan gözelligini, ynsan gojamanlygyny din gözelligine, din “gojamanlygyna,, garşy goýmak ideýasy onuň aşakdaky dört setirinde jemlenipdir:

Suraty hakdan yşaratdyr ýüzüň
Ähli töwhide beşaratdyr ýüzüň,
Hajy ähramy zyýaratdyr ýüzüň,
Jümle eşýadan ybaratdyr ýüzüň.

Nesimi görk diňe adam görküdir, adamyň ýüzi ähli zatlara häsiýetli bolan görki özünde jemleýändir diýýär. Nesimi adamlara gygyryp, uzak ýere gitmäň,

biderek ýere hakykatyň gözelliginde azap çekmän, hakykat, görk ynsanynyň özüdir we özündedir diýýär. Omar Haýýam rubagylarynyň birinde şeýle diýýar:

Jemşid jamyn gözläp jahany sökdük,
Gije – gündiz ýatman, dünýäni dökdük,
Bildik jam waspyny söýlände ussat,
Ol özümiz eken – nähek jan çekdik.

Omar Haýýam – da şu setirlerinde hüýri, perini, bütin dünýäni röwşen edip duran Jemşit jamyny we gaýrylary başga ýerden gözläp, adamzadyň gümralykda, köp azaplar içindedigini beýan edýär. Hakykatdan bolsa peri – de, hüýr – de, dünýäni röwşen edýän akyl Jemşit jamy – da adamyň özi.

Nowaýynyň „Lisanuttaýr“ atly eserinde guşlar öz patyşalaryny tapmak üçin aýaga galýarlar. Olar öz patyşalarynyň Kapdagynda ýaşaýandygyny eşidip, ol ýere bütin toplumlary bilen bilen gitmekçi bolýarlar. Guşlaryň bir topary ýol görgülerinden gorkup, başda özleriniň bu maksatlaryndan bir bahana bilen dänýärler.Ýol gaty uzak, suwsuz çölleri, belent daglary diş – dyrnak bolup aşmasaň eýgerder ýaly däl. Köp – köp guşlar bu howply ýollara ýaraman, çydaman, ýolda dokülip galýarlar ýa – da öz niýetlerinden geçýärler. Ahyrynda uzak wagtlyk, çydamsyz görgülerden soň otuz sany guş Kapdagyna ýetip bilýärler. Olar ol ýerde hiç bir guşlaryň patyşasyny görmeýärler. Diňe aýna ýaly dury köle

gözleri düşýär. Şol kölde ol otuz guşuň suraty şöhlelenýär. Kapdagynda otuz guşlar özlerinden başga zat görmeýärler. Simorg atly olaryň gözläp gelen patyşalary özlri bolup çykýar. Nowaýynyň şu eserinde hem eger adam öz hümmetine daýanyp, jepalarda gorkman, kämilligiň, hakykaty tapmagyň ugrunda jan çekse, ol şol belent mertebäni diňe özünde tapyp biler diýen ideýa öňe sürülýär.

N.G.Çernyşewskiý bütin duýulýan dünýäde iň gymmat zat adamdyr, beýleki zatlar adama gerek bolup bildigi derejede gözellik ähmiýetine eýedir diýýär. Şeýle hem Çernyşewskiý gözel zat bu ýaşaýyşdyr, ozaly bilen ynsanyň öz göwni isledigiçe bolan ýaşaýyş, bolmasa her hili ýaşaýyş. Çünki her bir ýaşaýyş, her hili ýaşaýyş ölmekden gowudyr diýýär.

Ozaly bilen, adamyň öz islegiçe bolan ýaşaýyş gözel bolsa, onda gözellik düşünjesi hökmany suratda azatlyk düşünjesi bilen bagly bolýar. Çünki adam azat bolmazdan, hiç haçan özüniň köňlüniň isledigiçe bolan ýaşaýyşy alyp bilmez. Şu ýagdaýy, hatda guşlaryň we haýwanlaryň tejribesinde hem görmek bolýar. Guşlar öz erkine birsalym hem kapas içinde galmaýar. Olar kapas içinde saýramaýarlar hem.

Şu ýerde Çernyşewskiniň ýene bir ýagdaýy barada durup geçilse makul boljak. Çernyşewskiý adamyň tebigatyň başarýan zadyny başarmaýandygyny aýdýar, adam, hatda tebigat ýaly bir purtukal ýa-da alma-da döredip bilmeýär diýýär. Bu dogry, ýöne tebigatyň hem adamyň öndürip bilýän

zadyny öndürip bilmeýändigini bellemelidiris. Adamyň öndürip bilýän zatlarynyň birini-de tebigat öndürip bilmeýär. Munuň sebäbi näme, birinjiden, tebigat sansyz köp taraplydyr, ol taraplaryň her biriniň öz netijesi, öz önümi bardyr, biriniň netijesini beýleki gaýtalaýan däldir. Meselem, erik agajy nar öndürmeýär, diňe erik öndürýär.Adam-da tebigatyň bir görnüşidir, şonuň üçin oltebigatyň hemme tarapy bolup bilmez, emma ol tebigatyň ähli beýleki taraplaryndan köp dürli zat öndürýän görnüşidir. Adam tebigatyň beýleki öndürýän zatlaryny öndürmese-de, onuň öndürýän zady özüniň görki boýunça asla tebigatyňkydan kem däl. Agajyň ýapragy biri-birine meňzeş bolsa-da, oalryň arasynda simmetriýada we gaýry taraplarynda birazajyk tapawut duýmak bolýar. Adam hat ýazan mahalynda hem tebigatyň şol kanuny gaýtalanýar. Onuň kärhanada standartlaşdyryp çykarýan zatlary bolsa kämillikde aýyl-saýyl tapawutlanýar. Adam tebigatyň bir görnüşi hökmünde tebigatyň beýleki bir görnüşi bilen deňeşdireniňde biçak köp operasiýalary amala aşyrýar. Ine, şu ýerde hem adama mahluklar başy, barlyk äleminiň patyşasy bolup durýar. F.Engels „Tebigat dialektikasy“ diýen işinde adamy maýmynçylyk döwründäki eliniň gödek hereketleri bilen şu günki iň inçe operasiýa bolan ownuk hatlary, harplary biri-biriniň yzyndan getirip ýazýan adamyň eliniň amala aşyrýan operasiýasy bilen deňeşdirip, onuň örän inçe hereketlere ukyplydygyny açyp

görkezýär. Hawa, elbetde, adam tebigatdan güýçli bolup bilmez, adam tebigatyň ähli döreden zadyny döredip bilmez, sebäbi, ol tebigatyň diňe bir tarapy bolup, nähili hemme tarapyň döredýän zadyny döredip bilsin.

Adamyň öndürýän zatlary onuň diňe öz hajatlaryndan ugur alýar. Öz hajatyny öndürip bilýän adam, halk öňdebaryjylar. Öz hajatyny öndürip bilmeýän adam, halk yzagalakdyr. Tebigat kanuny boýunça bir adam diňe bir zady öndürip bilýär. Emma her bir adamyň hajaty ýüzlerçe. Ähli hajatlary kanagatlandyrmaküçin başga zatlar öndürýän beýleki adamlar bilen adam alyş-çalşyga mätäçdir. Pul şu alşyk-çalşygy amala aşyrýar.

Çernyşewskiý hakykat fantaziýanyň obrazyndan hemişe janlyrakdyr, fantaziýanyň obrazlary bu öçük we şowsuz gaýtalanmagydyr. Elbetde, adam bu ýerde hakykata öýkünýär, hiç bir öýkünme doly bolup bilmez, doly zat diňe şol wakanyň, predmetiň, hadysanyň özüdir. Şeýle-de bolsa, öýkünilen hakykatdan başga bir hakykat emele gelýär, edebi eser hakykaty, onuň ykbaly-da, umuman alanyňda, beýleki tebigatdaky we jemgyýetdäki hakykatyň ykbaly ýalydyr diýýär.

Çernyşewskiý sungat eseri durmuşdaky gözellikde bir kemçilik bolup, şol kemçiligi doldurmäk üçin döremeýär diýýär. Emma, hakykatda zerurlyk ýüzünden döreýän sungat eseri, şahyrana eser hökmany suratda durmuş täzeligindäki bir kemçiligiň

üstüni doldurmak üçin döreýändir. Adam özüniň tebigaty boýunça düşünjelidir. Düşünje bolsa öz kanunyny ýüze çykarmalydyr. Düşünjeli adam özüniň durmuşyny hökmany suratda düşüner ýaly ýazmalydyr. Ine, şu zerurlykdan hem sungat eseri, edebiýat eseri has hem ýüze çykýar.

Çernyşewskiý tebigat garramaýar, sungat eseri garraýar diýýär. Tebigat elbetde, umumy alanyňda ebedilikdir. Ol hemişe-de, mydam hem boljak, ýöne öz görnüşini hemişe özgerdip durýar. Tebigatyň aýry-aýry taraplaryny alanyňda bolsa, olar hem sungat eserleri ýaly könelýärler. Meselem, agaç garraýar, ýok bolup gidýär, onuň deregine başga agaç ösüp ýetişýär, adam ölýär, onuň deregine biri dogýar. Bir sungat eseri könelse, başga bir sungat eseri döreýär. Tebigatdaky taraplaryň özgermeginiň haýallygy ýa-da çaltlygy olaryň ululy-kiçiligine baglydyr. Kiçi zatlaryň özgermegi görnüp durýar. Uly zatlaryň, ýeriň, aýyň özgermegini ýönekeý adam saýgaryp bilmeýär. Ýer mysal üçin, birnäçe million ýyl mundan öň şu bolşundan has kiçi bolupdyr.

Ylmy eseriň durnuklylygy mazmunyna garap sungat eserine garanyňda has uzak wagtly bolýar. Bir asyr mundan öň döredilen çeper eserleriň estetiki hili bir az özgerdi, köneldi. Sebäbi ylmyň özi gaty kyn ugur, onuň belentligine ýetmek diňe durmuşyň beýleki hözirlerinden geçip, bütin ömrüňi ylma bagyşlap, diş-dyrnak bolup çalyşmak bilen miýesser bolýar. Beýle pidakärlige bolsa hemme adam razy bolmaýar. Eger

her bir ylym meýdanyna gelen adam geniler ýaly bolup bilýän bolsady, onda ylmyň täzeligi hem uzaga çekmezdi. Ylmy eseriň ebediligi ine, şu ýerden gelip çykýar.

N.Çernyşewskiý bir ýerde tragediýany kesgitläp şeýle diýýär: „Tragediýa bu adamyň başyna düşýän beladyr. Durmuşda we sungatda tragediýany şeýle görkezmek dogry kesgitleme ýaly bolup görünýär. Ýöne sungat eseriniň köpüsi munuň üstüne şuny goşmaga esas berýär: Adamyň başyna düşýän bela azda-köpde tutulgysyz bolmalydyr. Emma sungat eseri bu belany hemişe tutulgysyz görkezende onuň näderejede adalatlydygy şübhelidir“. Soňra, Çernyşewskiý gülkünç komiki hadysalary, zatlary kesgitläp, şeýle diýýär: „Komediýa bu obrazyň ideýanyň üstünden agdyklyk etmesidir. Başga söz bilen aýdanyňda, mazmunly görünjek bolýan we real many dawasyny edýän formanyň içinde gizlenmek içiboşlukdyr“. Çernyşewskiý bu ýerde komiki we gülkünçligi ikä bölýär. Ownuk we samsyk gülkünç zatlar gojamanlygyň garşysynda durýarlar we şykgatsyz, gabahat komik zatlar we hadysalar gözelligiň garşysynda durýarlar diýip, ol aýdýar.

Çernyşewskiniň pikirleriniň içinde şu ýokarky mesele barada öň aýdylyp geçilen bir pikiri ýatlamagy has zerur hasap etdik. Çernyşewskiý kämahallar könelen sungat ýa-da poeziýa eseri ýigrenç zada öwrülýärler diýip, kesgitläpdi.

Könelen poeziýa eseri ýigrenç zada öwrülmeýär, dilçilik nukdaýnazardan öz ähmiýetini saklaýar. Ýöne şu ýigrenç zada öwrülýän köne zatlar, birinji nobatda durmuşa degişlidir. Hut durmuşda geçmişiň galyndylary ýigrenç zatlara öwrülýärler.

Estetikanyň kanunlary boýunça duýulýan dünýäde hemme zatdan gözel adamdyr diýilse-de, hemme adamlaryň deň derejede gözellik häsiýetine eýe däldigini, hatda olaryň içinde etiki taýdan hem estetiki taýdan gabahat, pis we betşekil adamlaryň bolýandygyny bellemelidiris. Munuň üstesine şu meseleleriň synpy häsiýetini-de nazara alsak, onda kim üçin, ideal bolan adamynyň, kim üçin iň ýaramaz adam bolup durýandygynyň tebigy zatdygyny bellemelidiris.

Ozal bellenilip geçilişi ýaly, çeper edebiýatda gözellik bu formanyň we mazmunyň birligi we bitewiligidir. Şu kanun aňly-düşünjelimi ýa-da öz akymyna, garaz nähili bolsa bolsun köplenç halatda häzirki zaman hem geçmiş edebiýatynda göz öňünde tutulýar. Bu diňe käbir halatlarda personažlaryň obrazynda bozulýar. Tahyryň, Zöhräniň, Artygyň, Aýnanyň, Hoşgeldiniň, Baharyň içi gowy, daşy-da gowy. Garabatyryň, Italmazyň daşy-da erbet, içi-de. Ýöne ynha Sagdy adamyň daşky we içki birliginde, onuň etiki gözelligini birinji plana geçirýär. Ol „Adamyýet“ diýen goşgusynda: adamyň bedeni onuň ruhy bilen gymmatlydyr. Adamlygyň nyşany egnindäki zyba geýimi däldir. Eger adamlyk göz bilen,

dil bilen, gulak bilen, burun bilen bolsa, onda adam bilen diwara çekilen suratyň arasynda näme tapawut bolup biler. Eger şu ýyrtyjylyk häsiýet seniň tebigatyňda ölsedi, sen adamlyk ruh bilen edebi ýaşardyň diýýär. Sagdy bu ýerde diňe adam özüni deslap içki gödeklikden halas etmeli diýen ideýany öňe sürýär. Ýöne adamynyň özüni daşky gödeklikden boşatmalydygyny başga ýerlerde Sagdy tekrarlap belleýär.

Türkmen klassyky edebiýatynda öň görlüp geçilen belent obrazlaryň hatarynda etiki we estetiki taýdan kämilligiň diametral garşysynda duran obrazlar hem işlendi. Bu obrazlar Garabatyr, Babahan patyşa, Şaapbas, Bagban şugulçy we şuňa meňzeş obrazlardyr. Awtorlar patyşa obrazlarynyň gabahatlygyny kesgitlän mahallarynda olaryň söýginiň, adam azatlygynyň duşmanlarydygyndan ugur alýarlar. Olar zalymlar, adamlar üçin dünýäniň sapasyny, eşretini, hözirini ýoga çykaryjy ýaşaýyş duşmanlary. Görküň absolýut hakykatdygyny ýene bir zat subut edýär. Patyşalar söýgülileriň duşmanlary hökmünde görkezilse-de, hiç bir awtor olary görküň duşmany hökmünde görkezmäge ýürek edip bilmändir. Olar görki özleri üçin tassyklaýarlar, emma köpçülik üçin inkär edýärler. Bu patyşalar sapaly baglarda ýaşamagy, altyn köşkler gurdurmagy, ol baglaryň içinde dünýäniň iň owadan perizatlaryny öz töwereklerine üýşürmegi öz ýaşaýyşlarynyň maksady we idealy hasap edipdirler. Şaapbas tanamazdan, öz

gyzynyň görküne aşyk bolýar. Husraw patyşa Bilbilgöýäni getirmek üçin ogullaryny pida edýär. Husrow Şiriniň, Merýemiň, Şekeriň arzuwy bilen ömri boýunça selpeýär.

Şeýle bir halatlar bolýar: adamlara nämäniň gabahatdygyny, nämäniň betşekildigini görkezmezden, olary gözellige tarap alyp gidip bolmaýar diýip, Gogol öz eserleriniň birinde belläp geçýär. Türkmen klassyky edebiýatynda aýal gözelligini işlemekde şahyrlaryň nähili işler bitirendigininiň bir kysmyny ýokarda görüp geçdik. Şular bilen birlikde ol awtorlar aýallarda bolan antiestetiki we antietiki halatlaryň, hilleriň we sypatlaryň üstünde durup geçip, aýal gözelligine şikes ýetirýän bir topar hilleri we ýagdaýlary ýüze çykarýarlar. Magtymguly özüniň „Durasyň geler“ diýen goşgusynda: kagyzdan ak bolmagy, süýji dilli bolmagy, edepli, ekramly bolmagy gözeliň baş alamaty hökmünde görkezýär. Şeýle gözel bilen adam tä ölinçä bile ýaşap biler diýen ideýany öňe sürýär. Diýmek, eger adam gaty görkli aýala öýlenip bilse, şol görküň özi maşgalanyň hemişelik bolmagynyň bir şerti bolup biler. Şular bilen birlikde, Magtymguly aýalyň antiestetiki tarapyny şeýle suratlandyrýar:

Bardyr gözel sirke basar saçyny,
Artmaz, ýuwmaz tabagynyň daşyny,
Sylamaz atasyn, ene, ýaşyny,
Anyň hyzmatyndan gaçasyň geler.

Päkizelik we arassaçylyk gözeliň we gözelligiň aýrylmaz agzalarynyň biridir. Päkizelik we arassaçylyk adamynyň işdäsini açýar we özüne tarap çekýär. Şunuň bilen birlikde, kirlilik, üst-başyňy, gap-çanagyňy kirli saklamak işdäňi tutýar, adamlary özünden tesdirýär.

„Gül-Senuber“ dessanynyň awtory Şeýdaýy özüniň şu eserinde aýal gözelliginiň köp taraplarynyň üztünde durup geçmek bilen birlikde, aýal jynsynda gözellik kanunlaryna garşy bolan käbir şekiller, hiller, görnüşler barada hem durup geçýär. Ol özüniň „Seniň“ diýen goşgusynda dessanyň aýal personažlaryndan birini daşky keşbini şeýle suratlandyrýar:

Tarypyň eýlesem mämeli mestan,
Gazandan garadyr ýüzleriň seniň.
Gaşlaryň gylyçdyr, gulagyň galkan,
Şakäseýe ogşar gözleriň seniň.

Şeýdaýynyň estetiki garaýşy boýunça ýüzleriň hüýt gara bolmagy, gaşlaryň gür we ýaýraň bolmagy, gulaklaryň uly, gözleriň okara ýaly bolmagy betnemalykdyr. Soňra, Şeýdaýy sözüni dowam edýär:

Saç bagyň ýylandyr, katdyň minara,
Gollaryň ogşaýyr şahy çynara,
Maňa bakyp, köp sözleme bir para,
Zäherden ajydyr sözleriň seniň.

Awtoryň estetika kriterisinde aýalyň boýunyň çenden aşa uzyn bolmagy, golaryň çynaryň şahasy ýaly sallanyp durmagy-da betnemalykdyr. Awtor bu betnema aýala ýüzlenip: seniň sözleriň meniň üçin zäherden hem ajydyr, näzleriň bolsa taýakdan hem gatyrak diýýär. Sebäbi şeýle aýaly adamyň işdäsi almaýar, keşdi çekmeýär, sulhy götermeýär.

Kemine ýaman heleýiň obrazyny özüniň „Ýaman heleý“ diýen goşgusynda etiki nukdaýnazardan işläp çykypdyr. Keminäniň etiki we estetiki düşünjesi boýunça ýaman heleýiň sypatlary: onuň hünärsizligi we işe ukypsyzlygydyr. Şonuň bilen birlikde, ol gybatkeş bolup, mydam iliň gepini gezdirýär (Şu tipi türkmen sowet edebiýatynda „Bally molla“ powestinde Anna pilpiliň aýaly Akjemalyň obrazynda Agahan Durdyýew işläpdir). Öýde maşgala başlygynyň gazanan girdejilerini hem sarpaly tutman, ýere dökýär. Ol öz geýim-gejimlerini hem aýawly saklaman, basym sandan çykarýar. Onuň ýakasy hem hemişe kirdir, beýle aýalyň gepiniň hem ugry bolmaýar. Keminäniň pikiri boýunça şeýle aýallar ärleriniň abraýlaryny dökýärler. Şeýle aýal bilen ýaşamak dünýäniň hözirlerinden mahrumlykda ýaşamak we mydama ruhy azapda ýaşamakdyr. Kemine „ýamandan al boýuň satyn“ diýmek bilen, şeýle aýal adama duşan bolsa ondan aýrylyşmak bilen gutulmak bolar diýen ideýany öze sürýär. Şuňa

golaýrak pikir F.Engelsde-de bar. Engels sudsuz aýrylaşmagy öňe sürýär.

Keminäniň etiki we estetiki düşünjesi boýunça gezendelik aýal üçin gelişmeýän taraplaryň biridir. Aýal näçe görkli bolsa-da, ol gapyda, bu gapyda köp görüniberse, ol öz görküniň gymmatyny nazarlarda ýitirer. Irizende bolsa, adamlar oňa „gel“ hem diýmezler. Soňra köp iýermen bolmaklyk hem aýal üçin gelişmeýän sypatlaryň biridir. Keminaniň bu pikirini: „Eý agalar ýaman heleýiň ýüzi, gözi bagyr ýaly. Iýse doýmaz sygyr ýaly“ diýen halk aýdymynda hem görmek bolýar. Köp iýmeklik aşa semremeklige eltýär. Netijede aýalyň bedeni öz tagaşygyny ýitirýär, beden agzalary aýyl-saýyllykda ýüze çykyp bilmeýär, ýüzler bagyr ýaly gödek bir zada öwrülýär, bütin göwre mylkyldap ýatan suw doly meşige öwrülýär. Ine, şunuň üçin hem Kemine iýermenlige garşy çykýar. Ýeňilaýaklyk we ýeňilkellelik, jahyl görende ýörişini we beýleki maneralaryny üýtgedip durmak hem Keminäniň pikiri boýunça aýalyň gymmatyny peseldýär. Reňki gara bolmak ýa-da sygyr ýaly uly göwreli bolmak ýa-da mydam bimar ýaly gözleri ukudan açylmazlyk hem aýallaryň gelşiksiz taraplarydyr. Gury agaç ýaly bütin süňk beden bolmak, ýa-da hamyr ýaly mylkyldap duran bedenli bolmak hem owadanlyk däldir. Gykylykçy aýaly Keminäniň pikiri boýunça hiç zat bilen, hatda urmak bilen hem terbiýeläp bolmaýar.

Aýallaryň şuňa meňzeş bir tipiniň obrazyny B.Kerbabaýew „Aýgytly ädim“ romanynda Mamanyň obrazynda işläpdir. Mama hemişe uklap, wagt geçirmegi gowy görýär, onsoňam ýalan sözleýär. Kim ony oýandyrsa, „ýap-ýaňyja irkilipdirin“ diýýär. Sebäbi mydam kesel ýaly uklap, işsizlik bilen gün geçirmegiň gelşiksizligini boýun almajak bolýar. Ol juda ýalta. Onuň bedeni hem hamyr ýaly mylkyldap ýatyr. Türkmen halkynyň arasynda “gelişýär ýa – da gelişmeýär„ diýen söz giňden ulanylýar. Bu söz halk aňy boýunça gözellik we owadanlyk düşünjeleri bilen baglanyşyklydyr. Meselem: „Bu geýim saňa gelişýär ýa – da gelişmeýär“ diýsek, bu geýim seniň bedeniňe laýyk ýa – da laýyk däl, bu geýim saňa owadan oturýar ýa – da oturmaýar diýdigimizdir. Bu söz rus dilinde „подходить“ sözi bilen aňladylýar. Şonda – da rahatlyk, owadanlyk, laýyklyk diýen düşünjeleri öz içine alýar. Ýöne biz şu ýerde başga bir ýagdaýy belläp geçmekçi bolýarys. Türkmen dilinde „gelişmek“ sözi ýeke bir geýimiň we ýa gaýry bir şuňa meňzeş zatlaryň gelişigini, laýyklygyny, owadanlygyny, bap gelmegini aňlatman, eýsem adamyň häsiýetinde, özüni alyp barşynda ýüze çykýan hereketleriň gowudygyny ýa – da gowy däldigini, owadanlygyny ýa – da owadan däldigini, jemgiýet kadalaryna baplygyny ýa – da bap däldigini hem aňladýar. Meselem,: „eger onuň bu bolşy gelişikli däl, munuň märekäniň ortasynda gygyryp durmagy gelişmeýär“ diýsek, onuň bu boluşy gözel däl, ýa – da

onuň märekäniň ortasynda gygyryp durmagy jemgyýet kadalaryna bap gelmeýär, laýyk gelmeýär, gözel däl diýdigimizdir. Bu ýerde, bu halatda türkmen dilindäki „gelşiksiz“ sözi rus dilinde „некрасиво“ sözi bilen beýan edilýär. Meselem, «некрасивый поступок» ýa - da «так поступать некрасиво» diýsek, onuň bu etmişi gowy däl, jemgyýet kadalaryna laýyk däl, ýagny gözel däl diýdigimizdir. Rus dilinde şu ýagdaýyň özi „красивый“ ýagny „gözel“ sözi bilen baglylykda aňladylýar. Şeýlelikde, gelşiklilik diňe bir adamlaryň geýimine, gejimine, beden gurlyşyna, daşky keşbine degişli bolman,eýsem onuň gylygyna – da, jemgyýetde özüni alyp barşyna – da, beýleki adamlar bilen edýän aragatnaşyklaryna – da degişli bolup, ol, ýagny bu söz adamlaryň gylygyna – da, ädiminde, jemgyýetde özüni alyp barşynda, beýleki adamlar bilen aragatnaşygynda ýüze çykýan taraplaryň ýagşy ýa ýaman, zyýanly ýa zyýansyz, peýdaly ýa peýdasyz, gözel ýa gözel däldigini aňladýar. Halkyň arasynda dörän bu aňlatma ýöne ýerden gelip çykan däldir. Ol ýokarda sanap geçilen ýagdaýlar barada halkyň etiki we estetiki kategoriýalaryny özünde şöhlelendirýändir.

Türkmenistanda durmuşy realizm edebiýatynyň döremegi we ösüp kemala gelmegi bilen edebiýatyň estetiki tygy durmuşyň ähli sferalaryna tarap uzap, ol obýektiw suratda durmuşyň ähli masştabyny öz içine aldy. Bir wagt türkmen şahyry we klassyky edebiýaty üçin kadaly ýa – da owadan bolup görnen nesneler we

bolmuşlaryň bir topar tarapy, ylaýta durnuksyz taraplary öňki görüklerini ýitirip, gabahat zatlaryň hataryna geçdiler.

Türkmen poeziýasynyň görnkli wekili Mollamurt „Nuhuň eýýamyndan galan pis işler“ atly şygrynda:

Nuhuň eýýamyndan galan pis işler,
Täze durmuş gurýan ile ýaraşmaz.
Ýaz gününe ýaraşar ýagyş, ýyldyrym,
Gyş çillede joşgun sile ýaraşmaz.

Görnüşi ýaly, şahyr özüniň estetiki pikirlerini täze döwür, durmuş gurmak problemalary bilen baglanyşdyrýar. Ozaly bilen, zamanyň özgerendigini, hemme zadyň özgerýändigini öňe sürýär. Adamyň öz içki, ruhy halatlary boýunça – da we daşky keşbi boýunça – da çalt özgerýändigini we zamana laýyklaşýandygyny ýa laýyklaşmaýandygyny özüniň estetiki pikirlerinde baş prinsip edip goýar we täze döwürde köneden miras galan adatlar, däpler, ynançlar, düşünjeler we durmuş kadalary bilen sözüň dogry we doly manysynda ýaşap bolmajakdygyny öňe sürýär. Şeýle bolan wagtda durmuşda laýyklyk, kybapdaşlyk we ylalaşyk diýen prinsipleriň weýran bolýandygyny aýan görkezýär. Şonuň üçin hem adamlary, ylaýta – da türkmen adamsynyň gowy ýaşamagy üçin, gözel durmuşyň hözürini görmegi üçin, ol çaltlyk bilen özgermeli/ Ruhy taýdan we

daşky keşbi boýunça – da ol häzirki zamana laýyklaşmaly. Munuň üçin ony häzirki zamanyň talaplaryna laýyk etmeýän, kökleri galan, gelşiksiz hereketleri zyňyp taşlamaly we olar bilen ebedilik hoşlaşmaly. Sebäbi ol köneden miras galan ruhy, medeni ýa – da estetiki yzagalaklyk bilen hoşlaşmazdan, täze dünýä we täze ýaşaýşyň talaplary bilen laýyklaşmak, uýgunlaşmak bolmaz. Şeýle uýgunlaşma, özgerme bolmasa, onda medeniýetli durmuş, adam ýaly ýaşamak diýen zat hem bolmaz. Her bir zadyň öz döwri we zamany bar diýip, şahyr kesgitleýär.

Gyrmyzy don geýse başy papakly,
Sakalsyz murt goýsaň agzyň gapakly,
Palto, tužurkaly, çaryk, çepekli,
Baş aýagy her reň, ala ýaraşmaz.

Şu setirlerde Mollamurt aňly-düşünjeli suratda elementleriň arasynda ylalaşygyň bozulmagyny tankytlaýar we ýaraşyksyz hadysa hökmünde görkezýär. Ýöne sakalsyz murt goýmaklyk baradaky awtoryň pikirini hemmeler tassyklamaýarlar. Käbir adamlar sakalsyz murt goýýarlar we ony özlerine ýaraşykly we gözel diýip düşündirýärler. Şunuň bilen birlikde owadanlyk düşünjesiniň otnositel düşünjedigini bu fakt ýene bir gezek tassyklaýar.

Mollamurt şu goşgusynda holpy-solpulygy, gowuşgunsyzlyk hökmünde tassyklaýar. Gowuşgynsyzlyk-da bir hereket bolup, ol ýaşaýşyň gowşak we doly däldigini aňladýar. Şonuň üçin ol

gelşiksizlikdir. Geýimde epin bolmaklygy-da ol gelşiksizlik diýip görkezýär. Sebäbi epin ýylmanaklyga garşydyr, şunuň üçin-de ol gödeklikdir, adam bu gödeklikden özüni halas etmelidir. Klassyky edebiýatda liriki eseriň temasy kegitlenende köplenç belli bir durmuş wakasy saýlanman, näme „gerekdir“, ýa-da näme „ýagşy“, ýa-da näme „bolmaz“, ýa-da näme „ýaraşmaz“ diýen ýaly temalar saýlanyp alynýar. Şu kada uýgunlukda bu ýerde Mollamurt ähli ýaraşmaýan we garmoniýa kanunlaryny bozýan halatlary bir ýere jemleýär.

Her bir ýazyjynyň we şahyryň döredijiliginiň gymmaty ilki bilen onuň öz halkynyň durmuşyny çuňňur öwrenenligi, öz halkynyň bähbidi üçin nähili gowyy ideýalary, ähmiýetli meseleleri goýup bilendigi bilen düşündirilýär. Mollamurt türkmen durmuşynyň jümmüşine çuňňur aralaşýar, türkmeniň hajatlaryna dogry akyl ýetirýär we ony dogry saýgaryp bilýär hem onuň durmuşyny medeniýetleşdirmek we gözelleşdirmek üçin „näme etmeli“ diýen soraga dogry jogap berýär. Köne, gadymy gara öýler, agaçdan ýasalan kirli kersenler, gap-gara ýagly agaç çemçe, uly-uly agaç susaklar sosialistik döwrüň türkmeni üçin gelşiksizlikdir. Türkmeniň gadymy düşünjeli bolan: „Türkmeni tebigat howasy saklar“ diýen ideýasyny-da awtor tankytlaýar. Gadymy gurumly kepbeler, düzgünsiz salnan obalar, egri köçelerde ylalaşyk we garmoniýa kanunlaryny bozýarlar.

Ýokarky faktlardan görnüşi ýaly, Mollamurt estetiki problemalary durmuş bilen yhlasly baglanyşdyrýar, durmuşa täsir etmek, ony gözelleşdirmek ideýalaryndan aňly-düşünjeli ugur alýar. „Näme etmeli?“ Ol şu soraga jogap berip, bizi bir topar ýüpler bilen köne durmuşa baglap goýýar. Biz şol ýüpleri ozaly bilen gyrmaly, köne adatlary terk etmeli, täzelige aýak basylan döwürde aýalu-erkek, hemme täze durmuşy gurmaga aktiw gatnaşmaly halk öz gözel durmuşyny öz eli bilen gurmaly diýýär.Ýöne bu pikirler şol döwrüň edebiýatynyň sesi.Bu günki gün biz öz gadymy däp- dessurlarymyzy janlandyryp, dünýä nusgalyk mirasyň eýesi bolduk.

Ozal bir ýerde „adamyň gözellik kanunlary bilen döredýändigini“ belläp geçipdik. Agaç ussasy gapy-penjireleri owadan ýasamaga çalyşýar, jaý gurujylar arhitektorlar bilen birlikde jaýy owadan gurmaklyga çalyşýarlar. Altyn-kümüş ussalary ýüzügi owadan ýasamaga bar güýçlerini goýýarlar, tikinçiler geýmiň biçimini owadan çykarmaga jan edýärler. Altyn gözel zat, emma eger ondan ýasalan ýüzük owadan bolmasa, gymmaty egsilýär, sebäbi mazmun bilen formanyň arasyndaky ylalaşyk, birlik ýoga çykar. Tersine, örän gowy formada ýasalan kümüş ýüzügiň hem onçakly estetiki gymmaty bolmaýar. Sebäbi mazmun bilen formanyň ylalaşygy ýok. Gowy matadan tikilen holpy-solpy geýim ýa-da erbet matadan gowy, gelşikli tikilen geýmiň hem onçakly estetiki hili belent bolmaýar. Sebäbi bu ýerde mazmun

we formanyň ylalaşygy bozulýar. Ýazyjynyň iki sany aladasy bar. Biz, elbetde, bu ýerde estetiki nukdaýnazardan aýdýarys. Birinjiden, awtor hemişe gözellik kanunlary bilen döredip, durmuşy gözelleşdirmek isleýär, ýa-da durmuşyň gözelleşmegine täsir etmek isleýär. Ikinjiden, ol öz eserini gözel, ýokary hilli döretmek isleýär. Onuň şu iki aladasy bir alada öwrülýär. Onuň gözel älemi eserinde döreýär. Bu-da haçan-da onuň eseri gözel bolan mahalynda miýesser bolýar.Mollamurtuň düşünjesi boýunça adamlaryň ýeke bir durmuşyny gowulandyrmak ýeterlik däl. Durmuşdan doly hözirlenmek üçin olaryň aňyny hem gowulandyrmaly. Ýaşamak bilen ýaşamagyň arasynda giden tapawut bar, aňly adam bilen aňsyz adamyň ýaşaýşy deň däldir.

Her bir zadyň gowulygy, erbetligi, peýdalydygy ýa-da zyýanlydygy, belentligi ýa-da pesligi tejribede ýüze çykýar. K.Marksyň pikiri boýunça hiç kime onuň özi hakyndaky oýlary boýunça baha kesmek bolmaz. „Garganyň gaz balasy, her kimiň öz balasy“ diýilmegi ýöne ýerden däldir. Magtymguly hem „Kelhemeç hem öz oglanym gözel diýr“ diýip, sebäpsiz aýtmaýar. Agahan Durdyýewiň Bally mollasy hem özi hakynda gaty belent pikirde. Bally molla özüni hemmeden akylly, hemmeden belent, hemmeden görkli hasap edýär. Aýaly Bibijemaly bolsa özüne laýyk hasap etmeýär. Emma ussanyň özi hakyndaky bu baha kesmelerine tejribe makullamaýar. Aniestetik

predmetler, hadysalar we gylyklar garşylykly hadysalar bilen çaknyşanda ýüze çykan mahalynda adamlarda iki hili duýgy oýarýarlar. Olar eger-de jemgyýet üçin gaty zyýanly bolsa, ýigrenç duýgularyny oýarýarlar. Eger-de olar onçakly zyýanly bolman, ýumoristik häsiýet göterýän bolsalar gülki duýgularyny döredýärler. Şeýle bir halatlar hem bolýar: indiwid özüniň aýratyn sebäplere görä etiki we estetiki düşünjeleri bilen töweregindäki häkim etiki we estetiki garaýyşlardan ýokarda durýar. Oňa töweregindäki adamlar düşünmeýärler we düşünmek hem islemeýärler, düşünmäge ukyplary hem çatanok. Şeýle halatlarda eger indiwid töweregini äsgermezlik etse, onuň üstünden gülüp, öz gülkünçliklerini päş edip biler.

Bally molla eger özüne dogry baha berse, beýle bir gabahat adam hem däl. Ol kadaly işläp bilýän, kolhozyň işine ýaraýan adam. Emma ol özüne dogry baha berip bilmeýär. Ol biçak öwünjeň hem özüniň mertebesinden meýletin aşak düşüp, gyzlar bilen söýgi gatnaşyklaryny gurmak isleýär, şonuň bilen birlikde onuň özüni bezeýşi-de gülkünç. Ol welosipedini münüp „magşugyna“ ýaranjak bolup obanyň içinde eýläk-beýläk selpildeýär. Ne oba adamysy, ne-de şäher adamysy. Şonuň üçin onuň bolşy ýokarky halata-da girmeýär we oba adamlarynyň ol hakdaky gülküsi gözellik we ýumor kadalary bilen döreýär.

## Tebigat gözelligi we çeper kyssa

Biz ýokarda çeper edebiýatda jemgyýet hadysalarynda gözellik problemalarynyň bir topar taraplaryny barlap geçdik. Aşakda bolsa çeper edebiýatda tebigat hadysalarynda owadanlyk meselesini barlamak bilen onuň üstüni doldurmakçydyrys.

Gözellik tebigatda-da hakykatdyr. Ol adamyň aňynda asylgy bolmazdan, tebigatda bardyr we adama täsir etmäge , onda dürli-dürli duýgulary oýarmaga ukyplydyr. Jemgyýetde bolşy ýaly, tebigatda hem gözellik saýgarylmagy, aýyl-saýyl edilmäge, nämäniň gözel we nämäniň gözel däldigi öwrenilmäge mätäçdir. Mundan geçende, şu ýerde biziň öwreniş predmetimiziň sap tebigat gözelligi bolman, onuň edebiýatdaky tebigat gözelliginden ybaratdygyny bellemelidiris.

Ilki bilen, biz şu ýerde şeýle bir ýagdaýy bellemelidiris. Adamyň özi tebigatyň bir kysymy we onuň ýüze çykyşynyň bir formasydyr. Adam we onuň ýaşaýşy tebigat ýaşaýşynyň bir görnüşidir. Adamyň ýaşaýşy-da beýleki tebigy hadysalar ýaly tebigatyň içinde amala aşýandyr we tebigatyň içinde onuň ýaşaýşy düşnüklidir. Adam-da maddydyr, ýagny onuň bedeni tebigat maddalaryndan gurlandyr. Ol tebigat maddalarynda iýmitlenip, ulalýandyr we tebigat maddalarynyň täsirinden sökülip, ölüp, ýok bolup, ýene gaýdyp, şol öňki tebigat bilen birleşýändir. Bu birleşik bolsa ebedidir we adamyň tebigatyň bir bölegi, şonuň bir formasydygyny gepsiz-gürrüňsiz

subut edýän hakykatdyr. Men nämeden dörän bolsam, şol zat bilen hem iýmitlenip ulalmalydyryn. Meni iýmitläp ulaldýan zat maňa hezil hem berýändir. Meni haýsy zat gowy iýmitlendirip, gowy ulaldan bolsa, şol zat hem maňa has lezzetlidir.

Men özüm tebigatyň bir bölegi bolanym üçin tebigat maňa ýakymly we hezil berijidir. Eýsem-da bolsa, her kime belli zat: tebigat şahalara bölünende adama adam jynsy we her bir haýwana öz jynsy yssy gelýänligi-de şuny subut edýär. Adamyň tebigatdan adam formasyna geçmegi-de, ösüş prosesini geçip ulalmagy-da soňra gojalyp, onuň bedeniniň dargama prosesini geçip, ahyrynda ýok bolmagy-da-şularyň hemmesi onuň töweregini gurşap alan tebigatyň täsiri astynda amala aşýar. Tebigatda adamyň ýaşaýşyna, bedenine, saglygyna, keýpine, ýagdaýyna we ömrüniň uzalmagyna oňaýly hem oňaýsyz täsir edýän zatlar bar. Biz ozal bir ýerde gözellik diýen düşünjäniň ýagşy, ýaman, peýdaly, peýdasyz diýen düşünjeler bilen baglydygyny belläp geçipdik. Tebigatdaky adamyň ýaşaýşyna, keýpine, saglygyna, ömrüne oňaýly täsir edýän zatlar, hadysalar gözellik hiline eýedir. Şonuň üçin-de olar ýagşy, gowy, ajaýyp, peýdaly, ýakymly, oňat ýaly sözler bilen aňladylýar.

Çeper edebiýatda, ylaýta-da liriki eserlerde tebigat ýa-da tebigatyň bir bölegi wasp edilen mahalynda adamyň ondan alýan hözirleri ýüze çykarylýar:

Uzak ýerden görner belent haýbatly,

Ümürdir, dumandyr, gardyr bu daglar.
Jana rahat ýüz müň dürli nygmatly,
Hakdan gelen rahmat nurdur bu daglar,
Sowuk suwy hastalaryň dermany,
Jana şypa berer sagaldar jany,
Haladyň mesgeni, menzil, mekany,
Gyssanyp çagyrsaň, ýardyr bu daglar.

Ýaly setirlerde Misgingylyç daglaryň maddy nygmatlarynda adamlaryň alýan hözirlerini, hezilliklerini ýüze çykarýar. Emma, gözel zat adamda täsin galmak, eger ol öz beýikligi bilen gözel bolsa, üýşenmek ýaly duýgulary hem adamda oýaryp biler.

Mundadyr mekany periniň, döwüň,
Badyny ýatyrar duşmanyň, ýowuň,
Nal myhyny döker hem has bedewiň,
Gyçak-gyçak gara daşdyr bu daglar.

Tebigat ýeke gözellikdäl. Onuň görgüleri-de, azaplary-da bar. Has bedewleriň nal myhlaryny dökýän gara daş bolup duran daglar azaplar bilen hemradyr. Ýöne nähili-de bolsa, şol halatlaryň ynsana boýun egmez belentligi ony täsin galdyryp, gözellik döredýär.

Tebigat hadysasy çeper edebiýatda suratlandyrylan mahalynda hemişe onuň adama peýda ýetirýänligi nukdaýnazardan gözel hökmünde suratlandyrylman, eýsem köp halatlarda onuň

hadysalary adamzat durmuşynyň simwoly we obrazy hem bolup gelýänligi nukdaýnazardan hem suratlandyrylýar. Kä mahallar bolsa, bu iki ýagdaýyň ikisi-de birlikde bir ýerde öz beýanyny tapýar. Ikinji ýagdaý şeýleräk düşündirilse düşnükli bolarmyka diýýäris. Tebigat hadysalary özleriniň forma we mazmuny, şol hadysalaryň sany boýunça çensiz-çaksyz köpdür. Olarda haçan-da bolsa, ýa-da mydama özüniň formasy boýunça ýa-da özüniň mazmuny boýunça adamzat durmuşynda bolýan ýagdaýlara, häsiýetlere, gylyklara meňzeş, şolaryň haýsy-da bolsa biriniň simwoly, obrazy bolup boljek halatlary, zatlary tapmak bolýar. Şonuň üçin hem tebigat hadysalary adamzat durmuşynyň köp taraplaryny görkezmekde çäksiz-çaksyz baý çeşme we obraz magdany bolup durýarlar. W.Belinskiý bir ýerde ýaşyl ýaprak näme üçin görkli we solan ýaprak näme üçin görksüz diýen soraga jogap berip, birinjiden ýaşaýyş bar, ikinjiden bolsa ýaşaýyş ýok diýip düşündirýär. Şonuň bilen birlikde, ýaşyl ýaprak saglygyň we diriligiň simwoly bolup gelip biler, solan ýaprak bolsa, edebiýatda hemişe güýzüň, gaýgy-gamyň simwoly hökmünde görkezilýär. Diýmek, eger tebigat hadysalary birinjiden, adama ýaşaýyş berýänligi üçin, ony iýmitlendirýänligi üçin gözellik hiline eýe bolsa, ikinjiden, ol adam ýaşaýşyň obrazy bolup bilýänligi üçin gözellik ýa-da antigözellik hiline eýedir. Çeper edebiýatyň estetiki mahyýetini barlyga getirmekde şu ýagdaýyň özi juda belent roly oýnaýandyr. Sýužetli

proza eserlerinde iki hili obraz bardyr. Birinjisi eseriň baş gahrymanlary hökmünde çykyş edýän adamlar hem-de personažlar sypatynda hereket edýän aýry-aýry indiwidlerdir. Ikinjisi meňzetmeler görnüşinde ýüze çykýan obrazlardyr, metaforalar dilidir. Edebiýatyň estetiki mahyýetini, gözellik häsiýetini dünýä indirmekde ikinji obrazlar sistemasynyň roly birinji toparynyňkydan asgyn däldir. Ikinji obrazlar sistemasynyň gözellik we estetiki mahyýeti poeziýada has belentdir. Diýmek, kim çeper edebiýatyň gözellik mahyýetine gowy düşünse, şol estetiki mahyýetiň şu iki tipli obrazlarda ýüze çykýandygyna gowy akyl ýetirse, kim şol ikisini has doly, has baý, has reňkli, has öwüşginli barlyga getirip bilse, şol hem ýazyjydyr, şahyrdyr. Şu iki ýagdaý awtordan pikirlenmegi we zähmeti talap edýär. Pikir we zähmet bolmadyk ýerinde eser gözellikden boşdur. Ýokarda bellenilip geçilişi ýaly, bu halatlaryň ikisi kä mahallar bir tebigat ýagdaýynda birleşýär. Meselem: „Ertir ir bilen ýalpyldap duran, açyk günli howa soňabaka bozulyp ugrady. Belet ýoluny yzarlap, ýkarlygyna endigan süýşenekleýän gün al asmanda gara bulutlar bilen baş-başa söweşe girişdi. Ol iki ýana urnup, özüniň nurly gollaryny giň germäge maý gözleýärdi. Emma Kaspiý deňziniň üstüni syryp gelýän tapgyr-tapgyr gara bulutlar onuň öňüni tutup, şöhlesini saçmaga ýol bermeýärdi. . . . Anha ol ýene-de bir bölek gara buludyň aşak eteginden ýylgyryp çykdy. Onuň gözüňi deşip gelýän ýiti şöhlesi beýikli-pesli giň meýdany

sermeläp, uzakdan ümürlenip görünýän daglaryň ýüzüne çaýylyp gitdi. Älem-jahan ýagtyldy, tebigat görküne girdi. Emma ol uzak ýaýnamady. Günbatardan abanyp gelýän tükeniksiz gara bulut usul bilen golaý gelip, ony özüniň nemli gujagyna mäkäm gysdy. Tebigatyň güler ýüzi täzeden ümürlendi. Töwerek garaňkyrady. Gara bulut gitdigiçe goýulaşyp, soňabaka şanly günden nam-nyşan galmady“.

Gylyç Kulyýew özüniň eserinde dartgynly wakalaryň dowam edýän mahalynda tebigat keşbini gün bilen bulutlaryň çaknyşygyny adalat bilen zulmuň, eziji bilen zalymyň arasyndaky göreşe uýgunlaşdyryp suratlandyrýar. Kä tapgyr-tapgyr gara bulutlar günüň ýüzüni örtýär, kä bolsa günüň tyglary buludyň gara bagryny dilip, gana boýap çykýar. Şular bilen birlikde, awtor realizm prinsiplerine wepaly bolup hem galýar we ýerli koloriti dogruçyl beýan edýär.

Tebigat çeper edebiýatda suratlandyrylan mahalynda onuň ýerine ýetirýän funksiýasy gaty köptaraply bolýar. Eger ol käbir halatlarda belli bir zadyň ýa-da ýagdaýyň obrazy bolup gelip bir halaty açyp görkezse, başga bir halatda hiç bir zadyň obrazy bolup gelmän hem gahrymanyň içki halatyny ýa-da başga bir halaty açyp görkezip bilýär. Ynha, Berdi Soltanýazow „Sumbar akýar“ romanynda bir ýeriň ajaýyp gözel tebigatyny, ýaşyl mahmal düşelen meýdanlaryny, daşyny gurşap alan daglaryny, baglaryny, ekinlerini, şarlap akyp ýatan jana şypa

beriji çeşmelerini ýazyp görkezýär. Şol gözel mekanyň içinde göýä töweregindäki tebigat owadanlyklaryndan bihabar ýaly bir atly bir ýana çapyp barýar. Awtor gahrymanyň töwereginden hatda şeýle gözellikden bihabardygyny onuň içki alas-gopas halaty bilen baglanyşdyrýar. Meseläniň iki tarapy bar. Birinjisi, tebigat içki alas-gopas halaty açyp görkezmäge hyzmat edýär. Ikinjiden, alas-gopas halat tebigatyň juda gözelligini açyp görkezýär. Şeýle tebigaty diňe alas-gopas adam saýgarman biler.

„Sumbar akýar“ romanynyň bir tarapy bellenilmäge laýykdyr. Berdi Soltanýazow Sumbar we Garrygala etraplarynyň gözel tebigatyny ýazyp görkezmekde beýleki ýazyjylardan ozdurypdyr. Awtor özüniň doglan, oglanlygyny geçiren, oýnan, ulalan, her gysym topragyny totyýa edinip gözüne sürten ýerlerini ýazyp görkezmäge köp-köp setirler bagyşlapdyr. Tebigaty we ýerli koloriti dogruçyl ýazyp görkezmek ýaş nesilde watançylyk terbiýesini ösdürmekde uly ähmiýete eýedir.

Ussat ýazyjylarda tebigat suratlandyrylan mahalynda iki zat birleşýär. Birinjiden, awtor tebigaty gözellik hökmünde suratlandylan mahalynda tebigatdan onuň iň gözel taraplaryny saýlap alýar, ikinjiden, ol gözel saýlap alan hakykatyny suratlandyrmak üçin iň oňat sözleri saýlap alyp, özüniň ähli çeperçilik we estetiki güýjüni herekete girizýär. Gözel tebigatyň özi ýazyjynyň hemme güýjüniň herekete girmegine bir itelge bolýar. Bu

ýerde obýektiw gözellik bilen subýektiw gözellik birleşip, mazmun we forma laýyklygynda sungat eseriniň setirleri, parçalary döreýär.

Ýazyjy Ata Durdyýewiň „Owadan gyzyň arzuwy“ powestindäki gahrymanlary endamyňy saçlaryňy sypalap geçýän mylaýym şemaldan diýseň lezzetlenýärler.

Tebigatda bir ruhy halatyň ýa-da gaýry tarapyň doga obrazy bolup kabul edilen zat ýok. Tebigatyň bir ýagdaýy bir ruhy halatyň obrazy bolup gelse, ol başga ýerde, ýa-da bşga bir bir awtorda şol halatyň tersiniň obrazy-da bolup gelip biler, ýa-da şolaryň hiç biri bolman, ýüzlerçe, hatda müňlerçe başga-başga halatlaryň-da obrazlary bolup gelip bilerler. Şu nukdaýnazardan ulalyp bilen adama tebigat, meňzetme, metafora aňrysy-bärisi bolmadyk, gyrak, bujaksyz obrazly dildir. Çyn ýazyjy bolmak üçin, ine şu diliň döwletinden çäklenmän, suwsap almaly. Güýz paslynda saralyp, joýalaryň etegine dökülen soluk ýapraklary käbir ýazyjylar, gaýgy-gamyň simwoly hökmünde suratlandyrsalar, ol ýapraklary zer bilen jäheklenen erňeklere-de meňzedýän talant patyşalary hem bar. Ýöne hiç haçan tebigat hadysasy aňly-düşünjeli awtorda gahrymanyň ruhy halatyndan üzňelikde suratlandyrylmaýar. Biziň käbir ýazyjylarymyzda bolsa käte tebigatyň gaýgyly aglap duran mahalynda gahrymanlaryň gülüp duran halatlaryna-da duşmak bolýar.

Agahan Durdyýew, Nurymyrat Saryhanow ýene käbir kyssaçylar kitaplarynyň, eserleriniň başynda tebigat hadysalaryny suratlandyrjak bolup oturman, gös göni gahrymanlaryň hereketinden, oý pikirlerinden başlaberýärler. Ata Gowşudowyň eserlerinde hem peýzaž juda az setirleri eýeleýär. Munuň deregine şeýle awtorlaryň, ýagny şu awtorlaryň teswirleme güýjiobýektiw reallygy suratlandyran mahallarynda has aýdyň ýüze çykýar. B.Kerbabaýew „Aýgytly ädim“ romanynyň bir ýerinde tebigaty şeýle suratlandyrýar: „Iýulyň soňky günleridi. Artyk daň saz berende guşlaryň jürrüldisine oýandy, ýerinden turdy, gerindi, ukuly gözleri bilen töweregine garandy. Gündogar tarapdan göterilen ýagty mawumtyl asmanyň ýüzüni gatyk dökülen ýaly çalardyp barýar. Ýylpyldaşýan ýyldyzlar, uçýan uçgunlar ýaly ýitişip, süýnüşip barýar. Ýer bilen gögüň tapyşýan ýeri aksowult reňkini bulandyryp, gan ýokunly al reňke aýlanyp barýar. Şol ýagtylyk astyndan görünýän ummasyz tekiz bugdaý ümmülmez deňiz ýaly yranýar. Asuda şemalda çygyş-çygyş seslenýär. Şol bugdaýlygyň üstünde mollatorgaý,umuman meýdan guşlary dürli dilde saz edýär“.

Berdi Kerbabaýew tebigaty suratlandyran mahalynda gahrymanyň töweregine mahsus bolan tebigaty şekillendirýär. Eger şol tebigat baý bolsa, ony baýlygynda suratlandyrýar, eger garyp bolsa, garyplygynda şekillendirýär. Ikinjiden, ýazyjy daň

halatlaryny, ýagny tebigatyň daň wagtyndaky keşbiniň suratyny çekmegi gowy görýär. Munuň özi birinjiden, awtoryň gahrymanlarynyň iş adamlary we olaryň ir turýanlygy bilen bagly bolsa, ikinjiden, ýazyjynyň daň wagtyndaky tebigat keşbini öz ömründe köp-köp synlandygynyň önümidir. Ýene bir bellemeli zat suratlandyrylýan tebigat gözelligine onçakly baý bolmadyk şolgözýetimde hem ýazyjy bir estetik hökmünde suratlandyrmaga obýekt tapyp bilýär. Ilki bilen, ol ýokarky mysalda tebigatyň reňkli tarapyny saýlaýar, ony bir suratkeş ýaly gerek reňki bilen boýaýar. Ýokarky mysala siňe syn etmek bilen asmanyň mawy reňkini, bu reňkiň günüň täsiri astynda kem-kemden çalaryşyny okyjy görüp bilýär.

## Tebigat gözelligi we şygryýet

Biz ýokarda çeper edebiýatda iki hili obraz bar, şol iki hili obraz hem çeper edebiýatyň estetiki mahyýetini kesgitleýär diýip, belläpdik. Munuň üstüne şu ýokarky halaty hem artdyrmalydyrys. Çeper edebiýatyň estetiki mahyýeti ýazyjynyň hiç bir obrazsyz, dil serişdeleri arkaly ýazyp görkezýän gözelliklerinde hem ýüze çykýandyr. Ýöne bu ýerde hem awtoryň obraz döredýänligini ýatdan çykarmaly däldiris.

Tebigat gahrymanyň, personažyň içki halatlary bilen bagly bolan açyş serişdesidir. Emma eger ýerli kolorit hökmünde, tebigat gözelligi, sap tebigat

gözelligi hökmünde görkezilen mahalynda ýazyjy bitarap bolmaly däldir. Şol gözel tebigatda awtoryň öz ruhy bolmalydyr. Şonda ol terbiýe serişdesi bolup biler.Her iki halda-da çeper edebiýatdaky tebigat çeperçilik kanunlary bilen diri tebigatdyr.

Eger gözellik bu ideýa bilen mazmunyň ylalaşygy we bitewiligi bolsa, bu gözelligiň bir ýanynda gojamanlyk, beýleki ýanynda bolsa komiklik durýar. Gojamanlyk-bu ideýanyň formadan agdyklyk etmesidir. Komiklik-formanyň ideýadan boşlugy, umuman, içi boşluk diýip, Çernyşewskiý belleýär.

Çernyşewskiý gojamanlygyň alamatlaryny görkezip, şeýle diýýär: Has takyklap aýdanyňda ideýanyň mazmunyň üstünden agdyklyk etmesi bu haçan-da ahlak we hadysalar dünýäsinde hem maddy dünýäde-haçan-da predmet öz güýjüniň artykmaçlygynda weýran bolanda ýüze çykýar. Bu hadysalaryň köplenç halatda has gojamanlyk häsiýetine eýedikleri-de jedelsizdir, emma munuň özi haçan-da formany ýumurýan onuň öz içindäki güýç hem ýumrulýan predmetiň özi gojamanlyk mertebesine eýe bolan halatynda şeýle bolup biler. Bu onuň öz artykmaç güýjünden weýran bolmaklygyna garamazdan şeýle bolýar. Başga hili gojamanlyk hakynda gürrüň hem bolup bilmez. Haçan-da Niagara şarlawugy ony emele getiren gaýany öz güýji bilen ýumurýan mahalynda, haçan-da Makedonskiý öz artykmaç güýjünden heläk bolanda, haçan-da Rim öz artykmaç güýjünden ýykylýan mahalynda şeýle bolup

biler. Çünki, Niagara şarlawugy, Aleksandr Makedonskiý, Rim imperiýasy-bularyň özleri gojamanlyk oblastyna degişlidir. Işeňňirligiň nähili bolsa, ýykylyşyň hem şoňa laýykdyr. Ýaşaýyş nähili bolsa, ölüm hem şoňa laýykdyr. Bu ýerde gojamanlygyň syry ideýanyň obrazyň üstünden agdyklyk etmeginde däl-de, eýsem, wakanyň öz häsiýetindedir. Ýykylýan hadysanyň gojamanlygyndan onuň ýykylyşy öz gojamanlygyny karz alýar. N.G.Çernyşewskiý ideýanyň mazmundan agdyklyk etmeginiň mysalyny haçan-da kiçijik pyntyk ýarylyp, onuň içindäki öz formasyndan artyk bolan ýapragyň çykyp, öz formasyny ýok edende ýüze çykyşy ýaly bolýar diýip görkezýär. Emma bu ýagdaý özüniň mazmuny boýunça ideýanyň formadan agdyklygyna mysal bolup bilse-de, gojamanlyk dawasyny edip bilmez. Sebäbi onda gojamanlygyň beýleki kriterleri ýokdur. Soňra Çernyşewskiý gojamanlygyň başga bir kesgitlemesine geçýär: gojamanlyk bu soňsuzlyk ideýasynyň ýüze çykmaklygydyr diýip, ol aýdýar, bizde soňsuzlyk ideýasyny oýarýan zat gojamandyr diýip, ol ýene bir ýerde kesgitleýär. Soňra, Çernyşewskiý predmetiň bizde emele getirýän ideýalary däl-de, predmetiň özi gojamandyr, Kazbek dagynyň özi beýik we gojamandyr, deňziň özi gojamandyr. Sezar we Katondagynyň öz şahsyýeti gojamandyr, diýýär. Gojamanlygy ýokardaky ýaly, Çernyşewskiý soňsuzlyk we ebedilik bilen baglanyşdyrýar. Şunuň

bilen birlikde, gojamanlyk deňeşdirilmek bilen hem baglydyr diýip, ol aýdýar. Belent we gojaman dag bir topar ownuk daglaryň içinde gojamandyr, şeýle hem her bir zadyň gojamanlygy öz jynsyndan bolan başga zatlar bilen deňeşdireniňde düşnükli bolup biler.

Seýil edeliň bu jahana,
Jahanda näler görüner.
Iskender, Jemşit saldyran
Beýik binalar görüner.

Bişeleri şir, peleňli,
Gulguzar nöwçe bileňli
Gün düşmeýän ter üleňli
Çeşmeli çaýlar görüner.

Serinden dumany gitmez,
Eýýäm ötüp, ýere batmaz,
Garryp galmaz, ölmez, ýitmez,
Kurganly daglar görüner.

Magtymguly şu goşgusynda hem soňsuzlyk we ebedilik ideýasy tebigat hadysasynda ýüze çykýar. Emma tebigat hadysasynda gojamanlyk ideýasy gözellik düşünejsine garşy hem bolup biler. Bu onuň öz mahyýeti garşy bolan mahalynda şeýle bolýar.

Soňra N.G.Çernyşewskiý tebigat hakynda sözüni dowam edip, şeýle ýazýar: „Gözellik tebigatda aňsyz, düşünjesidir, diňe şunuň üçin ol aňly-düşünjeli

döredilen sungat eserinde bolşy ýaly derejede ýagşy bolup bilmez. Dogrudan hem jansyz tebigat öz önümleriniň gözelligi hakynda oýlanmaýar. Agaç öz miwesiniň tagamly bolmagy hakynda hiç haçan pikirlenmeýär. Şuňa garamazdan, şu wagta çenli biziň sungatymyz hatda purtukal ýa-da alma ýaly bir zat ýaradyp bilen zady ýok. Tropik topraklardaky görkana miweler ýaly zat ýaradyp bilmänligi hakynda-ha aýdyp hem oturmaly däl. Elbetde aňly-düşünjeli döredilen döredijilik aňsyz, düşünjesiz döredilen döredijilikden ýokary bolar. Ýöne munuň özi haçan-da güýçler deň bolan mahalynda mümkindir. Ýöne adamyň güýji tebigatyň güýjünden has asgyndyr. Onuň işi tebigatyňky bilen deňeşdireniňde juda gödek, gelşiksiz we tagaşyksyzdyr. Şunuň üçin hem gözellik sungat eserinde onuň aňly, düşünjeliligi nukdaýnazaryndan ölçelýär we olaryň gowşak ýerine ýetirilendigi jähtden ölçelýär. Şunuň bilen birlikde gözellik duýgusyz, öli tebigatda aňsyz, düşünjesizdir. Guşlar, haýwanlar özleriniň daş keşbi barada aladalanýarlar, olar durmadan ýagşylaşýarlar, tämizligi takmynan olaryň hemmesi söýýär. Gözellik adamda aňsyz, düşünjesiz-de juda seýrek duşýar. Öz daşky keşbimiz hakd aladalanmak biziň hemmämizde juda güýçlüdir. Emma eger tebigatda gözellik sözüň çynlakaý manysynda aňly, düşünjeli diýlip bolmajak bolsa, tebigatyň bütin hereket ediji güýçleri ýaly, başga tarapdan, umuman, tebigat gözelligi ýaratmaga ymtylmandyr diýip bolmaz. Gözelligi biz ýaşaýşyň

dolulygy diýip, hökman ykrar etmelidiris. Bütin tebigatyň içinden geçýän ýaşaýşa tarap ymtylyş bir wagtyň özünde gözelligi ýaratmaga ymtylyşdyr.

Eger biz tebigatda maksady däl-de netijäni görmeli bolýan bolsak, onda biz gözelligi tebigatyň maksady diýip atlandyryp bilmeris ýa-da tebigatyň düýpli netijesi däl, diýip atlandyryp bilmeris. Sebäbi şuny öndürmäge tebigatyň içki güýçleri çekilendir. Onuň aňsyz, düşünjesizligi hiç-de onuň reallygyna päsgel bermeýär. Ary öýjüginde geometrik ymtylyşyň aňsyz, düşünjesiz bolmagy, ösümlik güýjünde simmetriaga ymtylmanyň düşünjesiz bolmagy ary öýjükleriniň altygyraňlygynyň dogry bolmagyna we ýapragyň iki ýan simmetriýasynyň dogrulygyna päsgel ýetirmeýär“ (Agzalan eser, 426 sah).

Munuň özi asla päsgel ýetirmeli hem däldir. Sebäbi real zat ýalňyz tebigatdaky zat we tebigatyň özüdir. Tebigatdaky her bir hadysa aňly-aňsyzlygana garamazdan, ol realdyr. Adam we adamzat jemgyýetiniň özi tebigatyň içindäki jemgyýet we adam formasyndaky tebigatdyr. Adamyň aňly we düşünjeli hereketi, işi tebigatyň aňsyz we düşünjesiz hereketleriniň biridir. Tebigatda diri tebigat hem bar, öli tebigat hem bar, şolaryň hemmesiniň bir kanuny bar. Aňly tebigat aňsyz tebigata öýkünmekdir we şonuň ýüze çykyşynyň bir formasydyr. Aňsyz tebigatda bir meteor bir planeta baryp gatylýar. Aňly tebigat bolsa ony entek başaryp bilenok. Eger bütin barlygy nazara alsak, adamyň ähli hereketleri arynyň

öňjügine, onuň hereketlerindäki kanunlar arynyň öýjügindäki kanunlara meňzemeýärmi. Adam we tebigat kanunlary bir. Sebäbi adamyň özi tebigat we tebigatyň bir görnüşi.

Tebigatda gözellik aňsyz, düşünjesiz bolany üçin gözellik durmuşda az duş gelýär diýip, Çernyşewskiý aýdýar. Bu ýerde Çernyşewskiý eger tebigat aňly hereket edýän bolsady, onda adam üçin gözel zatlary köp ýaradardy diýjek bolýar. Şu ýerde ýene bir zady bellemegimiz gerek: tebigat adamyň kanunlary bilen däl, adam tebigatyň kanunlary bilen hereket edýär. Eger tebigatdaky zatlaryň hemmesi adamyň islegine laýyk we onuň barlygyna položitel täsir edýän bolsalardy, ona hiç wagt ölüm bolmazdy, adam ebedilik ýaşardy. Ähli otrisatel zatlar beýlede dursun, hatda adamyň barlygyna položitel täsir edýän zatlar şol wagtyň özünde otrisatel hem täsir edýärler. Adam üçin iň gözel we gymmat bolan ýaşaýşyň az we gysga bolşy ýaly, onuň üçin gözel bolan zatlaryň hem azlygy şu ýerdendir.

Soňra Çernyşewskiý şeýle ýazýar: „Emma eger-de dogrudan hem şeýle bolsady, ýagny, gözellik tebigatda az bolsady, onuň azlygy biziň estetiki duýgymyz üçin ýas bolardy. Kepderiniň ýumurtgasy ýaly almaz örän az duşýar, brillianty söýüjiler bu almazlaryň azlygyndan adalatly şikaýat edýärler. Emma adamlaryň durmuşdaky gözelligiň gytlygy hakyndaky şikaýatlary adalatly däl. Gözellik durmuşda az däl“ . Şu ýerde Çernyşewskiý bir topar

mysal getirýär, ol Alplary, Italiýadaky tebigat gözelliklerini, Finlýandiýany, Krymy hatda Wolgany we başgalary mysal getirýär. Soňra, Çernyşewskiý şeýle ýazýar: „Adamyň durmuşynda beýiklik we gojamanlyk elmydama duş gelip duranok. Emma adamyň durmuşynda onuň ýygy-ýygydan duş gelmeginde adamyň özüniň razylyk berip biljekdigi şübheli bir zatdyr. Ýaşaýşyň beýik minutlary adam üçin gaty gymmat temam bolýar, ony gaty ýadadýar. Onuň köňle bolan täsirine çydamagy gerek hasap edip, güýç agtaran her bir adam her ädiminde beýik duýgulara gabat gelip biler. Gahrymanlyk, janyndan geçmek, zyýanly we pes zatlara garşy, bagtsyzlyk we zaýaçylyklara garşy belent göreş ýoly hiç haçan hiç bir adama bagly däldir. Bütin ömürleri yzy üznüksiz belent duýgulardan we işlerden ybarat bolan adamlar hemme ýerde we hemme wagt bolupdyrlar. Durmuş gaty giň we baýdyr. Onda her kim öz islänini tapyp biler.“

Haýwanlaryň hem tebigat äleminiň bir görnüşidigini ýokarda belläp geçipdik. Haýwanlarda we guşlarda gözellik olaryň beden gurluşyndaky simmetriýa, reňkine, adamda bir adamçylyk tarapy ýatladyp bilýän tarapynyň bolmagy we ynsana ýetirýän haýry bilen düşündirilýär.

Men bu gün waspyňy aýdaý türpe nyşanly bedew,
Zinkeşi zerbapdan olgan, gyrmyzy, jully bedew,
Segredip seýle çykanda üsti şemally bedew,

Şalara tarypy ýetgen, şahmar telli bedew,
Bili syk, boýny deraz, sagrasy meýdanly bedew.

Pellege barsaň meger gyzdan gylykly duruşyň,
Ýörhe-ýör bolsa ýene towşan kimindir tutuşyň,
Misli bir bady saba baryndan owwal baryşyň,
Sypasam sagryň tekiz bala belentdir gerişiň,
Zal ogly Rüstem münen esbi ragş synly bedew.

Mätäji şu setirlerde ozaly bilen, atyň bedenindäki simmetriýany, onuň biliniň syk, boýnunyň uzyn, sygrysynyň meýdanly hem tekizligini we adama haýyrly bolan onuň ýüwrükligini wasp edýär, atyň gözelligi şol ýerlerde jemlenýär.

„Saýatly-Hemra“ romanynda Saýathanyň bagynyň içinde, ortarada ýerleşen dört ýanly çemenlik howzuň içinde ýaşyl başlaryny lowurdadyp, garkyldaşyp, ýüzüşip ýören sonalary Hemra wasp edýär. Uzak ýerlerden öz toplumy bilen peýwagtyna uçup barýan durnalary Aşyk Ahmet sazyň gudraty bilen aşak indirýär. Olary çeperçilik kanunlary bilen janlandyrýar, olara adam sypatyny berýär, onuň sypatyny adama almaklygy arzuw edýär. Durnanyň uçuşyndaky çaltlygy ol adama berýär, adamyň gasytlyk sypatyny bolsa durna girizýär. „Tiz uç, ýetir ýara salamy“ diýýär.

## Gözellik meselesi we gözel suratlandyrmak

Biz ýokarda gözellik problemasynyň dürli taraplary hakynda: gözellik jemgyýetde, gözellik tebigatda, gözellik çeper edebiýatda we subgatyň käbir beýleki görnüşlerinde, estetiki hil, estetiki baha kesme, estetiki kriteriler, estetiki duýgy, estetikanyň taryhy, otnositel we synpy häsiýeti,çeper edebiýatyň estetiki mahyýeti we başga-başga şuňa meňzeş problemalar hakynda durup geçdik. Emma jemgyýet gözelligi jemgyýet gözelligidir, tebigat gözelligi tebigat gözelligidir. Estetika diýen problema ara düşende bütin ýokarky barlaglaryň görkezişi ýaly hem-de bütin beýik takyklaýjylaryň kesgitleýşi ýaly gözellik çeper edebiýatda birinji plana geçýär. Real durmuşdaky, jemgyýetdäki, tebigatdaky gözellik sungat üçin, çeper edebiýat üçin şol durşuna entek çeper hakykata öwrülmedik gözellik bolup durýar. Sungatyň her bir görnüşinde jemgyýet we predmet, ahlak we etiki hem estetiki gözellikleriň öz gözellik mahyýetine eýe bolup bilmegi üçin, şolaryň her biriniň özüne mahsus we laýyk bolan formada bardalanyp we özüne degişli formany kabul edip bilmegi gerekdir. Sungat ussatlarynyň ol gözellik serişdeleri bilen ol gözellikleri sungat hakykatyna we sungat gözelligine öwürip bilmegi gerekdir. Şoňa görä – de sungat eserlerinde gözellik düşünjesi kesgitlenende, köp halatlarda gözellik sungat eserlerinde – bu mazmun bilen formanyň biri – birine laýyklaşmagy we mazmunyň özüne laýyk formada janlanmagy, ýüze

çykmagy, barlyga gelmegi, özüne laýyk formada özüni görkezip bilmegidir diýip kesgitleýärler. Meselem, K. Marks sungat eserinde çeper edebiýatda mazmun formanyň içinde näçe gizlendigiçe çeper eser üçin şonça gowudyr diýip belleýär. G.Plehanowda Çernyşewskiý we Belinskiý ýaly gözellik çeper edebiýatda we sungatda mazmun bilen formanyň biri – birine laýyklaşmagydyr diýýär.

Ýazyjy hemme halatlarda özüniň eserlerinde durmuş gözeliklerini suratlandyryp durmaýar. Ol kä mahal durmuşyň we jemgyýetiň oňaýsyz taraplaryny hem suratlandyrmaly bolýar. XIX asyrda rus edebiýatynda tankydy realizm wekilleri durmuşyň näsagdyn taraplaryny görkezip, ony öz eserlerinde tankytlapdyrlar. Häzirki zaman edebiýatynda hem, esasan, durmuşyň oňaýly taraplary görkezilmek bilen birlikde, onuň oňaýsyz taraplary hem görkezilýär. Şonda hem tankydy realizm edebiýatynda-da ýa-da häzirki zaman edebiýatynda-da durmuşyň oňaýsyz taraplary görkezilýän ýerlerinde hem çeper eser estetiki ähmiýete eýe bolmalydyr. Muny awtor şol estetiki janly suratlandyrmak üsti bilen gazanýar. N.G.Çernyşewskiý owadan surat çekmek bilen suraty owadan çekmekligiň arasynda tapawut köpdür diýip belleýär. Çeper edebiýatda ähmiýetlisi ikinjisidir. Owadan surat çekilen mahalynda her iki halda hem ýazyjynyň subýekiti işe girýär, durmuş tarapdan onuň goly bagly däl-de açyk bolýar. Ýazyjynyň öz subýekitiniň suraty çekilýär hem ýazyjynyň öz

subýekiti-de surat çekýär. Çeper edebiýatda bolsa obýekitiň suraty çekilmelidir we surat çekýän subýekit bolmalydyr. Ine, ýazyjydan talap edilýän şu kyn wezipedir. Şundan şeýle bir netije gelip çykýar: ilki bilen edebi eseriň ýa-da sungat eserleriniň özi gözel bolmagydyr, eger onuň özi gözel bolmasa, oňa durmuşyň gözel ýa-da gözel däldiginden haýyr ýokdur. Çeper eseriň hut özüne has bolan şu gözelligi awtor hut öz ussatlygy we ussatlyk bilen suratlandyrmagy arkaly gazanýar.

Realistik edebiýatyň estetikasy durmuş bilen ýazyjynyň ussatlyk ukybynyň birleşmegidir. Romantiki edebiýatda bu mesele birneme başgaçarak durýar. Romantiki edebiýatda obýekit-de, subýekit-de ýazyjynyň, şahyryň özüdir. Bu ýerde awtoryň ussatlyk derejesi ýalňyz onuň öz hyýalyna wepaly bolmalydyr. Eger onuň ussatlygy onuň hyýalyny biraz üýtgedäýse-de, gorkar ýaly zat ýok, üýtgedilen wariant onuň hut öz hyýaly bolup çykýar.

Ý.E.Bertels öz işleriniň birinde pars klassyky edebiýatynyň beýik wekilleriniň çeperçiligine, ussatlygyna baha berip, pars şahyrlary üçin, birinji nobatda, nämäni suratlandyrmak we näme aýtmak ähmiýetli bolmandyr, eýsem olara birinji nobatda nähili suratlandyrmaly, nähili aýtmaly diýen mesele ähmiýetli bolupdyr diýýär. Dogry, pars geçmiş şahyrlary üçin hem mazmun birinji derejede durupdyr. Ferdöwsi, Haýýam, Nyzamy, Sagdy, Hafyz ýaly awtorlar öz eserlerinde ajaýyp idelary öňe sürüpdirler.

Emma mundan geçende Ý.E.Bertelsiň aýdyşy ýaly pars şahyrlary „nähili aýtmaly“ diýen meseläni „näme aýtmaly“ diýen meseleden aşak goýmandyrlar. Olarda mazmun we forma birligi kanunyna boýun bolmak olaryň özleri üçin-de, olaryň eserleri üçin-de hiç haçan ölmejek, öçmejek abraý we şöhrat getiripdir.

Sungatyň her bir görnüşiniň özüne mahsus bolan duýgyny ýüze çykaryş serişdeleri bar. Bu elementlerden biri, meselem, sazda ses serişdesidir. Saz eserlerinde çeper we estetiki duýgy sesler arkaly, sesleriň adamlaryň duýgy organlaryna täsir etmegi arkaly ýüze çykarylýar. Başgaça aýdanynda, saz seslerinde estetiki duýgyny sesler äleme we barlyga getirýärler. Şol duýgylaryň estetiki ýa-da antiestetikiligini adamlaryň duýgy organlary saýgarýarlar. Sesler saz gurallarynda perdeler boýunça belli bir tertipde gelmek bilen inçe we ýogyn sesleriň biri-birine uýgunlaşmagy, ylalaşmagy, ol sesleriň aşak gaçmagy we ýokary çykmalary sebäpli belli bir owazlar sistemasyny belli bir duýgylar bitewiligini ýüze çykarýarlar. Şonda olar adamlaryň pikrilerine, aňyna, düşünjesine zat aýtmasalar-da, olaryň duýgularyna köp zatlar aýdýarlar. Şu ýagdaýy Belinskiý hem belläp geçipdir. Olarda şatlyk, gam, gaýgy, begenç, bagty çaglyk we beýleki duýgy görnüşlerini oýarýarlar we olaryň estetiki duýgy ukyplaryny ösdürýärler we ýitileşdirýärler. Emma suratkeşlik eserlerinde estetiki duýgyny oýaryjy we duýgy elementlerini ýüze çykaryjy reňk, reňkleriň

sazlaşygy we garmaniýasydyr. Bu ýerde sungat ussadynyň ussatlyk bilen ulanmagy netijesinde reňkler özleriniň ýerleşdirilişi boýunça belli bir tertipde garmanlaşmak we biri-birini kämilleşdirmek arkaly sungat eserlerini ýaratmak bilen adamlarda gözel duýgulary oýarýarlar.

Tans we balet sungatynda estetiki duýgy oýaryjy hereketler we hereketler garmoniýasydyr. Sungatyň bu görnüşdäki ritm, hereket ritme esaslanýandyr. Ritm bir artistiň hereketini-de, ähli artistler kollektiwiniň hereketlerini-de tertipleşdirmelidir we biri-birine laýyklaşdyrmalydyr. Tans eserini ýerine ýetirýän adamlaryň hereketlerini ritm tipleşdirmelidir. Artistler kollektiwiniň elleri dykgat bilen bir wagtda galmaly, aýaklary bir wagtda öňe uzalmaly, göwreleri bir wagtda pyrlanmalydyr. Hereket gözelligi diňe şeýle berk ritm arkaly gazanylmalydyr. Tans eserini ýerine ýetirijiler kollektiwiniň biriniň göwresi öz pyrlanyp, ýene biri giç pyrlansa, üçünjisiniňki pyrlanmakda has-da gijä galsa, munuň özi öýde on sany maşgala agzalarynyň her biriniň bir iş bilen gümrä bolup ýören halatyna dargamaga başlamaklykdyr. Häzirki zaman türkmen tans eserleri ýerine ýetirilen mahalynda ritm gowşaklygy, garmoniýasynyň ýoklugy, tansçylar kolektiwiniň bir bitewi kompleks däl-de, her biriniň özbaşdak halatda çykyş edýändikler, biri birinden üzňeligi, dargap durandyklary äşgär görnüp durýar. Ritmi garmoniýasyny bütin kollektiwiň bir

bitewiligini diňe köp maşk etmek ýoly bilen gazanmak bolýar, öň köp maşk etmek ýoly bilen hereket birligini gazanmaly, soňra märekä çykmaly.

Çeper edebiýatda duýgy elementlerini, estetiki duýgyny ýüze çykaryjy birinji serişde dildir. Gündogar edebiýatynyň ähli beýik wekilleri, rus klassyk edeebiýatynyň wekilleriniň barçasy, marksizm we leninizm klassyklaryny hemmesi çeper edebiýatyň diline birinji derejeli ähmiýet beripdirler. Alyşir Nowaýynyň çeper edebiýatda mazmun we forma birligi barada tema we dil barada gyzykly estetiki garaýyşlary bar. Bir ýerde ol: şygyrda esasy zat mazmundyr, onuň formasynyň nähilidigine garamazdan mazmuny gowy bolmadyk şygyr düşünjeli adamlaryň ýanynda gowy hasap edilýän däldir. Çeper eserde mazmunyň birinjilik mertebesini tassyklamak bilen birlikde, Nowaýy hiç haçan normanyň we diliň ähmiýetini inkär etmeýär. Sungatyň saz, suratkeşlik, tans ýaly görnüşlerinde sesler, reňler, hereketler gowşak, öçük, labyzsyz bolanda çeper eserde hem dil we beýleki forma serişdeleri gözel mazmunyň derejesine çenli ýokary galyp bilmeseler, labyzly bolmasalar mazmun asla gözellik häsiýetine eýe bolup bilmeýärler, estetiki duýgudan boş bolýarlar. W.Belinskiý öz eseriniň birinde bu hakda şeýle diýýär: „Her bir sungat eseriniň çeperçiliginiň ýalňyz sebäbi onuň zerurlygynyň kanunlary bilen döreýändigindedir. Onda hiç bir artykmaç, ýasama zadyň ýoklugyndadyr we ondaky

hiç bir sesi, hiç bir sözi, hiç bir gylygy başga bir ses, söz, gylyk bilen çalşyryp bolmaýanlygyndadyr. Biz şeýle diýmegimiz bilen döredijilik azatlygyny ýoga çykarýandyrys diýip, hiç kim pikir etmesin. Tersine, biz şunu bilen-de ony dikeldýäris, sebäbi azatlyk bu iň beýik zerurlykdyr. Her ýerde zerurlyk ýok bolsa, şol ýerde hem azatsyzlyk, baş-başdaklyk bolýar, azatsyzlyk we baş-başdaklykda bolsa ne akyl, ne pikir, ne ýaşaýyş bardyr. Ussat ýeke bir sesi, sözi, gylygy däl, eýsem ol her bir formany, hatda öz eseriniň tutuş bir bölümini-de çalşyryp biler, emma şu çalşyrmanyň netijesinde hem forma hem ideýa özgerýär, ol öňki forma, öňki ideýa bolmaýar. Diňe ýagşylaşan täze forma we ideýa bolýar. Şeýlelikde hakyky çeper eserlerde-zerurlyk kanunlarynyň önümi hökmünde hiç bir tötänden bolan zat, hiç bir artykmaç zat, hiç bir gyltyz zat ýokdur, ondaky zatlaryň hemmesi zerurdyr“. Belinskiniň şu setirlerinden görnüşi ýaly sungat eseri zerurlyk esasynda döreýär. Onda ýekeje-de zeuru däl zat bolmaly däl. Eger bir zat kem bolsa, onuň kemligini zerurlyk ýüze çykarýar. Eger bir zat artykmaç bolsa, onuň zerur däldigini onsuz-da oňup boljakdygyny ýene zerurlyk ýüze çykarýar. Şeýle bolansoň haýsy zat artykmaç bolsa, onuň zerur däldigini onsuz-da oňup boljakdygyny ýene zerurlyk ýüze çykarýar. Şeýle bolansoň haýsy zat artykmaç bolsa, şonsuz hem oňlup boljak bolsa, şol zady setirlerden çykaryp taşlamaly. Zerur däl zat hemişe artykmaç ýük. Çeper sözde bolsa agyrlykdyr.

## Gözel suratlandyrmak we çeper dil

Çeper eserde mazmunyň gözelligi diliň gözelligi bilendir. Emma mazmun bilen formanyň birliginde mazmunyň birinjilik mertebesini ýazyjy mydama göz öňünde tutmalydyr. Dil serişdesini mydama mazmuny has röwşen beýan etmek üçin, halka ýetirmek üçin ulanmalydyr. Pisarew özüniň „Realistler“ diýen işinde mazmun we formanyň gatnaşygy hakynda şeýle belläp geçýär: „Öňki zamanlarda birinji planda forma durýardy, okyjylar daşky tehnikanyň kämilligine haýran galýardylar we şonuň netijesinde poeziýany, goşgyny prozadan ýagşy görýärdiler. Indi bolsa onuň tersine okyjynyň ünsi bölünmezden, mazmuna tarap çekilýär, ýagny pikire tarap. Formadan bolsa diňe bir zat talap edilýär. Ol-da bolsa forma mazmuna päsgel bermeli däldir, ýagny bulaşyk, düşnüksiz çylşyrymly sözler mazmunyň, pikiriň ösüşine päsgel bermeli däldir we ony kynlaşdyrmaly däldir. Biziň şu wagtky düşünjämiz boýunça dil gözelligi- bu diňe onuň aýdyňlygynda we sazlygynda jemlenýär, ýagny ol gözellik pikiri, ideýany ýazyjynyň kellesinden okyjynyň kellesine geçmekligi çaltlaşdyrýan we ýeňilleşdirýän serişdelerde jemlenendir. Dil häzir näme bolmaly bolsa, şol boldy, ýagny pikiri hut birinden başga birine geçirmek serişdesi boldy. Forma mazmuna boýun egdi. Ine şu wagtdan başlap, kapýalaşan, ritmli

setirlerde ýerleşen pikirler dogry pikirlenýän adamlar üçin çaga oýunjagyna öwrüldi we wagty biderek ýitirmeklige öwrüldi“ .

Pisarewiň bu pikirinde, elbetde, nädogry taraplar hem bar. Meselem, ol şu ýerde, soňky setirlerinde şygryň ähmiýetini iňkär edýär. We kapýaly hem ritmli setirlerde aýdylan pikir, idea çaga oýny we wagt geçirmek diýýär. Bu dogry däldir şygyr hiç haçan özüniň ähmiýetini ýitirmer sebäbi her bir jynsda tipdeşlik, ritm çakganlygy, muzika, lirizm we estetika ýaşaýyş kanunydyr. M. Gorkiý çeper edebiýatyň diline birinji derejeli ähmiýet berýär, ony çeper edebiýatyň we çeper eseriň birinji elementi faktlar bilen birlikde onuň esasy matirýaly diýip görkezýär. Dil faktlaryň aňrysynda gizlin ýatan pikirleriň geýimidir diýip, ol aýdýar. Dil synpy bolmasa – da, diliň hapalanmagynda, onuň gözelligine zyýan ýetirmekde synpy gatlaklaryň we toparlaryň (ýokary gatlak) köp zyýan ýetirendigini M. Gorkiý „dil hakynda „ diýen makalasynda belläp geçýär Gorkiniň pikiri boýunça din hadynlary dili örän hapalapdyrlar. Olar ýalan sözläp, ýalançylyk bilen admlary aldap, ýalan zatlary oýlap tapyp: hudaý, günä, azgynlyk, jähennem, behişt, tamug, ryza, towazg, ş. m. sözleri döredipdirler. M. Gorkiý soňra, şu sözleriň häzirki wagtda kä birleriniň öňki ýalançylyk mazmunyny ýitirip, täze sosial manylara eýe bolandygyny belläp geçýär. Sowtsyz söwdegärleriniň hem uly muşakgat bilen dili bulaşdyrýan „sözleri“

oýlap tapan boluşlaryny we olaryň sowatsyzlygy zerarly hatda öň bar bolan edebi sözleride galplaşdyryp, döwüp, hapalap aýdyşlarynyň mysallaryny M. Gorkiý ýokaradaky makalasynda görkezýär.

1952 – nji ýylda moskwada çap bolup çykan „M. Gorkiý edebiýat hakynda“ diýen kitabyň 656 – njy sahypasynda siz çeper edebiýatda diliň hapalanmagynyň hähili estetiki hillere şikes ýetirýändiginiň nusgalaryny okap bilersiňiz. Çeper diliň hapalanýan pursatlaryna häzirki zaman türkmen prozasynda hem poeziýasynda köp duşmak bolýar. Olar edebi dile halk köpçüligine düşnükli bolmadyk şiwe elentlerini girizmäge çalyşýarlar, sözler döwýärler, sözleriň umumy gurluş kadalaryny bozýarlar, diliň akymly bolmagynyň üstünde az işleýärler, käte sözleri dogry manysynda ulanmaýarlar, hemmeden beteri sözlemleriň mazmunlylygy, ýagny diliň mazmunlylygy ugrunda ýeterlik işlemeýärler. Olar zeuru däl, artykmaç zatlaryň birini-de öz dillerinde goýmaly däldirler.

Çeper dil hakynda A.M.Gorkiý ýene bir ýerde şeýle diýýär: „Edebiýat işi öräz kyn işdir. Adamlar hakynda hekaýa ýazmak-bu olar hakynda diňe gürrüň bermeklik däldir. Munuň özi-sözler bilen adamyň suratyny çekmeklikdir. Suraty çekilýän adamda, ozaly bilen, iň durnukly taraplary tapmak zerurdyr. Onuň hereketleriniň çuň sosial manysyny tapmak we oňa düşünmek zerurdyr. Okyjy söz toparlarynyň

arasyndan we gara setirleriň aňrysyndan adamyň ýüzüni görer ýaly edip ýazmalydyr, örän anyk we aýdyň sözler bilen ýazmalydyr. Gahrymanyň duýgulary we hereketleriň baglanyşygy onuň üçin jedelsiz bolup görüner ýaly edip ýazmalydyr. Okyjy ähli okan zatlaryny şeýle bolmaly we başga hili bolup hem bilmez, diýip düşüner ýaly edip ýazmalydyr“.

Dil çeperçiliginde we söz gözelliginde birinji mesele hökmünde M.Gorkiý: sözleriň sanynyň az, sözlemleriniň gysga, emma, many we mazmunyň köp bolmalydygyny öňe sürüpdir.

M.Gorkiý folklor eserleriniň dil gözelliginiň nusgasy diýip düşünýär. Ol bir ýerde şeýle ýazýar: „Sada halk diliniň ajaýyp äleminiň jümmüşine aralaşyň. Aýdymlarda ertekilerde we beýleki folklor eserlerinde sözlem gurluşynyň tärlerine üns beriň. Siz bu ýerde akyly haýran etjek obraz baýlygyny deňeşdirmeleriň, meňzetmeleriň anyklygyny sadalygy, jadylaýjy çeperçilik güýji, haýran ediji kesgitleme gözelligini görersiňiz. Halk döredijiliginiň jümmüşine aralaşanyňda, munuň özi dag çeşmelerinden akýan tämiz suw ýaly sagdyn, ýer astyndan çogup çykýan arassa suw ýaly ýakymlydyr. Halk diline ýakyn durup, gysgalygy we sadalygy agtaryň, iki-üç sözde obraz döredýän sagdyn güýji gözläň“ (Горкий.А.М. Русские писатели о языке. Л., 1954, 326 сах.). Görnüşi ýaly, A.M.Gorkiý bu ýerde söz we sözlem gysgalygyny gös-göni dil gözelligi bilen baglanyşdyrýar. Kesgitlemeleriň gözel bolmagy,

sözleriň jadylaýjy edilip gurulmagy gysga sözlerde obraz döretmekligi-şularyň hemmesini Gorkiý çeper eserde dil gözelligi diýip düşünýär. A.M.Gorkiý bu hakda başga bir ýerde şeýle diýýär: „Nakyllar we atalar sözi zähmetkeş halkyň durmuş hem sosial we taryhy tejribeleriniň baryny nusga bolarlyk derejede formirleýär. Bu material bilen tanyş bolmaklyk ýazyjy üçin hökman zerurdyr. Bu material oňa barmaklaryňy ýumrukda gyslyşy ýaly öwredýär hem-de beýlekiler tarapyndan berk gysylan barmaklary açmaklygy, häzirki döwür talaplaryna we wajyplaryna duşman bolan, jansyz gizlin zatlary paş eder ýaly açmaklygy öwredýär. Men atalar sözlerinden gaty kän zat öwrendim-başgaça aýdanynda, aforizmler arkaly pikirlenmekden köp zatlar öwrendim“ . M.Gorkiý halk döredijiligi eserlerinde ýaş ýazyjylar üçin öwrenerlik zadyň gaty köpdügini hemişe maslahat berip durupdyr. Şonda ol az sözler bilen köp manyny, pikiri, hakykaty, ideýany berip bilmegi birinji planda öňe sürýär. Emma ony, ýagny halk döredijiliginiň çeperçilik serişdelerini hem ulanmagy başarmaly, olary diňe häzirki zamana tabyn etmek bilen çäklenmeli däl. Şonuň üçin hem M.Gorkiý käbirleri olary diňe kopirleýärler, proza ýa-da şygyrda fotografirläp, ol serişdeleri örän gurak, gansyz, sowuk sözlere öwürýärler, emma wagt bolsa pafost, ot, ironiýa hem talap edýär.

Sözleriň köp sözlemleriň uzyn, emma içiniň boş bolmagy eserde hiç haçan gözellige eltip bilmez.

Sözleriň köp we sözlemleriň uzyn bolmagyny gündogar klassyky edbiýatlarynyň wekili hem juda ýigrenipdirler we ony „ykdysar-,“ ýagny kelte diýip atlandyrypdyrlar. Olar sözleriň gysga emma ideýa mazmunynyň belent bolmagyny, ýagny az sözlerde köp many berip bilmegi dil gözelliginiň esasy şertlerinden biri diýip düşündirýärler.

„Gapy-gapy syryp gelýän, guýrugy jontuk, bir gulagy kesik, gara sygyr, gözi ýok ýaly gelip, Artygyň alaşasynyň ahyryna urmakça boldy. Gözüniň gyýtagyny aýlap gaşynyp duran alaşa sygra baka düýrmegi bilen okduryldy. Sygyr toýnagyny şarkyldadyp,arkan zyňanda, onuň sagrysyndan agyz urup galdy“.

Bu ýerde bir bellemeli zat ýazyjynyň suratlandyrýan ýagdaýynyň hemme tarapyny öwran ökdelip bilen jikme-jik görkezýänliginden we hudožnik ýaly onuň hut suratyny çekýänliginden ybaratdyr. Ýazyjy hatda iň ownuk zatlary hem örän ýitilik bilen görkezýär we şonuň hut suratyny çekýär. Berdi Kerbabaýewiň şunuň ýaly ussatlygy hakynda W.Belinskiniň aşakdaky sözlerini aýtmak örän ýeterlikdir. „Lermontowyň poemasyna hernäçe içgin seredip göreniňizde onda ýekeje-de artykmaç söz ýa-da bir sözüň ýetmeýän ýerini tapmarsyňyz, bir tarapyň, bir goşgynyň, bir obrazyň kemlik ýa-da agdyklyk edýän ýerini, ýekeje-de gowşak ýerini tapmarsyňyz. Hemme zat bir ýerde zerur, doly, güýçlüdir . . . Lermontowyň poemasy-mertligiň,

kämilligiň döredijilgidir. Ol şonça-da çeperdir, şonça-da halkydyr“.

W.Belinskiý Lermontow hakyndaky şu sözleri hemme tarapdan B.Kerbabaýewe ýokarky ýaly ýagdaýlaryna laýyk gelýär. Bu ýerde ýekeje-de gowşak, artykmaç söz, häsiýet, taryp, obraz ýa-da kemter kakýan ýere duşmak bolmaýar. Şonuň bilen bilelikde dili labyzly we çuňňur halk dilidir. Ine şeýle ýagdaýlar edebiýata estetiki häsiýet, çeperçilik we sungat mertebesini häsiýetini, aýratynlygyny girizýär we ony ölmez ýitmez sungat nusgasyna öwrüp goýýar. Şu ýagdaýlary durmuşda synlaman teswirläp bolmaz. B.Kerbabaýew gaty synçy ýazyjy bolupdyr. Ol özüniň synlan hadysalarynda iň maýda zatlardan başlap, tä uly zatlaryň aýratynlyklaryny görüp-bilip, olaryň şekilini bolşy ýaly hakydasynda saklamaga ukyply bolupdyr. Meselem, ýokarky mysalda ol setirleriň dillerini ýalaýşyny-da, olaryň atlaryň ahyrlaryna körsäp uruşlaryny, gaçanlarynda toýnaklaryny şarkyldaşyny-da, guýruklarynyň peýkam ýaly şekilini-de görüp bilipdir hem-de şol şekilleri öz boluşlary ýaly beýan etmegiň hötdesinden gelip bilipdir. Ýazyjy şol döwürdäki garyp, zähmetlkeş türkmeniň gara öýüniň içini şeýle suratlandyrýar: „Seçekleri gyrlan çemçä torba gap böwürde garnyny gägirdip, iki elini gerip ýatyrdy. Onuň beýlesindäki ýüzi galaýy bilen bagyşlanan sandyk üç-dört sany göwşüldän agyr ýorganyň astynda ýegşerlip görünýär. Gözenegiň iki ýan gapdalyndaky ikisany gyzyl çuwal: olaryň biriniň

üstünde elek, beýlekisinde at eýeri bar. Çep gapyda iki kültem gara ýüp bilen göle hamyndan bir tirkin asylgy dur. Öýüň töründe güli giden gyzyl keçe, onuň bärisinde gyralary gemrilip başlan palas, Artygyň aşagynda iki ýan gapdaly gemrilip, älemine ýeten bir ojak baş bar. Ýokardan asylan öý ýüpüniň seçekleri garalypdyr-da, tüsse-püsse bilen gatan urgany saldanýan öýüň çagarygy gurum bilen dolup, uklary ikinji gezek çykarylypdyr. Alyn uklary ilerиräk omzak, süsjek teke ýaly maňlaýy tüňerip dur. Gapysyndaky germeç bolsa, ýagyr eşege dönüpdir-de garyp işiginiň gadyrly myhmany bolup görünýär. Bu ýerde hem awtor beýan etmekligiň anyk we aýdyňlyk prinsiplerine esaslanyp, garyp, zähmetkeş Artygyň öýüniň içini dogruçyl suratlandyrýar.

Realizm sungatynda estetika, gözellik problemalary durmuşy dogry görkezmek we realizm meselesi bilen baglanyşýar. Dogruçyllyk we realizm meseleleriniň prinsipleri bozulan ýerinde estetiki duýgy ýa-ha ýok bolup aýrylýar ýa-da özüniň güýjüni gowşadýar. Ýalan zat, ol nähili güýçli çeperçilik bilen beýan edilse-de ol gözellik gymmatyny gazanyp bilmän estetiki duýgy çeşmesi bolup bilmeýär. Ýazyjy Hydyr Derýaýewiň „Ykbal“ romanynyň üstünlik taraplary sanardan köp. Ýöne awtor käbir halatlarda Uzugy ýasama wakalaryň içinde hereket etdirýär. Awtor romanyň şol ýerlerine güýçli çeperçilik siňdiripdir. Emma, wakalar ynandyryjy däl bolup duýulýar. Beýan edilýänm hadysanyň real bolmagy

gerek. Şol hadysalaryň ýa-ha bolan bolmagy gerek, ýa-da bolmagynyň mümkin bolmagy gerek.Hadysalar real bolmasa, dil özüniň maksadyna ýetip bilmeýär, diliň gözelligi-de real bolmaýar.

Alyşir Nowaýy çeper döredijilikde ýalançylygy ýazgaryp,ony pisleýän mahalynda ine, şu ýagdaýlary göz öňünde tutýardy. Berdi Kerbabaýew özüniň indiwidual çeperçilik stilinde dil çeperçiligini hemişe realizm meslesi bilen baglanyşdyrýar. Şonuň üçin onuň eserleri diýseň täsirli çykýar. Şu ýagdaý aýratyn hem „Aýgytly ädim“ romanynda güýçli duýulýar. Bu ýerde awtor okyjy ýeke bir personažlaryň ykbaly, işleri, hereketleribilen gyzyklanman, eýsem okap oturan setirlerindäki çeperçilik we gözellik bilen hem gyzyklanýar.

Çeper dil we gözel söz hakynda N.G.Çernyşewskiniň şeýle bir sözi bar: „Çeperçilik diýmegiň özi her bir sözüň öň ýerinde bolmagydyr diýildiginden başga-da, olaryň bolmagy hökmany we zerury bolmalydyr diýildigidir. Sözleri gysmazdan, çeperçilik gazanyp bolmaz . . . Bäş, on sahypada bir adamyň keşbini hemme taraplaýyn beýan etmek – bu iň bir talantsyz, zehinsiz ýazyjynyň edäýjek işidir. Ýok. Sen haçan suratkeş bolup bilersiň? Haçan-da şol talantsyz, zehinsiz ýazyjynyň bäş, on sahypada beýan eden zatlaryny bäş setirde berip bilip, okyjyda predmet hakynda şonça göz öňünde getirme döredip bilen mahalynda ýazyjy bolup bilersiň. Boş sözlük, gaty owadan hem gözel boş söz bolup biler, emma

onuň çeperçilik diýän düşünje bilen hiç hili umumylygy ýokdur. Poeziýa we ýaňramak-bu iki sany gapma-garşy zatdyr. Poeziýanyň mahyýeti we mazmuny merkezleşdirmekdedir, ony suw bilen eredip dargatmak bolsa ony öldürmek diýmekdir“ (Çernyşewskiý N.G. Eserler, VII t., 452 sah.).

## Stil çeper edebiýatyň estetiki meselesi hökmünde

Häzirki zaman edebiýat ylmynda stil meselesi gaty aktual hem jedelli meseleleriň biri bolup, ol hakda ylmy žurnallaryň, kitaplaryň sahypalarynda dürli pikirleriň çaknyşygy we çekişmeler dowam edip gelýär. Bu ylmy jedellere edebiýat alymlary-da, filosoflar-da, hatda käbir lingwistler-de gatnaşýarlar. Şeýlelik-de bolsa, şu güne çenli stil meselesi gutarnykly, hemme taraplaýyn çözülenok. Meselem, L.Ýakimenko „Ýazyjy we stil“ diýen makalasynda „Sosialistik realizm estetikasynyň meseleleriniň içinde edebiýat alymlary tarapyndan iň az işleneni sowet ýazyjylarynyň indiwidual stili we döredijilik aýratynlyklary diýen meselelerdir“ (Якименко Л. Мастерство русских классиков. М., 1959, 460 сах.) diýip belleýär. A.Burow „stil näme“ diýen makalasynda: „Stil hakyndaky düşünje şu wagta çenli garjaşyk we anyklanmadyk ýagdaýynda galýar. Biz ony düşünjeli suratda däl-de intuitiw suratda göz öňüne getirýäris“ (Буров А. Вопросы литературы, 1962, №11, 84 сах.) diýip, ýazýar. Soňra A.Burow stil

meselesi hakyndaky çekişmeleriň hem peýdasyz bolup çykandygyny we stil diýen düşünjäniň mazmunyny aýdyňlaşdyryp bilmändigini belläp geçýär.

Bulardan başga stil meselesi hakynda ýazylan W.A.Kowalewiň „L.Leonowyň romanlarynyň dili we stili hakynda bellikler“ („Вопросы советской литературы“ M.1953, II, c.180). A.Çiçeriniň „Ideýalar we stil“ („Вопросылитературы“ M., 1960, №2, c.70), W.Piskunowyň “Edebiýatda milli stil hakynda” („Вопросы литературы“.M., 1960, №4, c.80) diýen makalalary stil hakyndaky dürli pikirleriň wekilleri bolup bilerler.

B.W.Tomaşewskiý „Стилистика и стихотвороние“ (Ленингад, 1950) diýen kitabynyň ençeme sahypalaryny „Stil“ sözüniň manysyny düşündirmäge we oňa çemeleşmegiň tärlerine bagyşlaýar. B.W. Tomaşewskiý „Стиль и язык“ diýen kitabynyň ýörite bir babyny „Dil we stil“ diýen meselä bagyşlaýar. B.Meýlah „Вопросы литературы и естетики“ (Л.,1958) diýen kitabynda „ Dil we stil hakynda“ atly makala ýerleşdirilipdir. B.Bursow „Мастерство Чернышевского критика“ (Л., 1956) diýen kitabynyň soňky dördünji babyny Çernyşewskiniň diline we stiline bagyşlaýar. W.W.Winogradow „О языке художественной литературы“ (M., 1959) diýen işiniň birnäçe babyny şu meselä bagyşlaýar. Awtor aýratyn hem kitabyň ikinji babynda stil meselesi hakda özüniň pikirini öňe sürýär. W.W.Winogradow „Проблема авторства и

теория стилей“ diýen işini tutuş şu meselä bagyşlaýar we onda birinji kitabyndaky pikirlerini dowam etdirýär. Şu we beýleki şuňa meňzeş işlerde stil hakyndaky pikirler şu meseleleriň töwereginde aýlanýar. Stil näme? Oňa nähili çemeleşmeli. Indiwidual stil, döwür stili, milli stil. Stil we metod olaryň biri-birinden tapawudy we aragatnaşygy. Stil, metod we manera, olaryň biri-birinden tapawudy hem aragatnaşygy.

Stil meselesi diňe biziň edebiýat ylmymyzda däl-de, eýsem bu buržuaz edebiýat ylmynda hem häzirki wagtda edebiýat ylmynyň merkezi meseleleriniň biri bolup durýar. Olaryň stile çemeleşiş tärlerini öz adymyzda görkezmäge elimizde materialymyz ýok. Şonuň üçin hem käbir sowet alymlaryna salgylanýarys. Her halda olaryň nukdaýnazary hakynda maglumat bermek peýdasyz däldir. L.Ýakimenko ýokarda ady tutulan makalasynda şeýle ýazýar: „Günbatarda rus formalizm mekdebini ýaňadan döretmäge jan edýärler, onuň gazanan netijelerini ylmyň soňky sözi hökmünde öňe sürjek bolýarlar.

Köp halatlarda stil problemasynyň goýulyşynyň özi sungatyň özbaşdaklygy we awtonomlygy hakyndaky teoriýany esaslandyrmagyň serişdesi bolup hyzmat edýär. ABŞ-daky täze tankydy mekdep bolsa stili jemgyýetiň ösüşi bilen, onuň ideologiýasy bilen bagly bolmadyk hadysa hökmünde, edebiýatyň öz içki, gatançsyz kanunlaryndan gelip çykýan hadysa

hökmünde düşünýär. Häzirki zaman idealistik teoriýalar bolsa (Hedeggeriň, Preýferiň, Kommereliň teoriýalary) stil düşünjesini ýazyjynyň içki „Men“ diýen ruhy halatyna we öz-özüňi öwrenmeklige syrykdyrýarlar“ . Günbatar idealistik ylmynda stiliň mazmunyny diňe ýazyjynyň öz-özüňi açmaklygyna ýa-da edebiýatyň forma aýratynlyklaryna syrykdyrjak bolman, ony sungatyň we edebiýatyň gatançsyz içki kanunlaryndan gelip çykýan hadysa hökmünde görkezjek bolmak asla tötänden däldir. Munuň özi idealistik ylmyň edebiýatyň we sungatyň beýleki meselelerine çemeleşiş prinsiplerinden üzňe däldir. Idealistik teoriýa çeperçilik meselelesinde-de, sungatyň wezipesi we mazmun bilen formanyň gatnaşygy meselelerinde-de, esasan, forma daýanyp, edebiýatyň we sungatyň jemgyýetçilik wezipelerini, jemgyýetçilik kanunlaryny inkär edip, olaryň özbaşdak, awtanom öz kanunlary bar diýýär.

Stil meselesinde öňe sürülýän ýokarky pikirler hem köne synanyşyklaryň dowamy bolup, edebiýatyň sosial wezipesini inkär etjek bolmaklykdyr. Hakykatdan hem bizde-de ýazyjynyň stilini eseriň mamunyndan üzňe diňe forma degişli aýratynlyklar arkaly düşündirjek bolýan alymlar bar. Meselem A.Burow ýokarda ady tutulan makalasynda şeýle ýazýar: „Stili düşündirmekde forma tarap ýykgynlyk diýmek tötänden däldir. Welflin, Rigl, Ken-Winer ýaly Günbatar formalistleri stili häsiýetlendirmek üçin formany işleýän wagtlarynda, dogrusyny aýtsaň

haklydyrlar. Ýöne, olar çeper edebiýatdan metody zyňyp taşlap, onuň deregine stili girizýän mahallarynda hakly däldirler. Hatda soňkyny (ýagny stili-R.R.) mazmunly kategoriýa ýa-da mazmunsyz, „gatançsyz“ forma hökmünde düşünseler-de, hakly däldirler. Munuň özi, nähili-de bolsa, çeper metody inkär etmekdir“ . Geljekde A.Burowyň bu makalasy hakynda ýörite gürrüň etjek, şuňa görä bu ýerde ol hakda söz uzaltmaýarys.

Indiwidual stil biziň temamyz däl, ýöne şu hakda häzirki wagtda şu mesele barada güýçli ylmy çekişmeler dowam edýär. Şoňa görä-de, stili tema edinip, onuň üstünden ätläp geçmek gelşiksiz görünýär.

Indiwidual stile, meselesine formalistlerçe çemeleşýän alymlaryň biri-de W.W.Winogradowdyr. W.W.Winogradow „Çeper eseriň dili“diýen işinde ýazyjynyň indiwidual stilini tutuşlygyna onuň diline we dil aýratynlyklaryna syrykdyrýar. Biz şu ýerde onuň esasy pikirleriniň üstünde durup geçmekçidiris. W.Winogradow şol kitabynyň bir ýerinde şeýle ýazýar: „Çeper edebiýatyň dilini öwrenmek problemalarynyň sanyna çeper eseriň „dilini“ („stilni“), ýazyjynyň „dilini“ („stilini“) öwrenmek meseleleri girýär. Şu meseleleriň ikisi-de indiwidual stil diýen düşünjä daýanýarlar we şonuň bilen şertlenýärler (ýagny kesgitlenýärler)“. Şu ýerden görnüşi ýaly, W.Winogradowyň pikiri boýunça ýazyjynyň indiwidual aýratynlygy, ýagny onuň stili

ýalňyz dilindäki aýratynlyklaryndan ybaratdyr. Ýazyjynyň dili onuň stilidir. Dilden başga stili kesgitlemäge hiç bir düşünje gatnaşmaýar.

Awtoryň pikiriniň hut şeýledigini has anyk görkezmek üçin ondan ýene şu mysaly alýarys: „Ýazyjynyň indiwidual stili-Çeper edebiýatyň ösüşinde anyk bir döwre mahsus bolan, ýazyjy tarapyndan estetiki-indiwidual peýdalanylan diliň beýan etmek serişdeleriniň sistemasydyr“. Indiwidual stil meselesine şeýle çemeleşmek düýbünden nädogry, zyýanlydyr. Mazmuny äsgermezlik we meseläni diňe daşky formasy bilen çözjek bolmakdyr. Ozaly bilen tebigatda, hem jemgyýetde hemme zatlaryň elementlerden emele gelendigine akyl ýetirmegimiz gerek. Ähli predmetler we düşünjeler elementleriň sostawyndan ybaratdyr. Sostawsyz, gatançsyz predmet we düşünje ýokdur. Şoňa görä-de, şol düşünjäni ýa-da predmeti dogry, doly öwrenmek üçin, onuň sostawyna girýän ähli elementler birlikde öwrenilmelidir. Şol predmeti we düşünjäni emele getirmekde gatnaşýan elementleriň her biriniň ähmiýeti, tutýan orny anyklanylmalydyr. Diňe şeýle edilen mahalynda şol predmetiň doly predmetiň doly hem dogry öwrenildigi bolar, stil meselesi hem şu kanundan daşarda bolup bilmez. Dil stili emele getirýän birnäçe elementleriň diňe biridir. Onuň ýeke özüniň stil diýen düşünjäni çalşyryp bilmejekdigi-hä beýlede dursun, hatda, stiliň sostawyndaky elementleriň birinjisi hem däldir.

Ýokarky alnan mysallaryň ikinjisinde W.Winogradow indiwidual stili-ýazyjy tarapyndan ulanylan diliň beýan ediş serişdeleriniň sistemasy hökmünde görkezýär. Şu ýerde şeýle bir zada üns bermegimiz gerek. Ýazyjy entek eserlerini ýazmanka, entek ýazyjy bolmanka onuň dilinde beýan ediş serişdeleriň sistemasy barmydy. Başgaça aýdanyňda, entek ýazyjy bolmanka, onuň dilinde beýan ediş serişdeleri belli bir sistemasy öwrülipdimi? Elbetde, ýok. Diýmek, şol sistemalar, onuň ýazyjylyk prosesinde, eserlerinde emele gelipdir. Şol sistemalary emele getiren nämelerden ybaratdyr? Şol sistemalar döredijilik prosesinde, obrazlar, häsiýetler, pikirler sistemasy arkaly emele gelendir, hem şolar bilen aýrylmaz birlikde ýaşaýandyr. Eger şol obrazlar, häsiýetler, pikirler sistemasyny ýok etsek, diliň beýan ediş serişdelerinde şolar arkaly emele gelen sistema hem weýran bolýar. Diýmek, obrazlarda, häsiýetlerde, pikirlerde sistema emele gelmezden, diliň beýan ediş serişdelerinde sistemanyň emele gelmegi mümkin däldir. Şuňa görä-de stil sistema däl-de, sistemalardyr. Beýan ediş serişdeleriň sitemasy şol sistemalaryň diňe biridir, onda-da birini ýa-da ikinji orunlysy däldir.

W.Winogradowdan alnan ýokarky mysalda „indiwidual“ sözi hem ünsden düşürilmeli däldir. Awtoryň pikiri boýunça ýazyjylaryň indiwidual stilini kesgitleýän, ýagny olara „indiwidual“ häsiýet berýän ýalňyz onuň dilidir. Aslynda, ýazyjy dil, ýa-da edebi dil döretjek bolup eser ýazmaýar. Ol birinji nobatda

obrazlar, gatnaşyklar, häsiýetler, pikirler döredýär. Hut şular arkaly belli bir nukdaýnazardan öz döwrüniň jemgyýetine, adamlaryna täsir edýär. Onuň döredijilik aýratynlygyny döreden gatnaşyklaryndan, obrazlaryndan, häsiýetlerinden, pikirlerinden gözlemän eýsem, nireden gözlejek.

## Ýazyjynyň dili estetiki mesele hökmünde

Şu ýerde edebi dil hakyndaky M.Gorkiniň ajaýyp sözüni ýatlasymyz gelýär. Ol şeýle diýýär: „Dil halk tarapyndan döredilýär diýsek, ýerliklidir. Dili edebi dil we halk dili diýip bölmek, „çig“ dil we ussalar tarapyndan işlenen dil diýmekdir“. Diýmek, ýazyjy aslynda dil döretmeýär. Dil ondan öň halk tarapyndan işlenen, taýýar görnüşde ýaşaýar. Ol diliň grammatikasyna-da, sözlük sostawyna-da özgeriş girizmeýär, girizip hem bilmeýär, bu onuň maksady hem däl.

Eger ýazyjy dil döretmeýän bolsa, onuň döredijilik aýratynlygy döretmeýän we döretmedik zadynda nähili ýaşap biler? Dil ýazyjylaryň elinde gatnaşyklar, obrazlar, häsiýetler we pikirler sistemasyny döretmek üçin owal halk tarapyndan taýýar edilip goýlan guraldyr. Olaryň indiwidual döredijilik aýratynlyklary döreden we döredýän zatlarynda bolup, ýagny döreden gatnaşyklar, obrazlar, häsiýetler, pikirler sistemalaryndan bolup, dil taýdan näderejede indiwiduallyklary, näderejede biri-birlerinden tapawutlanýandyklary şol guraly

peýdalanmaga, işledip biçmäge näderejede ökdedikleri bilen kesgitlenýär. Şonda olaryň şu guraly ulanyp bilmek ukyplarynyň ýüze çykyş formalary hem gatnaşyklarda, obrazlarda, häsiýetlerde we pikirlerde ýaşaýar.

Şu ýerde bellenilip geçilmeli bir ýagdaý, ol hem ýazyjynyň dilinde aýratynlyklaryň häli-şindi ýüze çykyp durman, stiliň beýleki elementlerine garanyňda köplenç seýregräk ýüze çykýanlygydyr. Ýazyjy A.Gowşudowdan aşakdaky iki mysaly alyp göreliň: „Çary aga bolsa öz gününi görer-dä-diýip, (Gurbanly) agzyna gowurma bilen çörek dykýar we ol:

- Pah, bu siliň ysy ne ýakymsyz?. Özüni görmesemem ysyny alýan. Öwez üşýärmiň? Al, üşemezlik dermany-diýip, bir kürşge çakyr uzatdy.

Öwez aldy-da:

- Bu näme? –diýdi.
- Nämedir öýdýäň, ýylytma dermany. Al, gowurma.
- Gowurma özümde-de bar. Gurbanly:
- Hoşgeldi sen ýeňsäni alada etme, ol ýerini Çary aga oňarar. Ýöne töweregimizi suw aldy welin, biz bu depäň üstünde haçana çenli galmaly borkak, suw bu depäniň üstüne çykaýmasyn, sesi örän ýaman-la? – diýdi.
- Çykmaz, çykmaz. Bu depeden çykalga ada uzalyp gidýär welin, häzir suw adany basdy, ýagtylyga garaşmaly – diýip, Hoşgeldi jogap berdi.
- Al, onda senem bir kürşge iç.

Gurbanly içýänleriň her haýsyna bir kürşgeden paýlady, içmeýänlere hödür hem etmedi“[1].

Bu ýerde biz mysaly iki sany personažyň dilinden aldyk, aşakdaky mysaly bolsa ýazyjynyň öz beýan ediş dilinden alýarys:

„Hoşgeldi edaradan çykyşyna öýin-öýin syryp, brigadirleriň üstüne aýlanmaga başlady. Öýlerine baryp, olaryň her haýsy bilen aýratyn maslahatlaşýardy we ýerler syrygyşan badyna etmeli işlerini tabşyryşdyrýardy. Ol ekişiň öňünden alyp barýan gyzgalaňly taýýarlyk işleriň depgin bilen dowam etmelidigini guraýardy.

Hoşgeldi öýlänler öz öýlerine dolandy. Bagban Nurberdi aga Hoşgeldini gözläp, kolhozyň edarasyndan tapmansoň, göni olaryň öňlerine barypdyr. Hoşgeldi öýleriniň işigine baranda, içerde kakasynyň biri bilen hümi-sümüsini eşitdi“. Görnüşi ýaly, birinji dialogda iki ýa-da birnäçe ýönekeý adamlaryň arasynda bolup biljek dialogdan sözleri boýunça, ol sözleriň gurluşy boýunça aýyşl-saýyl tapawutlanyp, bes-belli bolup duran ýagdaýlary göremzok. Umumy, sada, ýönekeý adamlaryň dili we sözi. Ýazyjynyň öz beýan ediş dili hakynda hem şuny aýtmak gerek.  Şu tipli sözleri we sözlemleri beýleki ýazyjylarda hem synlamak mümkindir. Olarda başgalara däl-de hut Gowşudowa degişli bolan aýratynlyklar äşgär görnüp duranok. Başga hili bolup hem bilmezdi. Çünki her kim üçin, her ýazyjy üçin aýratyn dil ýok. Dil ähli halk dilidir. Diliň kada

kanunlary ähli ýazyjy üçin deňdir we birdir. Olar sözlük sostawy boýunça-da, grammatiki gurluşy boýunça-da ýalňyz bir dildir.

Hut şu ýagdaýyň özi, ýagny, bir dilde döredýän ähli ýazyjylarda diliň bir dildiginiň fakty ýazyjylaryň dilinde olary biri-birinden tapawutlandyrýan, indiwiduallaşdyrýan dil faktlarynyň sözlem saýyn, abzas saýyn hatda sahypa saýyn ýüze çykyp durmagyny mümkin däl edip goýýar.

Dogry, diliň indiwiduallyk ähmiýeti bardyr. Ýazyjylar we şahyrlar dilleri boýunça-da biri-birinden tapawutlanýarlar. Bu tapawutlar düýpli aýratynlyklar bolman, ol dili her kimiň özüniň işledip bildik ukybyna baglydyr. Emma ol tapawutlaryň ýeke özi bir ýazyjynyň tutuş aýratynlygyny, ýagny stilini kesgitlemekde has güýçsüzdir.

Ýazyjynyň döredijiligindäki aýratynlyklar adamçylyk aýratynlyklardyr. Durmuşda indiwidler biri-birinden tapawutlanýarlar. Biz öz töweregimizdäki indiwidleriň her birine başgaça baha berýäris, olaryň biri-birinden tapawutlydygyny kesgitleýäris. Şonda biz olaryň aýratynlygyny dilleriniň üsti bilen däl-de, häsiýetleriniň üsti bilen kesgitleýäris. Biri gaharjaň, biri açyk göwünli, biri jomart, ýene biri gysganç, başga biri görip, ýene-de biri içi pikirli, biri düşbi, biri kütek, biri alym, biri akmak, biri gezende, biri öýdeçil. Şu aýratynlyklar, adamlara indiwidual keşp berýän taraplar, olaryň dilinde däl-de häsiýetlerinde ýüze çykýar. Diýmek

indiwiduallygyň açary dilden öňürti häsiýetde eken. Şu ýagdaý ýazyjynyň döredijiligindäki adamçylyk aýratynlyklary kesgitlemekde ugur alyş nokady bolup hyzmat edip biler.

W.W.Winogradow ýokarky kitabynyň bir ýerinde şeýle diýýär: „Dil-çeper edebiýatyň materialy we A.M.Gorkiniň kesgitlemesi boýunça onuň „birinji elementidir“ (Виноградов В.В. Язык художественной литературы. М., 1959, 167 sax.). W.W.Winogradow dil çeper edebiýatyň materialy, onuň birinji elementi diýmek bilen, çeper edebiýatyň bar mazmuny, esasy dildir, şonuň üçin edebiýatyň-da, ýazyjylaryň indiwidual aýratynlyklary-da şonuň bilen stili-de diňe dildedir, diýjek bolýar.

Marksizm klassyklary dili jemgyýetde adamlaryň aragatnaşyk serişdesi görkezýärler. Dil ýazyjynyň elinde bolsa döretmek guralydyr. Çeper edebiýatda bolsa, durmuşdaky gatnaşyklaryň gaýtalanmagy we şöhlelenmegi hökmünde çeper edebiýatdaky adamlaryň gatnaşyk guralydyr.

Dil edebiýatynyň materialy däl, ýöne edebiýatyň materialy dil üsti bilen, dil formasynda ýüze çykýar.

Şeýle bir mysaly alyp göreliň. Skluptura sungatynyň ussady mum bilen K. Marksyň heýkelini döredýär. Şu ýerde ussadyň döreden heýkeliniň materialy, mazmuny K. Marksmy ýa – da mummy? Elbetde, K. Marksdyr. Eger heýkelde janlandyrmaga anyk durmuş, adamalar, ýagny durmuş hakykaty

bolmasa, nämäni janlandyrjak? Munuň özüniň hiç hili ähmiýeti ýok. Ol diňe Marksyň keşbine öwrülende, onuň keşbini janlandyranda gözellik ähmiýetine eýe bolýar. Diýmek, sungatyň materialy ilki bilen durmuşdyr. Şonuň ýaly hem edebiýatyň materialy – da durmuşdyr. Adamlaryň gatnaşygy, işi, häsiýetleri, duýgy – düşünjeleri, maksatlary çeper edebiýatyň materialy we mazmunydyr.

M. Gorkiý hem dili ýokarda W. Wonogradowyň kesgitleýşi ýaly kesgitlemeýär. Ol şeýle diýýär: „Edebiýatyň birinji elementi we esasy guraly dildir. Durmuşyň hadysalary we faktlary bilen birlikde ol edebiýatyň materialydyr“. W. Winogradow bolsa diliň içinden faktlary we durmuş hadysalaryny zyňýar – da, ýalňyz dil diýen düşünjäni edebiýatyň materialy edip goýýar we stili kesgitlemekde hem şu poeziýadan ugur alyp, ýalňyz dile esaslanýar.

Dogry, faktsyz we ideýasyz dil ýokdur. Ýöne, dil we mazmun biri – birine bagly düşünjeler – de bolsalar – da, olaryň her biri özbaşdak düşünjedir.

Ylmy eserleriň dilindäki sözler ýönekeý adamlara düşnüklidir. Emma olaryň mazmuny ýönekeý adamlara hem şol ylym boýunça spesialist däl adamlara düşnükli däldir. Mazmuny düşnüksiz bolany üçin, olaryň dili – de ozal şol ylymdan belli derejede taýýarlygy bolmadyk adamlara düşnüksiz bolup durýar.

Gaýtalanmaz, original alymyň döredijiliginde hem güýçli stil bardyr. Şol stili ýönekeý bir adam

syzyp bilmez ýa – da bir dil alymy aňyp bilmez. Dilçi adam üçin, elbetde ol ýerde düşnüksiz söz az, şeýle hem sözleriň grammatiki gurluşy – da sintaksisiň kadalaryndan çykmaýar. Şonda – da, ol alym onuň mazmunyna düşünmeýär. Mazmunyna düşünmeýänligi üçin, ýokardaky original alymyň döredijiligindäki stile akyl ýetirip bilmeýär. Sebäbi stil birinji nobatda döredilen zatda, ýagny mazmunda ýaşaýar. Mazmun bolsa dilçi alyma düşnüksiz, şonuň bilen-de onuň stili hem düşnüksiz. Diýmek, ylmy döredijiligiň stiline akyl ýetirmek üçin ilki bilen onuň mazmunyna akyl ýetirmek gerek.

Dil, ylmy döredijilik üçin nähili roly ýerine ýetirýän bolsa, çeper eser üçin hem şonuň ýaly roly ýerine ýetirýär. Ylmy edebiýatyň mazmuny hemmelere düşnükli bolmany üçin, onuň dili-de hemmelere düşnükli däl. Çeper edebiýatyň mazmuny hemmelere düşnükli bolany üçin, onuň dili-de hemmelere düşnükli, şeýlelikde her iki halatda-da diliň erki mazmundadyr.

Şu ýerden iki netije gelip çykýar. Birinjiden, ylmy edebiýatyň materialynyň dil bolmaýşy ýaly, çeper edebiýatyň hem materialy dil däldir. Ylmy edebiýatyň materialynyň ylym bolşy ýaly, çeper edebiýatyň hem materialy jemgyýet ýaşaýşydyr. Ikinjiden, döredijilik aýratynlyk, indiwidual stil ilki bilen dilde däl-de döredilen mazmundadyr. Sebäbi janly tejribede, biz döredilen ylma ýa-da çeper

döredijiligiň mazmunyna düşünmezden, onuň stilini saýgaryp, oňa akyl ýetirip bilmeýäris.

Diliň ýeke özi, öz-özünden hiç wagtda stil emele getirmeýär. Dildäki saklannýan dürli analogiýa dürli formada ýüze çykýan pikirdäki analogiýadyr. Mazmun taýdan, ýagny pikir, ýa-da hereket we epizod taýdan baý bolmadyk awtoryň dilinde aýratyn stiliň bolmagy mümkin däldir. Hiç bir ýaramaz awtorda stil ýokdur. Eger diliň ýeke özi stil emele getirýän bolsady, ähli ýaramaz ýazyjynyň we şahyrlarda hem stil bolardy.

## Çeper diliň mazmuny we forma gatnaşygy

Mazmuna: pikire, herekete, duýga garyp bolan awtorlarda dil iki hili çykyş edýär, iki hili jisimlendirýär. Ol ýa-ha iň adaty dil bolup, onda göze dürtülip duran aýratynlyk synlap bilmeýäris. Sözleri dogry, sintaksik gurluşy boýunça olar öz ýerli-ýerinde. Emma, jemgyýetçilik, terbiýeçilik adamçylyk pikiriň we duýgynyň täsiri astynda döremäni üçin, onuň sözlemleri duýgy-düşünjelerde hiç hili yz galdyryp bilmeýär.

Başga bir halatda mazmunsyz eserde dilde owadan sözlere kowalaşylýar. Bu ýagdaýda biz formalizm diýen düşünje bilen ýüzbe-ýüz durýarys. Bu, esasan, buržuaz edebiýatyna degişlidir.

Şularyň ikisinde-de, birinji ýagdaýda-da, ikinji ýagdaýda-da stil ýokdur. Sebäbi iki halatda-da pikir döredijiliginde stil ýok. Ýagny awtorlar özleriniň

mazmuny, pikiri, häsiýeti, duýgusy bilen başgalardan tapawutlanmaýar. Başgaça aýdanyňda, mazmun olaryň döredijiligine aýratynlyk bermändir, mazmun bilen indiwiduallaşmandyr. Her bir predmet, düşünje belli bir mazmun bilen ýa mazmunlar bilen originallaşýar. Awtorlar bolsa pikir, ýa-da hereket, ýa-da duýgy bilen indiwiduallaşýar, ýa-da şolaryň hemmesi bilen bir wagtda indiwiduallaşýar. Başgaça aýdanyňda, awtoryň pikir taýdan, umuman, mazmun taýdan indiwidual bolmazdan, dil taýdan indiwidual bolmagy mümkin däldir. Ony ýokarda mysal alnan iki ýagdaý äşgär görkezip biler.

Ýokarky iki halatdan geçende mazmuny baý ýazyjylaryň döredijiliginde awtorlar özleriniň beýan ediş tärleri boýunça biri-birinden elbetde käbir aýratynlyklar bilen tapawutlanýarlar. Ýöne şol beýan ediş tärleri aýyl-saýyl edip gözkezýän alamatlar ozal görkezilip geçilişi ýaly, häli-şindi hem biçak gaty köp, sansyz faktlarda däl-de, azrak faktlarda ýüze çykýar. Munuň bir sebäbi oazl aýdyp geçişimiz ýaly, diliň ýeke bir awtoryňky däl-de, eýsem, ähli awtorlaryňkydygy we halkyňkydygydyr. Köp awtorlar bir serişdäni peýdalanýar. Meňzeş serişdäniň, bir diliň olary biri-birinden aýyrmak häsiýetinden, biri-birine ýakynlaşdyrmak häsiýeti biçak uludyr.

Ikinjiden, diliň beýan etmek mümkinçiligi gaty giňdir, pikirler, häsiýetler, duýgular arasynda umumylyk we analogiýa bar ýerinde dilde hem

analogiýanyň bolmagy hökmany däl. Dil bir pikiribaşga-başga formalarda hem aýdyp bilýär.

Ine, şu nukdaýnazardan hem mazmundaky indiwiduallyk aňsat we kanuny sistema öwrülýär we dildäki indiwiduallyk kynçylyk bilen, ýagny seýrek tapylýan dil faktlarynyň üsti bilen sistema öwrülýär. Ýazyjynyň döredijiliginde onuň dil aýratynlygyny kesgitlemek, işlemek diýmek – onuň öz döredijiliginde ulanan edebi we halk dili deňziniň içinde onda-munda ýaldyrap görünýän onuň öz goşan damjalarynyň nämelerden ybaratdygyny tanamak we şolary sistema salmak diýmekdir we halk dili deňziniň içinde onda-munda ýaldyrap gözlere kaklyşýan söz we sözlem damjalar sistemasy ýazyjynyň dil aýratynlygydyr. Munuň özi bir diliň çäginde bir ýazyjynyň beýleki ýazyjydan tapawutlandyrýan gepleýiş aýratynlyklary we sözleýiş tärleridir. Munuň özi stil däl-de, dil manerasydyr. Dil manerasy stiliň özi däl-de, onuň bir elementidir.

W.W.Winogradow bolsa dil manerasyny stil bilen çalşyrýar we dil manerasyny stiliň tutuş özi we bir awtoryň döredijiligini tutuşlygyna indiwiduallaşdyrýan ýalňyz tarap diýip, görkezjek bolýar. Munuň özi dogry ýalňyz tarap diýip, görkezjek bolýar. Munuň özi dogry pikir däldir. Ýazyjynyň döredijiligini indiwiduallaşdyrýan beýleki taraplary inkär etmekdir.

Biz şu ýere çenli, esasan, dil üstünde gürrüň etdik. Onuň indiwiduallaşdyrmak mümkinçiliginiň

hemme ýerde, kitaba sereden we her bir okan ýeriňde ýüze çykyp durmaýandygyny aýtdyk. Çeper eserde hemme halatlarda dil faktlary standart ýagdaýa bolman, tiplere bölünýär we her tipiň öz içinde belli derejede „standartlyk“ synlamak mümkindir. Şol tiplerden birinji nobatda personažlaryň dilini alyp göreliň.

Mälim bolşy ýaly, personažlaryň dili ýazyjynyň öz dili däldir. Onda ýazyjy öz adyndan geplemän, durmuşda gören ýönekeý adamlaryny gepledýär. Başgaça aýdanyňda awtoryň roly bu ýerde sahnadaky artistiň roluna ýakyndyr. Ol durmuşdaky ýaňadan janlandyrýan adamlaryň diline öýkünýär.

Bu ýerde şiwe elementlerine – de näçe diýseň duş gelmek bolýar. Sözleriň „aýdýa, gelýä, urýa, barýa, ýazýa“ ýaly döwlüp aýdylmasyny – ha her bir işlikde synlamak bolýar. Sözlemiň ýarysy aýdylyp, ýarysy aýdylman galýan halatlary hem köp bolýar. Bu ýerde biz ýazyjynyň öz dili bilen däl-de, halk dili bilen iş salyşýays. Personažlaryň dili edebi dil hem bolman, (käbir intelligentleriň dili bolaýmasa) hut halk dilidir. Biz munuň nusgasyny ýokarda bir ýerde görkezip geçipdik.

Dil näçe halka ýakyn boldugyça, ýagny näçe gepleşik diline ýakyn boldugyça, ol dilde ýazyjylaryň aýratynlygy, indiwiduallygy keşbi ýitip, gaýtam olaryň biri-birine ýakynlygy we umumylygy ýüze çykýar. Şunuň üçin hem gepleşik dilinden, personažlaryň dilinden awtoryň dil aýratynlygyny

gözlemek ýa-ha beýhuda tagalladyr ýa-da gaty ujypsyz netijelere eltip biler. Çünki personažlary gepletmekde ähli awtorlar ýönekeý adamlaryň gepleşik diline salgylanýarlar. Şu sebäpli hem hemme awtorlarda dialoglar özleriniň häsiýeti boýunça biri-birine ýakyn bolup çykýar.

Diýmek, diýaloglar awtoryň dil aýratynlygyny barlamakda çeşme bolma ähmiýetine eýe däldirler.

Mundan geçende, ýazyjylar durmuşy taraplaryny, liriki däl-de, sözüň doly manysynda adaty ýagdaýlaryny ýazyp görkezen mahallarynda hem olaryň biri-birinden aýratynlyklary ýitýär. Biz aşakda iki sany mysaly alýarys. „Bularyň arka tarpyndaky giň aýnadan mal howlusynyň içi görünýärdi. Dereli köne howlynyň içinde ereýän gar bugarýar, howlynyň içinde käbir ýerinde erän garyň suwundan kiçijik kölçe emele gelip, mal dersiniň zeňi çykan sary suwlar tegelenip ýatyrdy. Howlynyň bir gapdalynda tutulan dalanyň aşagynda basylyp goýulan küde ýannaklaryň öňünde duran düýeleriň birnäçe küdäniň içini üňüp, kellelerini sokup, nebsöwürlik bilen ýannak gemirýärdiler. Birnäçeleri hem yzgarly dersiň üstünde çöküp, arkaýynlyk bilen äwmen, gäwüş çalýardylar. Hoşgeldi şol aýnanyň öňünde durdy. Ol mal howlusynyň içini synlaýardy. Haçan howla hem dalanyň astynda duran düýelere gözi düşende, Hoşgeldiniň gözüniň öňünden Ýelliniň mekir şekili ýitdi, ýagyş hem galyň gar ýagmagy sebäpli wagtlaýynça saklanan işleri ýadyna düşdi“. Bu

mysalda A.Gowşudow oba täze tehnika we täze oba hojalyk ylmy girişmezden öňki wagtdaky mal ýatagynyň içini ýazyp görkezýär.

Aşakda bolsa şeýle adaty durmuşyň suratlandyrylyşyndan bir mysal H.Derýaýewden alýarys: „Dik bazara ýetmäge ýigrimi-otuz ädim galanda, bu bazaryň adamlarynyň hemmesi Myrat aga tarap topuldylar. Adamlar başly-barat, ýykylany haýsy, sürşeni haýsy, her kim aýak aldygyna ylgaýardy. Myrat aganyň öňünden bazara tarap barýan adamlar-da yzlaryna serpilip, ökjäni göterdiler. Myrat aga bu hadysa düşünip bilmedi, düşünmäge maý hem bolmady. Onuň ýüregine howsala düşüp, gaňrylyp, yzyna seretdi. Görse, yzyndan bazara tarap gelýänler hem yzlaryna dolanyp, degberäýýäler. Myrat aga hem „Kyrkdan özüni saýlan namart, assa gaçan çamandar“ diýip, Kerogly babasyny ýatlady-da, yzyna garşy degberäýdi. Myrat aga näme üçin gaçýandygyny bilmese-de, bu hadysa düşünmese-de gaty çyny bilen gaçdy. Ol, garram bolsa birenteginiň egninden basyp geçdi. Gaçyşlyk uzaga çekmedi. Adamlar tiz duruşdylar“ .( Derýaýew H.Ykbal.A.1962,224 sah)

Iki sany aýry-aýry awtordan alnan şu iki mysalyň ikisinde hem adatdaky durmuşy ýagdaý suratlandyrylýar. Şonda awtorlary dil boýunça aýyl-saýyl biri-birinden tapawutlandyrýan ýagdaýlar ýok. Olaryň ikisi-de biri-birine meňzeş. Başga hilli bolup hem bilmez.

Sebäbi, birinjiden, ikisiniň dili edebi dil. Eger birinji ýagdaýda, ýagny dialoglarda dil ýazyjynyň dili bolman, halk dili, gepleşik dili bolsa, bu ýerde hem dil her iki mysalda, ýazyjy tarapyndan işlenen dil bolman, olardan has öň formalaşan edebi dildir. Awtorlar bir edebi dil bilen adaty durmuş taraplaryny ýazyp görkezýärler.

Ikinjiden, şol adaty durmuşda awtoryň özi görülmeýär. Şonuň ýaly hem ýokarky edebi dil normalaryny awtorlaryň öz goşantlary ýok.

Ine şu sebäplere görä bu ýazyjylar şunuň ýaly mysallarda dilleri boýunça biri-birinden tapawutlanmaýarlar.

Diýmek, durmuşdaky adaty ýagdaýlary suratlandyranlarynda hem awtoryň dili oalry indiwiduallaşdyrmak çeşmesine öwrülip bilmeýärler. Munuň özi portretе, epitete we gaýry real, hut bolşy ýaly görkezilmegi talap edýän adaty durmuş taraplaryna hem degişlidir.

Şu halatlaryň hemmesinde awtorlar dilleri boýunça üzül-kesil biri-birinden tapawutlanyp bilmezler. Sebäbi olaryň hemmesiniň öňünde adaty durmuş fakty we bir edebi dil normalary durýar. Şu ýagdaýlar olaryň dilini biri-birinden aýyrman, olary biri-birine ýakynlaşdyrýar.

Ýokarda bellenilip geçilişi ýaly, şol ýagdaýlaryň içinde dil täýdan-da, hakykat taýdan-da awtorlaryň özleri görünmeýänligidir. Bu ýagdaýlarda ýek-ýarym sözler bir awtorda kä mahal özlerini görkezip bilerler.

Meselem, H.Derýaýew alnan mysalda „“degberäýdi sözüniň gelşi ýaly.

Bu barada W.Winogradowyň şeýle sözlerini sitirleýäris: „Ýazyjynyň stilini ýa-da edebi eseriň stilini birnäçe saýlanan sözler ýa-da sözler sistemasy arkaly kesgitlemek bir wagt bizde ýörgünli däbe öwrülipdi. Bu daşary ýurt imperessionistik tankytdy we edebi stilde häzir hem ýörgünlidir. Olaryň pikiriçe şol sözler ýa-da sözler sistemasy „tipik“, merkezi „kesgitleýji“ sözler bolup, awtoryň çeperçilik şahsyýetini, onuň dünýä bolan gatnaşygyny açyp görkeziji hasap edilýär“ (Виноградов В.В. Язык художественной литературы. М., 1959, 91 sax.). W.Winogradow bu ýagdaýy tutuşlygyna inkär edýär. Biziň pikirimizçe bolsa, elbetde, olar „tipik“ we merkezi bolmakdan gaty daşdadyrlar. Emma ýokarky halatlarda, ýagny ikinji ýagdaýda awtorlardan käbir yzlar hökmünde gatyp bilýärler. Bu ýagdaýlarda awtorlaryň dil aýratynlygy ýüze çykmaýan bolsa eýsem haýsy ýagdaýlarda olaryň dil aýratynlyklary ýüze çykýar, ýazyjylaryň dil aýratynlygyny işlemegiň gapylary, olaryň açarlary nirede diýen sorag gelip çykýar. Ine, aşakda şol ýagdaýlary birme-bir görkezip şol soraglara ýeke-ýeke jogap berip geçýäris. Ýokarda görkezilen ýagdaýlar ýazyjylaryň dil aýratynlyklary gözlenilmeli däl taraplardyr. Aşaky ýagdaýlar bolsa ýazyjylaryň dil aýratynlyklaryny özünde saklaýan taraplardyr. Şolardan biri çeper suratlandyrmalardyr.

## Çeper kyssada çeper diliň ähmiýeti

Ýazyjylaryň dil aýratynlygyny ýüze çykarýan taraplaryň biri liriki suratlandyrmalardyr. Awtorlar hemişe adaty durmuş wakalaryny suratlandyryp durman, olar öz ukyplaryna görä kä halatlarda töwerekdäki durmuşa, tebigata liriki çemeleşýärler. Meselem: B.Kerbabaýew obanyň töweregini şeýle suratlandyrýar: „Çygly şemal asmanyň buludyny öz ugruna bakan kowup gitdi. Gögüň ýüzi çüýşe ýaly durlandy.

Gün ýer ýüzüne gyk gözi bilen garanda, kümüş nuruny saçyp galdy.

Garaňky ýorganyny üstünden serpen gara ýer ýeňillik bilen dem aldy. Ýer ýüzünden goýry bug göterildi. Ulgam-ulgam gumlaryň, aňňat-aňňat çölleriň üstünden aşyp gelýän pessaý şemal çaly, çerkezleriň, çogan, ýowşanlaryň çygly ysyny getirdi.

Öýlerden çykýan tezek, töňňe ysly çalymtyk tüsseler biri-birine gatyşyp, dury asmanyň ýüzüni ýeňiljek gaýmakladýar-da, yga bakan ýuwaşlyk bilen hereket edýär.

Bütin töwerekde ýer ýüzi gögümtil, ýaşyl öwüsýär. Gün dogar dogmazdan demirgazyga bakan ugran süri düýe, erňege eňip barýan bulut ýaly uzakdan salgymlap görünýär. Günbatar tarapdaky gögümtil meýdanda eşekler jyzzynlaşýar. Ýaňyrak botlan düýe köşegini ysyrganypp abşaryp dur“.

Ata gowşudow „Köpetdagyň eteginde“ romanynda bir halaty şeýle suratlandyrýar. „Tomsuň

jöwzasynda ösýän epgek şemal ösýärdi. Beýik erik agajynyň ýapraklary şagyrdaşyp seslenýär, şemalyň ugruna gaýyşyp düşýärdiler. Kireňsiz asmanda aşak sallanan gün, özüniň ýiti şöhlesini seçýärdi“ .

H.Derýaýew „Ykbal“ romanyny şeýle suratlandyrma bilen başlaýar: „Bagtly durmuşy, gözel görnüşi umyt edip, uzak ýollara ugran Murgap, özüniň gözbaşyndan birnäçe ýüz kilometr uzaklyga çekilenden soňra bir belentlik meýdana duş gelýär. Ol özüniň güýç-kuwwatyna buýsanýan mele suwy bilen, bu ýerde hem bökdenmän, uçurymly gaýalary ýaryp, ýene demirgazyk tarapa ýönelýär.

Ynha, şu berk gaýaly, uçurymly ýeriň ýele ýanynda birnäçe ýyllar mundan ozal bir köpri salynypdyr. Dört tarapdan gelýän ýol bolsa, şol köpriniň üstünde birigip, ýene her haýsy öz ugruna, nämälim uzak ýerlere, ýylan ýaly egrem-bugram bolup, sowlup gidýärdi.

Bu ýollaryň birisi, gözýetimdäki obanyň ýeňsesini syryp gelýängyrasy hellewläp duran beýik-beýik daragtly nobur bilen uzak ýerlerden bäri deň kowalaşyp gelýän bolsa-da, ahyry, ondan aýrylyp, ýaňky köprä tarap öwrülýärdi“.

Biz şu ýerde B.Kerbabaýewden, A.Gowşudowdan, H.Derýaýewden töweregi liriki suratlandyrmagyň üç sany mysalyny görkezdik. Ýazyjylaryň döredijiligindäki dil aýratynlyklaryny ilki bilen olaryň şu hili töweregi liriki suratlandyrýan pursatlaryndan agtarmaly.

Ozal görkezilip geçilişi ýaly, dialoglar halk dilinde bolup, olarda awtoryň öz indiwidual keşbi ýüze çykmaýar. Sebäbi ol gürrüňlere ýazyjynyň özi gatnaşmaýar, adaty durmuşy awtoryň özi ýazyp görkezen mahalynda-da, ol edebi diliň çäginden çykmaýar. Onuň indiwidual şahsyýeti obýektiw äleme goşulmaýar. Emma ýokarky ýaly pursatlarda duýgy taýdan-da, dil taýdan-da ýazyjylaryň hut özleri gatnaşýarlar.

Olar öz ukyplary boýunça dünýäni çeperçilik bilen ýaňadan döredýärler, her biri özüne mahsus bolan güýç bilen, duýgy ruhy bilen janlandyrýar. Olaryň dili halk diliniň ýagny gepleşik diliň çeginden çykýar. Bu ýerde dil edebi dil bolmagynda galmak bilen çeper dile öwrülýär. Çeper dile öwrülýär diýmek obrazly dile, duýgular bilen janlanan dile, döredijilik diline öwrülýär diýmekdir. Munuň özi indiwiduallaşma dil diýmekdir.

Bu ýerde dil, awtorlary biri-birinden aýyrman, eýsem, olary biri-birine ýakynlaşdyrýan gepleşik-dialog dilinden arasyny açýar. Bu ýerdäki dil awtorlary bir meňzeş edip goýýan gurak edebi dil hem däl. Bu ýerdäki dil ýazyjylary biri-birinden aýyrýan, olaryň her biriniň döredijiligine, diline başga görk berýän, olary indiwiduallaşdyrýan, ozal taýýar bolan däl-de, her biriniň özüniň emgenip ýasan dilidir. Ýagny her biriniň öz duýgulary bilen doldurylan gözel dilidir.

Hakykatdan hem döredijilik perişdesi şular ýaly çemenlerde ganat kakyp biler. Ýazyjylaryň indiwidual dil aýratynlygyny şeýle ýagdaýlardan gözlemek diýmek dilde olary özbaşdak bolmak üçin, beýlekilerden tapawutlandyrmak üçin çeperçilige çagyrmak diýmekdir. Çeper sesiň hemme ýerinde awtoryň döredijilik derejesi bir meňzeş däldir. Ýokardaky ýaly ýagdaýlara garanda has doly özüni görkezýär. Aýratynlyk bolsa, nirede döredijilik bar bolsa şol ýerde ýaşaýandyr.

Adamlaryň duýgy taraplaryna kakyp bilmeýän, älemi we adamyň töweregindäki öli dünýäni duýgy ruhy bilen direldip bilmeýän biri – birine meňzeş söz we sözlemler tplumynda döredijilik – de, çeperçilik – de, aýratynlyk – da ýokdur. Şunuň ýaly dilde döredýän ýazyjylaryň hemmesi dilleri boýunça biri – birine meňzeşdir. Olarda özbaşdak dil manerasy ýokdur.

Diýmek ýazyjynyň bütin döredijiliginde onuň dil aýratynlygyny anyklamak üçin, onuň tutuş döredijiliginde duş gelýän şeýle pursatlary mukdary boýunça hem şolaryň hemmesiniň setir sanyny bilmeli. Olary biri – biri bilen derňäp, olaryň arasyndaky umumylygy, analogiýany ýüze çykarmaly, olaryň näme sebäbe görä bir indiwidual şahsyýetiň önümidiginiň syrlaryny açmaly. Şeýle pursatlar haýsy ýazyjyda mukdar taýdan köp bolsa, gözellik we nepislik taýdan belent bolsa, şol ýazyjy hem dil boýunça beýlekilerden ussatlyk mertebesine eýedir.

Ýokarda bellenilip geçilen bir ýagdaýy şu ýerde ýene bir gezek gaýtalasymyz gelýär. Ýazyjynyň indiwidual dil aýratynlygyny kesgitlemek diýmek, ony dilde çeperçilik diýmekdir.

Ýazyjynyň dilde indiwidullygy ýokarky ýagdaý bilen bir hatarda, köp halatlarda gahrymançylygyň içki dünýäsi bilen iş salyşýan, onuň ruhy älemini açyp görkezýän pursatlarynda ýüze çykýar. Şeýle ýagdaýlarda awtorlar kämahallar gahrymanlaryň özüni hem gepledip bilýärler. Şeýle – de bolsa şol sözler awtoryň dili hasap edilmelidir. Çünki onuň aňrysynda ýazyjynyň öz şahsyýeti bardyr.

B. Kerbabaýew „Nebitdag“ romanynda Amanyň içki dünýäsini bir ýerde şeýle görkezýär: „maşgala meselesi Amany ýedi ýylyň içinde hiç haçan şu günki ýaly gozgalaňa salmady. Şikesli adama öýlenmek, durmuş gurmak, ylaýta – da ýaşaşmak adatdan daşary çylşyrymly bolany üçin belki ol şol meseläni oýlap ölçermekden köp wagtlap gaça durandyr, şol meselä baş uranda, lezzet almagy üçin, mümkin boldugyça ony öz beýnisinden çykarmaga çalşandyr. Emma, şol meseläni bu gün enesi gazgany, onda – da örän çynlakaý goýany hem öz isleginiň, duýgysynyň şoňa bakan meýil edeni – şony ölçermek, mümkin bolsa aýgyt etmek pursady bir eýýäm ýeteni üçin, özüni tokunly deňiz oklanyny – da duýman galypdy.

Aman näçe ýüzgür bolsa – da, al – ýaşyl öwüsgini bilen özüne çekýän kenara çykmaga näçe

gysdansa – da, güýçli tolkun ony bir asmana zyňýardy, bir ýuwudýardy.

Şeýle aýylganç garşylyga bir eliň güýji ýetmeýärdi, görjegi bütin töwerekleýin işlemeýäni üçin ugrunyň hanjadygyny – da seljermeýärdi.

Ony şol tolkun bogarly bolanda hopugyp dem alýardy. Aman diňe şonda gözüni ýalpa açýardy-da, töweregine garanjaklaýardy.

Otagyň ýarpy möçberi onuň gözüne garaňky görünýärdi, emma beýleki ýarpysynda tumboçkanyň üstündäki ýokarysy galpakly çyra endigan ýagty salýardy. Onuň okaýan kitabynyň sahypalary açyklygyna ýatyrdy, ýere gaçan „Ogonýok“ maňa rehim et diýýän ýaly iki bükülýärdi. Aman ony şol ýatyşyna alyp galdyrdan ejizdi: -Onuň çep eli uzak bir gospitalda mundan on bir ýyl öň özünden jyda bolupdy. Amanyň abat gözüne – şol goluň ornuny eýelän häzir oturgyjyň üstünde jansyz sallanyp duran protez görünýärdi.

Köçede hereket ýatypdy. Kuhnýadaky şakyr-şukur bir eýýäm diňipdi. Şeýle dym-dyrslyk netijesinde Aman özüniň nähili dem alýanyny-da eşidýärdi. Daňyň ala garaňkysynda ala ssarmyk uky arasynda onuň gulagyna ýer sarsdyrýan üznüksiz gümmürdi, käte bolsa Çowdurowyň „Öňe-e!“ diýen komandasy eşidilýärdi, gözüne bolsa, howany däri tüssesi hem oturgyjyň üstündäki protez kaklyşýardy“.

H.Derýaýew „Ykbal“ romanynda gahrymanyny içki dünýäsini onuň öz adyndan bir ýerde şeýle

suratlandyrýar: „Ana şeýle bir wagtda yşkyň höwesi elmaýa kimin, meni arkasyna alyp, şol çölden salymyny bermän getirdi. Gelip düşen ýerim bolsa Orazsoltan ejäniň egsilmez hazynadan zyýat döwletli gapysydy. Men uzugyň mylaýym ýylgyryşly bir bakyşyna tiz seretjek bolup: „Hudaýym öýde bar bolaýbilseýdir“ diýen arzuw bilen gapyny itdim.

Öý doly yşyk söýginiň ýerine aýralyk golun berdi. Şol halatda aýralyk awusy süňňümden ötüp, ýöregime eýtdi. Garyp öýde, garyp galan mähriban gyzyň enesi söýgüden habar bermän, gara gözlerinden ajy ýaşlaryny dökmek bilen: „Aýralyk! Dat aýralyk! . . .“ diýen nyşany bildirdi.

Ynha, şu ýerde men ýüregim ikidir öýtdüm. Onuň ýerinde ot-ýalyndan, zähri-zakgundan, namysardan, gaýgy-hesretden doly ýürek goýup gidendir öýtdüm. Öňki yşk-söýgüden doly öý meni gabyr ýaly gysmaga başlady. Ýüreginde köpden mesgen tutup, hekem baglan söýgi guşy, şol goýup giden ugruna perwaz urup, ganat kakyp uçup gitdi“ .( 443 sah)

Şunuň ýaly gahrymanlaryň içki dünýäsini suratlandyrýan pursatlarynda awtorlar öz atlaryndan çykyşetseler-de (esasan öz atlarynda çykyş edýärler), gahrymanyň adyndan çykyş etseler-de, olar dil meselesinde indiwidualdyrlar. Munuň şeýle bolmaklygynyň iki sany sebäbi bar.

Birinjiden, gahrymanyň içki dünýäsi, ruhy halaty, umuman, adamlaryň içki dünýäsi predmet hökmünde ýazyjylaryň gözüne görnüp durmaýar. Içki

dünýä adamlara, şol sanda ýazyjylara görünmeýän düşünjedir.Şuňa görä-de bu ýerde ýazyjylary özüniň daşky keşbi bilen birleşdirýän, hemmesiniň nazaryna bir zat bolup görünýän predmet ýok. Her ýazyjy ony özbäşdak göz öňüne getirýär. Ol görünmeýän düşünje bolany üçin ony her kim özüçe göz öňüne getirýär, şonuň netijesinde olaryň suratlandyryşy-da biri-birine meňzemeýär.

Ikinjiden, bu ýerde awtorlar „gurak“ adaty durmuş epizaodlary bilen iş salyşman, adamçylyk ruh bilen iş salyşýarlar. Şatlyk, gaýgy-gam, hyjuw, arzuw we gaýry şuňa meňzeş adamlary gozgalaňa salýan düşünjeler bilen iş salyşýarlar. Hem-de şeýle pursatlarda olaryň şahsyýeti, indiwidual ukyby herekete gelmän, gozganman, gaýrata galman, joşman, şol halatlara goşulman durup bilermi! Elbetde durup bilmez.

Ine, şeýle pursatlarda, şol ruhy halatlara ýazyjynyň özi-de hyjuwly goşulan mahalynda, onuň dilinde döredijilik ýaratynlyklary emele gelýär. Ýazyjynyň dilindäki aýratynlyklar onuň şunuň ýaly adamçylyk ruhy halatlar bilen çaknyşan mahalynda şol çaknyşykdan emele gelen bir ýaňdyr. Ýazyjynyň öz dilinde hemme pursatlarda indiwidual däldigine düşünmegimiz gerek. „Men ony düýn köçede gördüm. Ol şu ýyl instituty gutarýar. Meniň tarapymdan oňa salam aýt. Awtobusyň içi adam bilen doludy“ ýaly pursatlarda asla awtorlar dilleri boýunça indiwidual

däldirler. Şeýle sözlemleri ähli awtorlardan näçe diýseň tapmak bolar. Bular öň halk we intelligentler tarapyndan işlenen grammatikanyň, normalaryna jogap berip bilýän umumy edebi diliň sözlemleridir. Şol taýýar zady awtorlar diňe peýdalanýarlar.

Edebiýatçy alymlarymyz we tankytçylarymyz köp wagtlarda ýazyjylary lälikleşdirýärler. Olaryň dilinde iň ýönekeýje, adaty durmuşda duş gelýän sözlemi mysal alyp, olaryň dildki indiwiduallygynyň belent usgasy hökmünde görkezýärler. Munuň özi durşuna zyýandyr. Ýazyjylary jansyz, adaty sözlemler bilen kanagatlanmaga çagyrmakdyr. Onçakly gelişmese-de, şu ýerde bir mysal getiresimiz gelýär: bir süri jüýjäni yzyna düşürip ýören towuk gumrynyň ýanynda öwünip: ynha men her gezekde 15-den köp jüýje çykarýaryn, sen näme üçin diňe iki sanydan köp çykaryp bilmeýärsiň diýen. Gumry oňa jogap berip: „Sebäbi sen çagalaryňy tezek dörüp ekleýärsiň, men bolsam ýürek ganym bilen ekleýärin“ diýipdir.

## Şygryýetde şahsy stil we dil

Köp ýazyjylaryň döredijiliginde olaryň dilleri boýunça indiwidual pursatlarynda indiwidual däl pursatlary kän agdyklyk edýär. Çünki ýürek gany bilen iýmitlendirmek gaty kyndyr, ony her kim başarmaýar. Bulardan geçende awtorlaryň dildäki indiwiduallyk derejesi peýzaž berenlerinde ýüze çykyp biler. Liriki yza çekilmelerde bu ýagdaý has hem mese-mälim görünýär. Liriki yza çekilmelerde

awtorlar özleriniň duýgy-düşünjesine güýçli täsir eden daşky dünýäni öz galdyran güýçli täsirleri bilen organiki birlikde berýär. Daşky dünýäden bir topar awtoryň täsirleniş derejesi deň däldir. Birinjiden, täsirlenýän organlar aýry-aýrydyr. Ikinjiden, täsirlenýän, taraplar bilim, tejribe we ýaş aýratynlyklary boýunça düýbünden başga-başga adamlardyr. Şuňa görä-de olaryň her biri daşky, dünýäni kabul etmekde, duýmakda, duýguda özbaşdakdyr, indiwidualdyr. Duýguda özbaşdak bolany üçin, şeýle pursatlary beýan edýän mahallarynda dilde hem olar indiwidualdyrlar.

Ýazyjy şahyrlaryň indiwiduallygyny, ýagny dil aýratynlygyny kesgitleýän esasy taraplaryň biri-de olaryň döredijiliginde duş gelýän metaforalar sistemasydyr. Şunda şeýle bir ýagdaýy bellemegimiz gerek. Eger metaforalar ozal halk tarapyndan ýa-da belli bir ýazyjy tarapyndan, umuman, ozal folklor we edebiýatda işlenen bolsa, ol metaforalary ulanmak awtorlaryň döredijiligine hiç hili dil aýratynlygyny berip bilmez. Metaforalary diňe awtorlaryň özi döreden mahalynda, olar ajaýyp gözellik bilen tutuş sistema öwrülen mahalynda, olaryň dil aýratynlygyny kesgitlemekde möhüm elementleriň biridir. „Perhat we Şirin“ poemasyndan aşakda birnäçe setiri mysal alýarys. Şol setirlerde şahyr öz metaforiki döredijiligi bilen tomsy, güýzi häsiýetlendirýär. Şol mysallara geçmezden ozal bu barada iki ýagdaýy görkezmekçidiris. Birinjiden, mysaly näme üçin

häzirki zaman edebiýatyndan alman, klassyk edebiýatdan aldyk. Sebäbi edebiýatda metaforalarda geplemek geçmiş edebiýatyň örän üstün tarapy we häzirki zaman edebiýatynyň gowşak tarapydyr. Galyberse-de teoriýa üçin mysalyň haýsy döwürden bolmagy ähmiýetli däl. Ikinjiden, mysallar originaldan däl-de terjimeden alyndy. Munda hem protest bildirer ýaly zat ýok, sebäbi metafora terjimede hem özüniň öňküligini saklaýar. Bu barada öz ýerinde gürrüň ediljekdir. Ine şulardan soň biz öz mysalymyza geçip bileris:

Bu gün aýagydyr bahar aýynyň
Guýaş odundadyr gözi läläniň.
Her tarapdan öwser agras şemaly,
Bu ýerde adamlar semender ýaly.
Günüň gyzgynyna getirmeýin tap,
Ýyldyzlar akýarlar simap dek eräp.
Tüweleý ykmanda çölde haýran dek,
Çydaman towlanýar yssa ýylan dek.
Daglaryň üstüne ot sepýär jahan,
Gaýnar bulaklardyr ondan bir nyşan.
Şapak däl magrypda görünýän her şam,
Gyzyp gyzarypdyr diňderilen jam.
Bir gyzan körükden pelek nyşana,
Guýaşdan ot dartyp onda zybana.
Kömüri gijedir, ýeli daň demi,
Uçgunlydyr süýşen ýyldyzyň jemi,
Gyzgyna çydaman gör gara ýeri,
Akar endamyndan joýalar deri.

Saýalar güneşden ýanyp dur, köýüp
Gizlenýär arada adamy goýup...
Gün kähriba meňzedende zamany,
Saraldanda bergi, bermän amany,
Agajyň ýapragy kähriba döndi.
Ýaş şöhlesi öçüp saralan gündi.
Ot üstünden düşdi güzeri ýeliň,
Çynar ot çabraýar syn ediň geliň.
Bir çynardyr içinde ot tutaşan,
Ol oduň şöhlesi ýaprakdan aşan.
Saba suw ýüzüni zer bilen hekläp,
Suwuň etegini zerden jähekläp.
Ýapragyň odundan uçup şerara,
Göýä zer warakdan aýrylan para.
Saralan ýaprakda oturandyr zag.
Ýa gülüň ýüzüne basylan dek dag.
Derek otyr ýüzi sary zar ýaly,
Sary kesel bilen bir bimar ýaly...

Metaforalar ýokarda görkezilen pursatlaryň içinde hem gelip bilýär we olardan daşarda, özbaşdak hem gelip bilýärler. Nirede gelende – de olaryň iki wezipesi bar.

Birinji wezipesi reňkiň, sypatyň, duýgynyň derejesini görkezmekden we ikinji wezipesi bolsapredmetleriň obrazynyň bermekden ybaratdyr. Käbir alymlar metaforalara edebiýatda bir reňk, tam salnyp gutarandan soňra, daşyndan çalynýan syrça hökmünde garaýarlar. Munuň özi bütünleý nädogry

we metaforalaryň mazmunyna ylmy taýdan düşünmezlikdir.

Metaforalar döredijilik prosesinde döreýär, pikir, duýgy, dil bilen birlikde, bir wagtyň özünde bitewilik döreýär (elbetde, biz ozaldan taýýar bolan metaforalary hasaba almaýarys). Ony döretmek üçin awtor köp pikir sarp edýär, kän oturýar, bir topar emgenýär. Diýmek, onuň özi çeperçiligiň aýrylmaz bölegi, diliň bir kategoriýasy, ýagny hut awtoryň özüniň döredýän kategoriýasy, ýagny hut awtoryň özüniň döredýän kategoriýasy şonuň bilen – de, soňra çalynýan reňk bolman, beýleki döredijilik elementleri bilen bir wagtda, birlikde döreýän döredijilikdir.

Çeper edebiýatyň esasy predmetleriniň biri adamyň keýpi we onuň içki dünýäsidir. Adamyň içki dünýäsini açyp görkezmek üçin diliň sostawyndaky bar sözler asla ýeterlik däldir. Meselem begenmek, guwanmak, şatlanmak, hoşal bolmak ýaly manydaş sözler şol ruhy halatyň ähli derejesini görkezip bilmezler. Ölümden – ýitgiden, şowsuzlykdan adam gam çekýär. Emma şol oki halatdaky gamyň derejesi deň däldir. Doganyň ölmegi bilen garyndaşyň ölüminden çekilýän gamyň derejesi deň bolup bilmez. Şeýle hem bir şowsuz hadysa aýry – aýry adamlarda gamyň dürli – dürli derejesini döredýär. Birinde gowşak, birinde güýçli. Şolaryň hemmesini ýönekeý dil bir sözde ” gaýgy, gam” sözünde aňladýar.

Diýmek, ýalňyz şol söz bilen gamyň ähli derejesini görkezip bolmagyň mümkin däldigi öz –

özünden bellidir: Ine şeýle pursatlarda ýazyjylaryň we şahyrlaryň kömegine metaforalar ýetişýär. Andalyp ”Mažnuny dilefkärem çöllerdäki ýer boldum” diýmek bilen adamlaryň ýagdaýynyň astynda häli – şindi depelenip ýören gara ýere döndüm diýýär. Fuzuly bolsa ”Dünýä harazynda bir däne boldum” diýýär. Magtymguly ”zulum eleginde elenip, göklerde sowruldym” diýýär. Şularyň hemmesi horlukdyr. Emma her haýsy horlugyň başga – başga derejesidir. Ýalňyz horluk sözi bilen horluk derejelerini görkezip bolmajakdygy şu ýerden aýdyň görünýär. Şunuň bilen – de metaforalaryň kömegi bolmasa, adamlaryň ruhy halatyny we içki dünýäsini açyp görkezmegiň mümkin däldigi aýdyň görünýär. Ikinji ýagdaýda awtorlar metaforalaryň kömegi bilen predmetleriň ýönekeý dilde berlip bolmajak obrazlaryny döredýärler. Meselem, Nowaýy üssünden ýel öwsüp saralan ýapraklaryny her ýana pytradyp oturan çynary içine ot düşüp her ýana ýalyn çabraýana meňzedýär. Başga bir ýerde güýzde ýapraklaryny döküp oturan agaçlary tüý döküş möwsüminde tüýlerini döküp oturan guşlara meňzedýär. Ýene bir ýerde:

Agajyň ýapragyny sowurdy ser – ser (gara hazan ýeli)
Suwuň simabyny gyş etdi mermer... –

Diýip, suwy simaba, gyşda doňup ýatan buzlary bolsa mermer daşlaryna meňzedýär. Metaforalaryň kömegi bilen predmetler direlýär we olaryň janly keşbi

adamlaryň nazarynda jisimlenýär. Ýöne şu ýerde gaýtalaýarys. Ýazyjy, şahyr haçan – da metaforany özi döreden mahalynda, onuň döredijiliginde tutuş metaforalar sistemasy kemala gelse ol diliň şu kategoriýasy boýunça özbaşdak we indiwidualdyr. Takyklaýjynyň wezipesi, onuň döredijiligindäki ähli işlenen metaforalary bir ýere ýygnap, şolaryň arasyndaky ýüze çykarmakdan we onuň aýratynlyklaryny bellemekden ybaratdyr. Şonda ýazyjynyň ulanan, ozal taýýar bolan metaforalary hasaba alynmaly däldir. Halk arasyndaky folklordaky ýa-da beýleki awtorlardaky metaforalary öz döredijiliklerinde gaýtalanýan diliň şu kategoriýasynda özbaşdak we indiwidual däldir. Olar diňe gaýtalaýjydyr.

Biz ýokarda ýazyjynyň dilinde indiwidual hem indiwidual däl taraplaryň bardygyny görüp geçdik.Emma şu ýazyjynyň dilinde aýratynlyklaryň ýok pursatlary ähmiýetsizdir, ol ýerlerde döredijilik ýokdur, diýen netije gelip çykmaly däldir. Ol pursatlarda, diliň nähili bolmagyna garamazdan, durmuş hereketleri we ol hereketler hakynda awtoryň pikirleri bardyr. Şu ýagdaýlar bolsa döredijiligiň esaslarydyr.

„Gurbannazar Ezizowyň şahyrana refleksiýalary türkmeniň dünýäni emosional-filosofik aňlaýşynyň, ony ekspressiw- filosofik teswirleýşiniň Magtymguludan soňky ilkinji bütinleý täze hadysa boldy.Ol ýaşaýşyň täze ahlak- filosofik modelini

döretdi. Munuň özi biziň barlygy duýşumyzda, barlyga garaýşymyzda we gatnaşygymyzda açylan täzelikdir.Täzeligiň düýp manysyny şeýle kesgitläp bolardy: XX asyrda türkmen ruhy dünýewileşdi, dünýä bilen barlyşdy, gözelligi, manyny hem-de maksady dünýä ýaşaýşyndan tapdy.Barlyk dünýä çäklerindäki dirilik eken, şonuň üçinem, biz özümizi dünýäniňki diýip, dünýäden hem-de dünýälik diýip aňladyk. Dünýä biziň ýüreklerimizde orun aldy, biz dünýäniň goýnunda watan edindik. Şu hili aňlaýyş Magtymguly, asyl XX asyrdan ozalky tutuş dünýäduýuşymyz babatda metapozisiýady, ýagny öňküden tapawutlanýan pozisiýady, belli bir taraplardan bolsa, bu hatda oppozisiýady, ýagny öňkä gapma- garşy aňlaýyşdy. Milli ruhumyzyň özeninde, (ýa-da) düýbünde bolup geçen şeýle pozision hem-de , biziňçe, pozitiw özgerişligi öz döredijiligine sygdyranlygy we ony alamatlandyrýandygy hem Ezizowyň şahyr hökmündäki beýikligini kesgitledi.Zehin, onda-da adaty däl zehin diýilýän inçe, ynjyk we akyl bilen tutardan has sypjyk materiýanyň ylmy- logiki ölçegini bermek, umuman mümkin däl, ýöne Ezizowyň beýikligi şol özgermäni içine almaga ukyply bolup çykýanlygy bilen akyl tarapyndan kesgitlärlik, pikire getirerlik bolup durýar. Ol muny hakyky sungatyň dilinde aňlatdy.

Geçen ýüzýyllykda ruhumyz toprak bilen badaşdy, ondan öňki dünýäni duýşumyz boýunça bolsa, dünýä biziň üçin menzil- duralgady. XX asyrda biz

dünýäni barlyk- diriligiň çeşmesi we dirilik meýdany hökmünde kabul etdik, ondan öň bolsa, dünýä ýoklugyň körügi we ajalyň elindäki ýokluk guralydy. Magtymgulynyň „ dünýäsiniň“ çuňňur ekzistensial manysy bardyr. Muny şahyryň öz beýiklik derejesinde aýan etmek üçin ýokary filosofik- metafiziki derňew ediji- tefsirleýji filosofik medeniýet gerek. Gynansak-da, häzirlikçe bizde şeýle pikirlenme endigi- pelsepe dessury ýok.Onuň „ dünýäsiniň“ bary- ýogy maddy baýlyk ýa-da filosofiki, fiziki, ylaýta-da, sosial reallyk hökmünde düşündirilmegi bolsa ylmy seljermäniň ejizliginden, gödeňsiliginden we gurpsuzlygyndan, filosofiki diskursyň bolsa asla ýoklugyndan habar berýär.

Ezizowyň şahyrana- filosofik intiutiwlik bilen ykrar eden „ tebigat“, „toprak“, „güýz“ ýaly täze çeperçilik parametrleri iş ýüzünde Magtymgulynyň „ dünýäsine“, „ pelegine“ gymmatlyk alternatiwasy boldy.

Biz söýüldik bagtly bolduk şoň üçin,
Diňe söýen güýzde gussa düşünýär.
Kim aýdypdyr pany diýip barlyga,
Ýaşanyňa juda degýär bu dünýä.

Magtymguly barlyk gymmatlygyny ahyrky netijäniň nukdaýnazaryndan kesgitläp, fiziki ölüm bilen netijelenýän dünýä ýaşaýşyny ret etse, Ezizow gymmatlygy ýaşaýyş prosesiniň dowamatyndan çykarýar. Tapawut Wagta iki hili gatnaşykdandyr. Magtymguly geljege meşgul, Ezizow häzirkilige

muşdak. Ol özüni dünýä üçin aslyýat, bigäne däl-de, dünýä synasy bolan substantiw jandar hökmünde syzýar. Ol- jisimiň bir ipostasy.

Ýitirenmi seň goýnuňda ýitirdim,
Tapanymam seň goýnuňda tapdym men.
Sen bolaňsoň dünýä akyl ýetirdim,
Onuň ähli peslik, şatlygy bilen.

Nirä gitsem meniň bilen bolduň sen,
Sen, seretsem, onki süňňüm ekeniň.
Çalyşman daş ýurduň gülleri bilen,
Aýakda yz goýan seniň tikeniň.

Toprak geografik däl, ontologik watan, ömür- dirilik intensional däl, substansional barlyk. „Daş ýurt“ aňlatmasynyň jedelsiz filosofik manysy bardyr.Çünki şahyryň ahyrky maksady-da şeýle tükellenýär.

Baky uka gitsem bir gazaply gyş,
Seň goýnuňda ýatmak miýesser etsin.

Özboluşly barlyk bolan adam şahsyýeti dünýäden aýrylyp, ondan çykyp, haýsydyr bir başga gaýyby barlyklara gidenok.

Ýöne ýyllar geçip, üýşüp deň- duşlar,
Gök otuň üstüne basanda gadam.
Otlar olaň aýagyna çyrmaşar,
„Saklan!- diýýän ýaly mähriban adam-

-Keýpiňiz neneňsi, barmydyr bir tap,
Gezip ýörmüsiňiz başlaryňyz jem?“

Emma şol otlaryň ýüzüne garap,
Mendigimi bilmez olaň birisem.

Şeýle melenholiki syzgylaryň ýüreklerimize güýçli täsir edýänligi biziň- de dünýä adamlaryndandygymyz sebäplidir.Dünýäduýşuň özenini kemal edýän bu syzgylar çeper pikirlenmäniň täze strukturasyny we täze şahyrana- filosofik dili döredýär. Netijede tebigat, güýz, ýagyş, gar, şemal, ýaprak, daragt, ot, çyg, obalar, şäherler ýaly XX asyrdan öňki söz medeniýetimiz üçin hiç hili ähmiýeti bolmadyk dünýä görnüşiniň elementleri pikir- estetiki gymmatlyga öwrülýärler.Şahyr olary adam ömrüne ahlak- filosofik many we ähmiýet bermegiň serişdesi edip goýýar.Olar biziň ruhumyzyň- janymyzyň ýaşaýşynyň, aňlaýşynyň hem-de dil açyşynyň alternatiwasyz substantiwligi bolup kemala gelýär.

Hiç bir zat baky däl, geçer hemme zat-
Müdimidir astymyzda şu zemin.

Zeminiň müdimiligi ynsanyň müdimiliginiň aňladylmagy, çünki jisimden- zeminden aňyrda haýsydyr bir barlygyň bardygy şu hili aňlaýyş konteksinde asla duýulmaýar.

Şeýlelikde, Ezizow ruhumyzyň täze bir giňişligini, ýaşaýşyň täze barlyk perspektiwasyny açdy, ony juda ynamly we esasly ykrar etdi.Öňki dünýägaraýşymyzdan tapawutly barlyk düşünjesi ýüregimize ornaşdy. Munuň özi ruhy- aňlaýyş mümkinçiliklerimiziň alternatiw ugrunyň ykrar bolandygynyň faktydyr. Aslynda durmuş näme? Beýik

şahyrlar diňe bir geçmişden hil taýdan prinsipial aýrybaşgalamakdan döremeýär.Olaryň öz döwri bilen „oňşuksyzlygy“,bolmanda göwnisowuklygy has gözeilginçdir. Bu tebigydyr, çünki döwür diýilýäni Wagtyň çigmallyk ýagdaýyndan bişişenlik, kemallyk halatyna geçişiniň prosesidir. Bu hemişe agyrly, käte-de pajygaly proses „zandy şahyrlaryň“ (B.Jütdiýewiň) näzik,ýöne çydamly ýürekleriň üstünde amala aşýar.Döwre gatnaşyk meselesiniň Ezizow babatda-ha öz hususyýeti bat.Şeýle seredeniňde,öz zamanasy bilen şahyryň arasynda üýtgeşik mesele, müşgillik bolmadyk ýaly.Siňe seretseň welin, bu ýerde ähli döwürlere mahsus guýmagursak-dürtmegursak garşylyklary bilen bir hatarda döwrüň resmi talaplary zerarly şahyr kalbynda dörän ynjylary,ejirleri, hat-da prinsipial närazlyklarygörýärsiň.

Adamzat süňňüne mahsus peslikler-göriplik,biperwaýlyk,nadanlyk,şowakörlük hem-de aklygysgalyk çyn şahyrlaryň göwnüne tiken bolup sanjylýar.Ezizowyň edebiýat meýdanna gelen döwri-XX asyryň 60-njy ýyllary „maýylganlyk“ ýyllary bolupdy.Ýöne bu „maýylganlyk“ jemgyýetçilik howasynyň aňzak sowugyny az pursatlyk gowşadypdy, döwrüň esasyny düzýän buz dvzgvnler beýle maýyllyk zerarly erärden has berkdi wer gatydy.

„Maýylganlyk“ adam şahsyýetiniň, adam ykbalynyň, gaýgysy- şatlygy bilen dolup duran hususy

adam durmuşynyň edebiýata gelmegine, garaz, puryja berdi. Ezizow jemgyýetçilik- taryhy tarapdan bakanyňda, şol „kadadan çykmanyň“ önümidir.Hususy ýaşaýşyň çylşyrymly, ýöne tebigy, öwrenişilmedik, ýöne manyly agyp- dönmeleri bilen orta çykan şahyry- adamy şol adamlygy üçinem ýepbekläp ugradylar.Şeýdýänleriň aňynda „şahyr öz hususyýetini däl-de, durmuşy beýan etmeli“ diýen düşünje bardy. Şahyry durmuşy bilmezlikde, durmuşy görmezlikde, durmuşyň gülala- güllügini wasp etmezlikde aýypladylar. Aňymyzyň asyryň esasy kössekleriniň birinden doly boşamagy üçin, bu düýpli meseläniň änik- şänigine ýetmek zerurdyr. Döwrüň aňyýeti „durmuş“ diýip diňe sosial esasly barlyga düşünýärdi. Sosiallygyň hökmürowanlygy iş ýüzünde adam barynyň talabalaýyk bir biçimde bolmagyny üpjün etse, bu talap edebiýata jansyz, mähirsiz duýgularyň hemişelik ornaşmagyna getirdi, çünki hususylygyň ýok ýerinde jan hem mähir ýaşap bilmeýär. Edebiýatda sosial däl, ruhy esasly durmuşa orun ýokdy, bu bolsa islendik ruhy gözleglere, täze çeper formalara böwet bolýardy. 'Durmuşy görkezmek“ talabynyň açyk manysy resmiligiň isleginiň we aňynyň çägindäki reallygy „suratlandyrmakdan“ ybaratdy.Durmuş diýip diňe gödek sosial formalara düşünilýärdi. Ine, şeýle edebi-taryhy pursatda başga bir esasly- ruhy- emosional esasly hususy adam barlygy, tebigaty boýunça sosial merkezli däl-de, tersine, ruh merkezli barlygy

suratlandyrýan Ezizow „urgy ýassygyna“ (M.Seýidow) öwrüldi.Tebigy zehiniň dünýäni görşünde hususy barlyk sosial barlykdan rüstem gelýärdi, çünki birinji- janlydy, ikinji bolsa ölüdi. Bu „ýepbekleýjileri“ hasam kejikdirdi. Emma şahyryň suratlandyryşynda tebigatyň (talantyň) hem-de sungatyň kanuny hökmürowanlygy aýan bolup, ynsan hususyýeti sosial barlyga garaşsyz, awtonom mazmun hökmünde janly beýanlara maýyl okyjy ýüregini özüne çekipdi.

Bu gün yza garap, Ezizow öz döwründen üstün çykypdyr diýmek açyş etmek däl. Bu ýeňşiň aňyrsynda talant, öz hakykatyňa wepalylyk hem-de ahlaky we edebi ynsap ýatýar.

Maňa öwran- öwran
Diýdiler: „Ýigit,
Sen durmuşy öwren,
Sen durmuşa git!“

Belki, durmuş diýen,
Meniň özümdir.
Halal duzum iýen,
Ogul, gyzymdyr.

ýa-da:

Durmuş!
Bu gykylyk,
Uly gürrüň däl.
Agramyň elmydam,

Egnimde galsyn.

Garşydaşlaryň ile diňe şatlyk paýlamaly diýen pikiri bolup bilse ýarym hakykatdyr. Çünki beýle talap ynsanyň tebigatyna- da, lirika sungatynyň tebigatyna-da ters gelýär. Okyjy psihologik taýdan özüni liriki „men“ bilen aýnylaşdyrýar. Ýarym hakyky edebiýat şeýle okyjy üçin psihologik we ahlak şikesini döredýär.

Başga biri üçin gursagma kakyp,
Hakyň ýok syryma gulak asmaga.
Ýürekler diwar däl,
Oňa çüý kakyp,
Soň şol çüýden başga pikir asmaga.

Şu bentdäki metafora çeper pikirlenmäniň materialy nukdaýnazaryndan gyzyklydyr.Şahyryň bakylyk diline dönýän obrazlary panylykdan-döwürden alynýar. Çüý, diwar, diwara kakmak- bular XX asyryň aňyýetiniň wagyz serişdelerini ýatlatmaýarmy?

Edebi- çeper pikirlenmäniň güýçli metaforalaşmagynyň 60-njy ýyllarda örç almagy-da, degişli edebi fenomeniniň hususyruh esaslylygy we gözellik kulty bilen baglanyşyklydyr. Munuň özi lirikanyň täze hilini berdi. Näme üçin munuň başynda hut Ezizow durdy?„ Sungat diýmek näme?“

Şygryýetiň sungata öwrülmegi Ezizowyň döredijiligi arkaly we onuň döredijiliginde has oňat berjaý boldy. Sungatyň döremegi üçin ruhy barlygyň empiriki barlykdan ileriligini ykrar edýän ahlak

duýguly estetiki aň gerek. Adatylyk- empiriki derejeden ýokary galyp bilmeýän döredijilik sungatyň diline öwrülip bilmeýär. Ynsan duýgularynyň dil formalary arkaly reallyga öwrülmek ukybynyň döremegi üçin täze reflektiw parametler gerek.Refleksiýa howaýy barlygy maddy barlyk bilen utgaýdyrýar.Ahlak duýgusy bilen görk duýgusy birleşende döreýän ukyby Ezizow söýgi diýip kesgitleýär.

Diňe söýmeýänleň, köýmeýänleriň,
Özgäni beýgeltjek ajaýyp syry
Bir gyzyl manat deý gizleýänleriň
Gutarýar ekeni ýürekde gory.

Görk duýgusy ynsan ruhuna gözelligi görmäge, ahlak duýgusy bolsa ony söze geçirmek üçin gutarnykly, kesgitli we kämil pozisiýany eýelemäge mümkinçilik berýär.

Sözler birden ýarylsa
Ýürekleriň teýinden
Güýzän güýz ternelerniň
Täsin ýarylşy ýaly.

Duzuňy syladym- ýalan ýazmadym.
Tälim almaň dagdan inen sillerden.

Diňe söýýän adam ruhy dirilikde bolup biler. Söýginiň miwesi sadalyk. Sadalyk estetiki ukyp hökmünde hakykaty duýmak, görmekdir, ahlaky ukyp hökmünde bolsa ony ýoýmazlykdyr. Sadalyk

düşnükliligiň sinonimi, düşnüksizligiňem antonimi däl. Ol çylşyrymlylygyňam antonimi däl. Ol tebigylyk hem-de daşky ýagdaýlaryň amatsyzlyklaryny piňine almaýan dogruçyllyk we gönümellikdir.Ol döwrüň, mähelläniň öňünde zehin we ahlaky ýanbermezlik prinsipidir. Şahyr ony döredijilik kategoriýasyhökmünde ulanypdyr. Sungatyň hamyrmaýasy edinip bolmaýan, diňe Alla tarapyn berilýän söýgi ukybydyr. Diňe söýýän ýürek ahlaky duýgulara we hereketlere, ýaşaýşa we döredijilige ukyplydyr.

Ezizow Magtymguludan soňky ikinji beýiklik bolup döredi.Üçünji beýiklik üçin Ezizowyň täsirinden çykyp öz barlygyňy, durmuşyňy, sungatyňy tapynmak gerek.

## Çeper kyssada şahsy stil

K.Marks bir ýerde stil meselesinde söz açyp: çeper eserde görkezilýän hadysalar stil sferasyna girmeýär, diýýär. Munuň sebäbini Marks hadysalaryň umumylygy bilen düşündirýär. Eger stil ýazyjynyň aýratynlyklarynyň jemi bolsa, beýleki ýazyjylardan ony tapawutlandyrýan taraplaryň jemi bolsa, onda hemme ýazyjylara umumy bolan, hemme ýazyjylary birleşdirýän hadysalar ýazyjynyň stilini kesgitlemekde bir rol oýnap bilmezler. Sebäbi hadysalar ýeke bir ýazyjynyňky däl, ol hemme ýazyjynyňky, hem seniňki, hem meniňki diýip, ol aýdýar. K.Marks stil hakyndaky şu kesgitlemesi dil meselesine-de degişlidir. Käbir alymlar çeper edebiýatda stil

meselesini diňe bir dildäki aýratynlyklara syrykdyrjak bolýarlar, stili ýalňyz dilden agtarýarlar hem agtarmaly diýýärler. Munuň özi ýalňyşpikirdir. Sebäbi, dil hem hadysalar ýaly umumy halk hadysasydyr. Dil-de bir adamynyňky däldir we ähli halkyňkydyr. Hem seniňkidir hem-de meniňkidir.Eger stil bir ýazyjyny beýleki ýazyjylardan tapawutlandyrýan aýratynlyklaryň jemi bolup durýan bolsa, onda hemmäniňki bolan, hemme ýazyjylara degişli bolan, hemme ýazyjylary birleşdirýän umumylaşdyrýan dil stil meselesini çözmekde ýalňyz rola eýe bolup bilmez. Dil bir dilde ýazýan ýazyjylary biri-birindenaýyrmaýar-da, gaýtam olary birleşdirýär we umumylaşdyrýar. Ähli ýazyjylar: suw, geldim, ýazdym, gitdi, alar, galam, çöl ýaly, hemmeler üçin umumy bolan sözleri ulanýarlar. Düşümler, şahs ýöňkemeleri, geçen zaman formalary, sözleriň sintaktik taýdan gurluşy we bu gurluşda sözlemiň agzalarynyň ornaşýan ýerleri bir dil ada-kanunlaryna boýun egýärler.K.Marks stil-bu adamdyr diýip, görkezýär. Şeýle bolansoň, stil alamatlaryny obýektiw zatlardan däl-de, her bir ýazyjynyň şahsyýetinden, şahsyýetine degişli bolan taraplardan gözlemek gerek. Ýazyjynyň şahsyýeti ideýasynda-da, duýgularynda-da, hadysalary gurmak tärinde-de, hadysalara bolan gatnaşygynda-da, dili ulanmakdaky ussatlyk derejesinde-de ýüze çykýar. Ýöne şularyň hemmesinde deň derejede ýüze çykman, birinde az, başga birinde has doly ýüze çykýar.Wakalary

gurmakda gowşagrak bolan ýazyjynyň dil hünärinde has ökde, ussat bolmagy mümkin, şonda-da esere kämil eser diýmek bolmaz. Ol nähili-de bolsa, formanyň bir elementiniň gowşakdygyny we mazmun bilen formanyň ylalaşygynyň bozulýandygyny aňladýandyr. Sungat we çeperçilik diýen beýik at diňe bitewilik bolmalydyr. Şu ýokarda görkezilip geçilen stil elementlerinde biz ýazyjy Ata Gowşudowyň stil bitewiliginden onuň çeper dil manerasyny takyklamaga niýet edindik.

Ata Gowşudowyň sözlemleri gurmakdaky aýratynlyklaryndan biri onuň dilinde ep-esli ýerde sözlemleriň gysga gurulýandygyndan ybaratdyr. Ine, ýazyjynyň „Iň soňky arçyn“ diýen powestinden bir mysal: „Olar iki topara bölünýärler. Her oýunçynyň özüniň kömekçisi, gözegçisi bolýar, derrew görüp aýdýarlar, we oýunçy hem göçende: „At taşlasak näder? Ýa-da: „Pyýadany sürsek, pil bilen ursak näder?“ diýip, olardan maslahat soraýarlar. Olar öz oýunlarynyň gyzgalaňy bilen daş-töwereginde gopgun tursa-da bilmeýärler.Olar günbatardan şemal öwüsýän bolsa, dükanyň gündogar tarapynda, eger-de gündogardan şemal öwüsýän bolsa dükanyň günbatar tarapyndaky gumak, gury ýerde egrilip, töwerek gurýarlar we küşdüň gyzgalaňy bilen gümra bolşup oturýarlar. Bu bolgusyz dükanyň içinde hem gyzykly gürrüňçilik gurýarlar. Tomus günleri bolsa, gün gijigip, ýandyryjy güýjüni kemeldenden soň, adamlar onuň daş işigine üýşýärdiler.

Ussanyň bu dükany öň daşy suwalan kepbe tamdy. Soň, ussa onuň her gatyny bir ýylda kem-kemden laýdan galdyrýardy, üstüne agaç germeşdirip, syza, selin bilen basyryp suwaýardy. Ol dükanyň üçünji ganatyny laýdan galdyranynda, dükanyň dükanyň gurlanyna dogry bäş ýyl bolupdy“. Bu ýerde ýazyjy sözlemleri gysga gurýar. Ýöne hemme halatlarda soňunda nokat bolmaly diýip, düşünmeli däl. Käbir ýagdaýlarda ýazyjy sözlemi hal işlik bilen gutaryp, hal işlikden soň otur goýup, sözlemi dowam edýär. Şeýle halatda hem eger sözlemiň özi gysga bolsa, ol özüniň gysga sözlemdigini ýitirmeýär. Başga bir ýagdaýda awtor gysga sözlemi işligiň şert formasy bilen gutaryp, ondan soň, otur goýup, sözlemi dowam edýär. Emma şonda-da sözlemiň asly gysga bolany üçin özüniň gysgalygyny saklaýar. Ine, ýene bir mysal: „Ylýas töre hoş gelipsiňiz, sapa gelipsiňiz, jaýa baralyň, ýadansyňyz. Dem-dynç alyň. Ondan soň hem işe başlasaňyz wagt bar, hemişe gelip duraňyzok, sebäp bilen zyýarat, ine, bu gün gelipsiňiz – diýip, Gulman onuň öňünde ýallaklaýardy. Ony hormatlap, eýwanly jaýa saldy, söwüş goýunlar öldürildi. Dürli naharlar taýýarlanyldy, arak-şerap goýuldy. Obanyň agyr mähellesi bolsa, şol meýdanda irkilip, aç-suwsuz garaşyp otyrdylar, Ylýas töre Gulman bilen nahar başynda keýp çekip oturan wagty öwünç bilen gürleýär hem iki gepläp bir gülýärdi“ . Bu mysal ýazyjynyň „Garrynyň sözi“ diýen hekaýasyndan

alyndy. Bu ýerde hem ýokarky ýagdaýy aýyl-saýyl synlamak bolýar.

Bu ýerde kontekst iki bölümden ybarat. Birinji bölümde ol personažlaryny gepledýär, ikinji bölümde bolsa, onuň özi gepleýär. Emma awtoryň özi geplände-de, onuň personažlary geplände-de sözlemler gysga gurulýar. Birinji sözlemde, dogry, sözlemleriň arasyna oturgoýlup, biri-birinden aýrylypdyr. Şeýle-de bolsa, olar özleriniň sada hem gysga sözlemdiklerini saklap durlar. Sebäbi olaryň her biriniň soňunda nokat goýup, olaryň her birini özbaşdak sada sözleme öwürmek mümkin. Ikinji halatda, awtoryň özi geöleýän mahalynda bolsa, ol her bir sözlemi sada, ýönekeý edip gurmak bilen birlikde, habary soňunda goýup, işligiň geçen zaman formasy bilen soňlaýar we inwersiýa ýaly figuralary ulanmaýar.

„Ol çopançylygyny etsin ýörsün-dä, siziň çagalaryňyz bilen näme işi barmyş, eger onuň bu saparky eden işine berk jogap bermeseň, indiki saparda ol siziň öýňüziň tüýnügine-de çykar, ol üflis çopana çäre gördürmek gerek, bu işde men sizi goldaryn, ýöne arçynyň beýleki kethudalary hem gepleşer ýaly etmek gerek, düşdüňmi, ýer astyndan sokmaly, bu dünýäniň işi şeýle. Annaguly, ýogsa Ýalman ýaly kethudalar lakgyldap ýörer-diýip, bu kethuda uzak wagtlap oturyp, uly hezzet edilip bişirden towukly palawdan garnyny dolduryp gitdi“. Bu mysal ýazyjynyň „Patyşa sudýalarynyň hilegärligi“

diýen hekaýasyndan alyndy. Eger siňe seretsek, bu ýerde hem birinji mysallarda görkezilen ýagdaýlary görmek bolýar. Birinji sözlemde awtor dört sany gutaran özbaşdak sözlemi biri-biriniň yzyndan getirip, bir bitewi sözlem hökmünde gurýar. Hakykatda bolsa ol dört sany sözlemiň her biriniň soňunda nokat goýup, ony dört sany özbaşdak sada sözlem diýip düşünmek mümkin. Bularyň hemmesi özbaşdak sada sözlem, şolaryň arasynda ýekeje şert eýerjeň sözlemi bar, bu-da hemişe Ata Gowşudowyň sözlem gurmakdaky manerasyna degişli bir zatdyr.

Ozal bellenilip geçilişi ýaly, Ata Gowşudow özünden öň bolup geçen ýa-da özüniň görmedik hadysalaryny beýan eden mahalynda hem sözlemleriň soňuny köplenç işligiň absolýut geçen zaman formasy bilen gutarýar. Şonda awtoryň özi bolup geçen wakalaryň şaýady ýaly bolup çykyş edýär. Onuň özi şol hadysalary gapdalynda durup, synlap duran ýaly bolup görünýär.

Sözlemiň soňuny işligiň absolýut geçen zaman formasy bilen soňlamak hemme halatlarda Ata Gowşudowyň manerasyna has bolan bir aýratynlyk diýip, çürt – kesik aýtmak bolmaz. Ýazyjy kä halatlarda hereketiň dowamly ýa – da dowamsyzlygyna garap, bu kadadan çykýar. Sözlemiň soňuny işligiň absolýut geçen zaman formasy bilen gutarmak Berdi kerbebeýewe has bolan bir aýratynlykdyr. Beýleki ýazyjylar sözlemi şeýle gurmaklygyBerdi Kerbabaýewden öwrenipdirler.

Ata Gowşudowa has bolan ýene bir aýratynlyk bar. Ol kä halatlarda öz sözünde hem sözleri gepleşik dilinde bolşy ýaly ulanýar – da oturyberýär. Meselem, ol „düşündiňmi“ sözüni „düşdüňmi“ görnüşinde ulanýar. Şu „düşdüňmi“ sözüni ol hemişe gaýtalap hem – de halk dilinde, gepleşik dilinde bolşy ýaly ulanýar.

„Emma bolmady, bularyň oklary paýawlap barýar, onuň üçin hem atyş selçeňledi. Edol şol wagtdan peýdalanyp, nemesler çerdaga bir granat atdylar. Çerdak ýanyp başlady. Öýüň töwereginde özleriniň köp maslyklary üşensoň, diňe şonda nemesler öýe çozup girmek başartdy. Ýedi batyryň ikisi ölüpdir, ikisi hem ýaralanypdyr, galan üçisi hem ýeňilräk ýaralydy. Öý eýesi aýala – da ýara düşüpdir. Ok degmän galan diňe şu çagajyk. Bu bäş batyry işige alyp çykdylar. Bularyň yzy bilen öz eýesi aýaly hem alyp çykdylar. Ol aýal çykan badyna, iki sany soldat onuň gujagyndaky çagany siltäp alyp, ýere taşladylar. Şol wagt içi ýangynly bir nemes ofiseri guduz açan ýaly boldy – da, aýala gylyç saldy. Ol aýal ýykylandan soň hem gylyç salmagyny dowam edip, onuň göwresini çapym - çapym etdi. Soň ol ofiser edil alkymynyň aşagynda çarlap oturan çagajygy ädikli aýagynyň burny bilen depip göýberdi we oňa – da bir gylyç saldy“. Ine, bu setirler Ata Gowşudowyň has kämilleşen döwründe ýazan „Mähri – Wepa“ romanyndan alyndy. Ýazyjy bu ýerde sözlemi gysga gurmak hem olaryň soňuny işligiň geçen zaman

formasy bilen gutarmak, özüni wakalaryň şaýady edip alyp barmak aýratynlygyny saklaýar. Sözlemi şeýle gurmalda awtoryň özi hemme halatda öz etkinde hem bolmaýar we bolmandyr. Ol köplenç wakalaryň erkinde bolup, hereketlere boýun egmeli bolýar. Sözlemi gysga gurmaklygyň özi hadysanyň, wakanyň köplüginden gelip çykýar. Her waka, her bir hereket özüne bir gutaran sözlem talap edýär. Ýöne awtoryň özüni şol hereketleriň, wakalaryň şaýady edip ýa – da etmän görkezmekligi onuň subýektiw isleginden, hususy taraplaryndan gelip çykýar.

Şu ýerde şeýle bir ýagdaýy belläp geçmekçi bolýarys. Şol döwürde ýazylan prozanyň dili, Ata Gowşudowyň dili, B. Kerbabaýewiň şol döwürdäki dili, Agahan Durdyýewiň, Nurymyrat Saryhanowyň dili şu günki proza dili bilen deňeşdireniňde has – da mazmunly dildir. Şol ýazyjylar diliň sarpasyny saklamak we ony merkezleşdirmek, mazmunyň talabyndan artyk, maksatsyz we zeruryýetsiz ulanmazlyk prinsipine üns beripdirler.

Ata Gowşudow sözlemleri gysga guran mahalynda köplenç gepleşik we halk dilinde bolşy ýaly edip gurýar. Ol sözlemleri kämähal hal işlik, kämähal otur bilen biri – birinden aýyrsa, käte „we“ baglaýjysy bilen biri – birinden aýyrýar. Dogry, gepleşik dilinde „we“ baglaýjysy köp ulanylýar, şeýle hem ol köplenç ylym we publisistika diline degişlidir. Şeýle – de bolsa, Ata Gowşudow bu baglaýjyny köp ulanýar. Şonuň üçin onuň dili şu baglaýjyny ulanýan

ýerlerinde publisistikanyň diline ýakynlaşýar. B. Kerbabaýew „we“ baglaýjysyny ulanmakdan hemişe gaça durupdyr. Onuň deregine ol mydama hal işlik ýa-da otur, pauza ulanypdyr. Şonuň üçin hem Berdi Kerbaýewiň çeper dili tebigyrak bolup eşdilýär. „we“ baglaýjysy arap dilinden türkmen diline geçipdir. Ýat element tä özüniň formasyny üýtgedip, assymillileşýänçä özüniň ýatlygyny gaty uzak döwürlere çenli saklaýar.

B. Kerbabaýewiň bir aýratynlygyny onuň ökde synçylygy bilen hem synlap gören zatlaryny öz ukyby bilen real suratlandyryp bilýänligi bilen düşündirmek mümkin. Emma Ata Gowşudowyň döreden obrazlaryna, häsiýetlerine, ähli çeperçilik serişdelerine we çeper diline başga bir aýratynlyk degişlidir. Ol – da bolsa, onuň çuňňur halyklygydyr. Ol özüniň obrazlaryny – da, häsiýetlerini – de, çeperçilik serişdelerini – de, dilini – de halk bilen, folklor bilen berk baglanyşdyrýar.

Şu problema bilen baglylykda biz göräýmäge biri – birine garşy bolan iki sany ýagdaý bilen ýüzbe – ýüz bolýarys. Şu ýagdaýy has aýdyňlaşdyrmak üçin irki türkmen romanlaryna degişli bolan bir aýratynlygyň üstünde gysgaça durup geçmegi makul gördük.

Türkmen edebiýatynda häzirki zaman romany täze hadysady. Ol rus romanynyň täsiri astynda döredi we şonuň realistik däpleriniözleşdirmek esasynda ösüp kemala geldi. Şeýle – de bolsa bu romanyň özüne has

bolan hususy aýratynlyklary bar. Bizde romanyň irki döwründe ýedi sany roman bolupdyr. „Aýgytly ädim“, „Doganlar“, „Ykbal“, „Mähri – Wepa“, „Köpetdagyň eteginde“, „Nebitdag“. Şulardan dört sanysy taryhy – rewolýusion temada bolup, esasan, türkmen halkynyň geçmişini we türkmenistanda bolup geçen sosialistik rewolýusiany suratlandyrýarlar. Şularyň hemmesine mahsus bolan bir aýratynlyk (ikinji topara azrak degişli) rus romanyna garanyňda olaryň halk döredijiligi bilen has beter baglanşyklydygydyr. Türkmen romanynda geçmiş rus romanynyň realistik däpleri türkmen halk döredijiligi bilen özboluşly, epiki eser emele gelýär. Bu romanlarda halk döredijiligi nähili faktlarda ýüze çykýar. Gahrymanyň keşbinde, awtoryň hem personažlaryň ulanýan sansyz küp halk aňlatmalarynda, halk obrazly sözlerinde, folklor meňzetmelerinde, şeýle hem käbir nakyllar we atalar sözleriniň ulanylmagynda ýüze çykýar. Eger rus romanynda şu edebi faktlaryň absolýut agdyklykda awtorlaryň öz beýnileriniň önümidigini göz öňüne tutsak hem türkmen romanynda munuň has köp orun eýeleýändigini nazara alsak bu ýagdaýyň umuman türkmen romanynyň bir aýratynlygy bolup durýandygyny çekinmän aýdyp bileris. 1955 – nji ýylda Almaatada bolup geçen edebiýatçylaryň maslahatynda çykyp geplänleriň biri: Edebiýaty folkloryň şunuň ýaly täsirinden çykarmaly diýip mesele goýdy.

Häzir biziň öňümizde iki mesele durýar. Birinjiden, romanymyzda şeýle güýçli orun eýelän folklor täsiriniň bardygyny esasly we ynandyrjy faktlarda açyp görkezmek. Ikinjiden, romanda folkloryň şeýle orun tutmagynyň sebäplerini açyp görkezmek. Birinji sorag ýörüte takyklamagy talap edýär.biz olaryň nähilli kanallar bilen geçendigini, oňa çemeleşmegiň ýollaryny ýokarda gysgaça aýdyp geçdik (bu ugurda käbir işler hem edildi).

Taryhy romanlar, esasan, halkyň köne durmuşyny ýazyp görkezýär. Şuňa görä – de onuň materialynyň özi, ýagny şol durmuşyň özi halk döredijiligine ýakyndyr. Bu ýerde ýazyjynyň öňüne häzirki zaman durmuşy ýaly çylşyrymly, köp taraply baý durmuş materialy durman, ýönekeý, sada, adam aragatnaşygynyň köp taraplary bolmadyk we çuňlaşmadyk, folklor durmuşyna ýakynrak bolan bir durmuş durýar. Ol durmuş şol durmuşyň öz içinde işlän folklor materiallary, çeperçilik serişdeleri we gaýry aňlatmalary bilen birlikde ýazyjynyň öňünde durýar. Ýazyjy şol durmuşy görkezmek üçin obýektiw suratsyz şonuň özi içinde işlenen metaforalara ýüzlenýär. Diýmek, romanyň medeniýet derejesini kesgitleýän faktor ilki bilen onda görkezilýän materialyň, durmuşyň, adamyň nähili we haýsy döwre degişlidigidir. Emma „Nebitdag“ ol täze tehniki, täze şäher, kino, radio, umuman, folklor durmuşyndan örän uzak bolan dünýäde ýaşaýar. Romanyň häsiýetinde materialyň roly şu deňeşdirmede açyk görünse gerek.

Şeýle soragyň gelip çykmagy mümkin. Ýazyjy özüniň ýazyp görkezýan durmuşyndan bu ýerde has ýokarda durýar, onuň depesinden seredýär, näme üçin ony görkezmekde folklor täsiri astynda durýar. Munuň birinji sebäbine ýokarda jogap berdik, ikinji sebäbine bolsa aşakda jogap berýäris. Häzir bir ýagdaýy belläp geçeliň. Eger geçmiş materialy ýazyjyny folklora tarap ýakynlaşdyrsa, häzirki zaman materialy ony täzeçillige we nowatorçylyga tarap ýakynlaşdyrýar. Kämahallar „nebitdag“ romany „Aýgytly ädimden“ çeper diýýärler. Munuň dogry tarapy hem bar. Her iki romanda ideýa-tematiki esasyň deň ähmiýetlidiginden geçeniňde „Nebitdagda“ şöhlenen ähli häzirki zaman medeniýet üstünlikleri romanyň çeperçiligini gaty ýokary göterýär. Eger şu medeniýet üstünlikleri birinji romana degişli dil çeperçiliginde ýazylan bolsady, roman has- da kämilleşerdi.

Meseläniň goýlyşyna geçýäris. Edebiýaty folklor täsirinden çykarmaly, diýen sorag goýulýar. Emma M. Gorkiý öz zamanynda meseläni munuň tersine goýupdyr. Ol hemişe folklor materialyna ýüzlenip, onuň dil baýlygyndan peýdalanmagy, onuň dilinden obraz döretmekligi öwrenmegi ýaş awtorlara wesýet edip durupdy.

A.M. Gorkiniň şu wesýetleriniň ilki bilen sowet edebiýatynyň ýaňy döräp, ösmäge başlan döwrüne degişlidigini belläp geçmegimiz zerurdyr. Bu döwürde ýokarda belläp geçişimiz ýaly ýazyjylaryň özi, edebiýatyň özi halk durmuşyna, ýagny folklora has –

da ýakyndy. Bu ýagdaýdan geçenden soňra, folklor materialyndan we onuň dilinden peýdalanmak her bir ýazyjynyň ýazmaga ilki başlan döwründe döreden eserlerine has ham degişlidir. Emma, dura – bara ýazyjy özüniň döredijiliginiň ösüş etaplaryna folklor täsirinden has daşlaşýar. Munuň sebäbi birinjiden, ýazyjy özüniň folklor baýlygyny ilkinji eserlerinde sarp edip gutarýar, ikinjiden onuň özi formirleşýär, öz dili bilen geplemek isleýär. Şularyň hemmesi aňly – düşünjeli däl – de özakymyna emele gelýär. „Aýgytly ädim“, „Ykbal“ we beýleki romanlarda köp – köp atalar sözlerine nakyllara duş gelmek bolaýr. Hydyr Derýaýew gaty guwanç we uly hyjuw bilen nakyllary we atalar sözlerini „Ykbalda“ ulanýar. Emma onuň zapasy bu barada şu ýerde gutaran bolsa gerek diýip, çaklamak mümkin.

Ata Gowşudowyň bir aýratynlygy ol irki eserlerinde halk döredijiligine köp ýüzlenen bolsa - da, nakyllar we atalar sözlerine kän üns bermändir. Belki – de M. Gorkiniň wesýetinden ugur alan bolsa gerek, ol folkloryň obrazly sözlerine köp ýüzlenipdir. Öz persenažlarynyň keşbini has anyk we röwşen suratlandyrmak üçin ol halk döredijiliginiň obrazly sözlerini örän ussatlyk bilen peýdalanypdyr hem köp peýdalanypdyr. Bu obrazly sözler takmynan onuň öz diliniň içinde eräp gidipdir, eger bir takyklaýjy olary ýüze çykaryp görkezmese, olary saýgaryp hem bolmaýar. Sebäbi şol aňlatmalaryň özi halk diliniň

umumy söz zapasyna girýär, nakyllar we atalar sözleri bolsa, folklor eseridir.

Aşakda käbir mysallara ýüzleneliň. „Edil şänik döwen ýaly sözlerini pert – pert aýdyp, bizi hem agzyna aňkartdy“, „başymdan gum sowurardym, ýöne çörekden garnymy gana doýuryp bilmezdim“, „... tutup gaçjak ýaly bolup böwrüni diňşirgendi“, „... Aýagym küýze ýaly çişipdir“. „Men bolsa hamala brigadir üçin işleýän ýaly geregimi artdyryp gerinjireýärdim“, „ . . . bir sapar gelende men ýüzümi bir batman sallap“ . . ., „Gardaş jan, däliden dogry habar . . .“, „Onuň bu saparky gelşinden sussym basyldy“. Folkloryň şunuň ýaly obrazly sözleri Ata Gowşudowyň ähli döredijiligi üçin häsiýetlendiriji bir çeperçilik hadysadyr. Ol şu aýratynlygyndan hiç haçan ýazmandyr. Ýöne bu ýerde onuň ähli eserlerinden mysal getirjek bolup durmak birboluşlyga we irizijilige elter. Şonuň üçin biz ýokarky mysallar bilen kanagatlanýarys (Ýokarky mysallar ýazyjynyň „Baýyň mekirligi“ diýen hekaýasyndan alyndy).

Ata Gowşudow sözlemi gysga gurmak bilen birlikde köp halatlarda gepleşik diline ýakyn edip gurýar.“Mähri – Wepa“ romanynda bir ýerde adamlar gyzyl esgerleri fronta ugradýarlar. Bu ýerde sözlemi halk dilinde ulanyşy ýaly gurmakdan başga-da ol „galanoklar“ sözüniň deregine „galanaklar“, „ugradyjylar“ sözüniň deregine „tomaşabanlar“, „gyzyl esger“ deregne, „gyzyl goşunlar“ ýaly sözleri

ulanýarlar. Ol diwiziýa, lager, muzyka, minomet, gospital ýaly sözleri hem ulanmakda özüni çäklendirmeýär. „Şol günleriň birinde Gurt gospitalyň edarasy ýerleşýän jaýa girdi. Şol wagt şol jaýda naçalnik we onuň kömekçisi hem gospitalyň doktorlary bar ekenler. Näme üçin-de bolsa, Gurduň nazary wraç aýallaryň arasynda duran bir gyza dikildi“ (bu mysal hem „Mähri - Wepa“ romanyndan alyndy). Bu mysalda hem ýazyjynyň „gospital, doktor, wraç, naçalnik“ ýaly sözleri ulanmakda säginip durmanlygyny biz görüp bilýäris. Elbetde, biz şu ýerde sözleri almaly däl, ýada beýle sözlerialmakda özüňi belli bir çäk bilen çäklendirmeli diýen meseläni öňe sürmeýäris. Biz şu we şuňa meňzeş sözleri ulanmak bilen ýazyjy özüniň çeper diline intelligensiýanyň gepleýiş häsiýetini girizýär, diýmekçi bolýarys. Şular bilen birlikde ýazyjy öz gahrymany Mährini sypatlandyranda ony: almaýaňakly, gara gözli, gyýma gara gaşly, hänji dişli, edip halk epitetleri bilen bezeýär.

Ata Gowşudowyň döredijiligine mahsus bolan ýene bir aýratynlygy şu ýerde belläp geçmegimiz zerurdyr. Ata Gowşudowyň gahrymanlary oba adamlary – hemişe galjaň adamlar. Pökgeniň özi, Kakajan hasapçy, Küle girrik, Öwez we başgalaryň her birine galjaňlyk we kämahallar howsalaçylyk belli bir derejede degişlidir. Ine, Kakajan hasapçy dogry hasap çykaryp bilmän, başga harajatlary-da öz üstüne alyp, howsala düşüp, howpa basylyp otyr. Onuň

ýalňyş hasabyndan Pökgen hem dowla, kürsäp Hoşgeldiniň ýanyna gelýär. Şu häsiýetleri we halatlary beýan eden mahalynda hem ýazyjy olary şol ýönekeý adamlaryň öz dilinde beýan etmegiň hötdesinden gelip bilýär. Meselem, Kakajan dowla düşüp: „Bu işde jogapkärçiligi men öz boýnumdan aýyrýan, sen hem özüň görersiň-dä“ diýip, özüniň şol howsalasyny derrew „jogapkärçilik“ sözi bilen baglanyşdyrýar. „Ol özüniň tejribesi onçakly ýok wagtynda“ diýen sözlemde ýazyjy halk diliniň hatyrasy üçin „onçakly däl“ sözüni başgaçarak ulanýar. „Pökgeniň baş buhgalterine Kakajan diýerdiler“ diýen sözlemde hem „diýerdiler“ diýen iň soňky söz sözlemi has hem halkylaşdyrýar. Buhgalteri: „arryk, gagaç etli“ ýaly sözler ýilen sypatlandyranda hem ol halk epitetlerini çeper ulanýar.

Ata Gowşudowyň özi gürrüň beren mahalynda köp halatlarda ýeke bir sözlemleri sintaksis taýdan gurmak boýunça däl, eýsem, ulanýan sözleriniň hili, häsiýeti boýunça-da obadan we oba adamlaryndan uzaklaşmaýar. Onuň bu aýratynlygy ylaýta-da oba temasyndan ýazan „Köpetdagyň eteginde“ romanynda has aýdyň ýüze çykýar. Ine, bir mysal: „Soň bu ikisi maşyny münüp gitdiler we Hoşgeldiniň ak ekmek üçin belleýän ýerine aýlandylar. Ine şu ýeri tohumlyk üçin niýetlenen uçastok, ine bu ýerler bolsa körpe ekinler üçin diýip,Hoşgeldi güýzlik bugdaý ekiljek ýerleri hem görkezişdirip, beýle etmegiň aýratyn sebäplerine çenli düşündirdi. Ondan soň, bular başga ýerlere

aýlandylar. Hoşgeldi kolhozyň umumy ýerini özüniň aýratyn häsiýetlerine görä üç topara bölüp, ol şolaryň hemmesine aýlap, Ýagmyra görkezişdirdi. Ýagmyr bolsa, ýerleri pugta synlaýardy we suw jähtden hem başga zatlar soraşdyrýardy. Hoşgeldi oňa hemme taraplaryny düşündirýärdi. Ahyrda hem bular täze obanyň tutuljak ýerine geldiler we maşyndan düşüp, töweregi synladylar. Bu ýer gaty köp ýyllardan bäri ekin ekilmedik giň meýdandy. Ýagmyr bilen Hoşgeldi meýdanyň ortasynda bolan bir tümmejigiň üstünde oturdylar we çilim çekdiler. Hoşgeldi kartasyny öňüne ýazdy"(Gowşudow A.Köpetdagyň eteginde. 106 sah.). Ata Gowşudowyň dilinde şu mysaldan görnüşi ýaly oba adamlarynyň diline has bolan, olaryň daýhançylyk işleri bilen bagly bolan, kä mahallar ýaşulular ýadyňa salýan „ak ekmek", „tohumlyk", „körpe ekinler", „güýzlük bugdaý" ýaly sözler-de duş gelýär. Şunuň bilen birlikde ozal belläp geçişimiz ýaly „uçastok, karta" ýaly sözler-de gabat gelýär.

Ýokarky tekstde duş gelýän sözlemler sintaksis gurluşy boýunça gaty düşnükli, sada, oba adamlaryna ýakyn sözlem we sözlerdir. Şeýle pursatlarda, kähalatlarda Ata Gowşudowyň dilini hatda onuň personažlarynyň dilinden, dialoglardan tapawutlandyrmak aňsat hem bolup duranok. „Ol öz ýanyndan „Hoşgeldiniň biderek ýerleri ekdirmesi, onuň üstesine hem ekmeli ýorunja planyna iki esse artdyrmagy nämekä?Ýeri, ýorunjadan saňa çörek bolarmyka, ekipsiň täň edipsiň, ol ýorunjany ata-baba

ekilmän ýatan şor ýere ekmek nämä gerek, başga ýer gytmy. Olar ýaly ýerde seniň ýorunjaň gögermezem“ diýip, pikir edip otyr, emma onuň göwni ekerançylyk meýdanda gezýär, meýdanlar biri-biriniň yzyndan onuň gözüniň öňünden gelip geçýär: men bütin ömrümi daýhançylyk bilen geçirdim, obamyzyň bu çöl meýdanynda meniň dabanymyň degmedik ýeri ýok ahyryn. Soň ol birden howsala düşüp, bu ýyl biz planymyzam dolduryp bilmeris, iliň-günüň öňünde öňküden hem beter masgara bolarys“(Gowşudow A.Köpetdagyň eteginde.301 sah.). Bu söz Pökgeniň sözleri. Bular personažyň sözleri bolsa-da, onuň esasan ýazyjynyň öz diline meňzeşligini görkezmek gerek. Bu ýerde hem awtoryň öz dilinde bolşy ýaly, has çeper edebi sözleriň, meslem, „obanyň bu giň meýdanynda meniň dabanymyň degmedik ýeri ýok“ diýen sözlemleriň bardygyny, şunuň bilen birlikde ýönekeý sözlemleriň-de bardygyny göörkezmek zerurdyr. Ýöne, elbetde, awtoryň dili bilen personažlaryň dili hemme halatda şunuň ýaly meňzeşdir diýmek bolmaz. Awtor öz dilinde sözlemleri guranda sintaksis kadalary saklap hemişe olary dogry gurýar we sözleri doly aýdýar. Emma personažlaryň dilinde bu ýagdaýy hemişe sakalp durmaýar.

Ata Gowşudowyň döredijiliginde awtoryň dili hakynda gürrüň gidende ýene bir ýagdaýy belläp geçmek zerurdyr. Ol-da bolsa tebigatyň suratyny çekiş ukybyndan we gahrymanlaryň içki heýjanly

tolgunmalaryny beýan etmek ukybyndan ybaratdyr. Ilki bilen awtoryň tebigat suratyny çekmekde-de, gahrymanlaryň içki tolgunmalaryny ýazyp görkezmekde-de onuň az sözlüdigini bellemegimiz zerurdyr. Gahrymanlaryň içki tolgunmalaryny suratlandyrýan pursatlaryna az duşmak bolýar. Muny awtoryň şeýle pursatlar bilen duş gelmeýändigini bilen düşündirmek bolar. Onuň deregine ýazyjy hemişe ýönekeý, real hakykat bilen köp ýüzbe-ýüz bolýar, olary dogruçyl ýazyp görkezýär. Emma tebigatyň suratyny çeken mahalynda, peýzaž beren wagtynda ýazyjy yzygiderli uzyn sahypalary bagyşlap durmaýarda, gysga setirlerde gahrymanyň daşyny gurşap alan tebigat älemini suratlandyryp görkezýär. Ine aşakda şu ýagdaýlaryň üstünde durup geçýäris: „Gün öýle çagydy. Bahar edip oturan işlerini ýaňy ýygnaşdyryp, içerini süpürýär, ol birden bir zat ýadyňa düşen ýaly bolup tüýnüge garady. Tutuşlaýyn gögüň ýüzüni büräp alan dumany aksowult bulutlaryň bölüm-bölüm bolan tolkunynyň arasynda perdesini bir syryp, bir ýapyp duran tün şuglasynyň çatyryga dyrmaşyşyny gördi. Ol birnäçe wagt özüni pynhan eden günüň bu görnüşine şatlanýan ýaly ylgap baryp işigi açdy. Gündogardan ösýän ýyljak şemal bir hepdeden bäri ýeriň ýüzüni görmäge zar eden galyň gary göýa gyzgyn jama atylan buz ýaly pagyş-para edipdir. Käbir ýerlerde gizlenip galan gar bölejikleriniň buldur-buldur eräp ýyldyraýan damjalary ýere düşýärler-de siňip gidýärler.

Bahar sübsenini bir dula atdy-da boýnuny uzadyp howanyň ýüzüne garady. Bulutlar göýä bu ýakymly şemalyň öňünde durup bilmejege meňzäp, topbak-topbak bolşup kowgy gelýän ýaly geçýärler. Bahar: „Meni daşaryk çykmaga zar eden gazap bulutlar ýok bolýar“ diýip, bosaga söýenip oýlanyp durdy. Ol işigi ýapyp yzyna çekilmegi bilen ýüregi howlaýan ýaly ýene gapyny açyp, daşaryk ýüzüniň ugruna siňe-siňe seretdi we yzyna dolandy“. Ilki bilen awtoryň peýzaž berende we tebigatyň suratyny çekende ony gahrymanlarynyň

Içki dünýäsi ýa – da halk ahwaly bilen baglanýandygyny aýtmalydyrys. Bu ýerde awtor bulutlaryň dargaýşyny, garlaryň eräp başlaýşyny oba durmuşyndan kynçylyklaryň ýok bolup başlandygynyň simboly edip alýar. Şular bilen birlikde bu setirlerde awtoryň dil meselesinde gaty özboluşly ussatlarça çykyş idýändigini – de bellemelidiris. Meselem, ol buludyň ýyrtyklaryndan kä özüni görkezip, ke hem bulutlaryň aňrysynda gizleýändigine kä perdä bürenip, käte bolsa perdeden gözüni görkezip bakýar diýip, örän obrazly beýan edýär. Eräp başlan gar böleklerini ol gyzgyn jama atylap, pagş – para bolan buza meňzedýär. Görnüşi ýaly Ata Gowşudowda talant bar, emma ol özüniň talantyny bu ugurda kän işletmändir, köplenç durmuşy beýan etmeklige siňdiripdir. „Graždanlyk urşunda üznüksiz burugsan däriniň gubary mylaýym ösen şemalyň ygyna baka uçup ýok boldy. Toz – duman

tutan asmanyň çaňy syrylyp, gün ýalpyldady“. Ine, ýazyjy özüniň „ Güni goltukda gizläp bolmaz“ diýen hekaýasyny şeýle setirler bilen başlaýar we gürrüňe girişmezden ozal tebigatyň keşbini suratlandyrýar. Bu ýerde iki ýagdaýy belläp geçmek zerurdyr. Birinjiden, awtor öz adaty boýnça tebigaty suratlandyrmaga hiç haçan köp söz sarp etmeýär. Bu ýerde hem onuň şol aýratynlygyny görmek bolýar. Ikinjiden, ol tebigatyň keşbini öz gürrüň berjek wakalary bilen baglanyşdyrýar, durmuşa hem gahrymanlarynyň hereket we ruhy dünýäsine bagly edip goýýar. Ýokarky setirlerde graždanlyk urşunyň gutarmagy, däri-tüssäniň mylaýym şemalyň ygyna baka ýok bolup gitmegi we günüň parlap çykmagy täze başlanan janly hereket bilen baglanyşdyrylýar we şonuň simboly edip görkezilýär. „Ýaz aýlarynyň açyk howaly günleriniň biridi. Üzüm gülleriniň ýakymly, atyr ysy burugsaýardy.Gün ortadan agan soň myhmanlar gelip başladylar. Giç öýle ýerine baran ýazan gününiň şöhlesi giň äleme nur saçýardy. Mylaýym ösýän bahar şemaly sämeýärdi we üzüm gülleriniň hoşboý atyr ysyna baglaryň ter ýapraklarynyň ysy bilen gatyp, garyp, ýakymly ys bilen eýwanda dolanýardy. Nahar çekilmäge başlandy“. Bu mysallar ýazyjynyň „Gajar aga“ hekaýasyndan alyndy. Awtor şu setirleri ýagny tebigatyň bu keşbini-de belli bir ýagdaý üçin saýlap alypdyr.

Bu barada mysaly näçe köpeltseň, köpeldip oturmaly. Şeýlelikde, ýokarky mysallar üsti bilen

ýazyjy A.Gowşudowyň indiwidual çeperçilik stilinde dil manerasynyň bir tarapy hökmünde onuň tebigat keşbine, peýzaž bermeklige hiç ýerde köp söz sarp etmeýändigini görkezmelidiris. Biz mysal alsak-da, almasak-da onuň „Mähri-Wepa“ romanynda-da, „Köpetdagyň eteginde“ romanynda-da, „Watan ogly“ powestinde-de, „Iň soňky arçyn“ powestinde-de, ähli hekaýalarynda-da ol peýzaž bermäge, tebigat obrazyny ýaratmaga köp sözler sarp etmeýär. Tebigatyň iň häsiýetlendiriji mazmunly tarapyny saýlap almak bilen çäklenýär. Onuň dil aýratynlygynyň bir tarapy hem ine, şundan ybaratdyr.

Ata Gowşudowyň eserlerinde peýzaž we tebigat keşbi hakynda gürrüň edilende onuň peýzažlarynyň has gysga bolanlygyndan başga şeýle bir ýagdaýy-da onuň dil manerasynyň häsiýetlendiriji taraplaryny biri hökmünde bellemelidiris. Ata Gowşudow tebigatyň suratyny çekende onda dürli figuralar, her hili metaforalar ulanmagy kän halamaýar. Onuň deregine gaýtam ol tebigatyň suratyny öz sözleri bilen beýan edip janlandyrmagy halaýar. Ine, bir mysal: „Dumly-duşda gar basyp ýatan depeler we olaryň üstünde biten ösgün gandymlar, selin, siňrenler hem başga gögeren çöpler häzir özüniň asly tebigy durmuşyny üýtgedip, duw ak bolup görünýärdiler. Ol gögertgiler jyza taplanyp, buz bolup durýardylar. Olar dazlap barýan maşynyň duşundan geçip gidýän ýaly görünýärdiler. Alakalar loňkuldaşyp, garyň üstünde aýlanyşýardylar, garynlaryny doýurmak üçin iým agtarýardylar. Käbir

ýerlerde çal towşanlar turup, aýak aldygyna gaçyşyp, depeleriň aňrysyna dolanýardylar . . . Hanha, iki sany maral towşan garly depäniň ýüzünden gaçyp barýarlar. Olar maşynlaryň gürrüldisinden . . . “. Ýazyjynyň dil manerasy analiz edilmezden öň bu işde analiz plany, analiz sistemi düzüldi. Bu ýerde awtoryň gahrymanlarynyň aragatnaşyklaryny ýazyp görkezýän we olaryň hereketlerini beýan edýän dili, olary häsiýetlendirýän, olaryň portretini çekýän ýerleri, olaryň dialoglary, awtoryň yza çekilmeleri, tebigat suratyny çekýän ýerleri, metafora we figaralary ulanmakdaky we döretmekdäki ukyby analiz edildi. Şu taraplar bolsa, ýazyjynyň diliniň hemme taraplaryny öz içine alýar.

Gahrymanlaryň portretini çekmekde Ata Gowşudowyň özboluşly bir manerasy bar. Bu barada ýazyjy köplenç halk döredijiligine daýanýar. Onuň portretleriniň aýratynlygyna geçmezden ozal şeýle bir ýagdaýy bellemelidiris. Ata Gowşudow halk döreedijiliginde bolşy ýaly köplenç personažlarynyň adyna bir lakam hem goşýar. Atlara goşulýan lakamlar personažlaryň sypatlary ýa-da häsiýetleri hakynda deslapky maglumatlary berýärler. Şu lakamlary ulanmakda ol halk döredijiliginiň göreldesine eýerýär. „Görogly“ eposynda handan batyr, Seýtek gyrma, Sapar köse ýaly, Däli Mätel ýaly lakamly gahrymanlary tanamaýanymyz ýokdur. Ata gowşudowda bu ýagdaý Çaşçy çaman, Sary kör, Gylly golça, Allaýar tulum, Allaly par, Berdi pökgen, Bally

wara, Mele mekir, Hoşly molla, Çüýşe göz, Aman poşçy, Gurbanly bälçik, Küle girrik, Wüşi kel, Gandym awçy, Hal mergen, Gylyç mergen we başga şuňa meňzeşler. Şeýle lakamlary awtor esasan otrisatel tipleriň adyna goşýar. Şonda olaryň gylyk-häsiýetlerinden ugur alýar. Položitel tiplere goşanda bolsa olaryň kesbi-kärinden ugur alýar. Otrisatel tipleriň köplenç daşky keşplerinden ugur alyp hem olaryň adyna lakam goşýar. Sözüň gysgasy şol lakamlarda awtor personažlaryň kesgitleýji tarapyny görkezip goýýar. Emma ol beýle lakamlary Bahar, Hoşgeldi, Mähri, Wepa ýaly položitel gahrymanlary we personažlary ulanmaýar ýa-da gaty az ulanýar. Ata Gowşudow hekaýalarynyň birinde Gylly golçany şeýle sypatlandyrýar: „Boýy golça ýaly gysgajyk, hyrsyz, gür sakgaly diňe eňegine däl, hatda boýunlaryna çenli çykyp, döşündäki gür çöpürleri bilen birleşen ýagallak bir adama Gylly golça diýýärdiler. Gylly golça gadym zamanda bolup geçen gahrymanlardan biridir ýa-da ertekilerdäki „sakgaly iki garyş, boýy bir garyş“, diýlip, aýdylýanlardandyr öýdüp pikir edäýmäň, ol häzirki wagtda biziň ullakan obalarymyzyň biriniň aýratyn häsiýetleri gahrymanydyr“. Gylly golçanyň şu epitetinde iki ýagdaýy bellemek zerurdyr. Gylly golça kolhozyň malyny iýýän ogry, onuň üstesinede iki aýally. Ine şu ýagdaýa garap awtor onuň daşky portretini içki älemine laýyk tagaşyksyz edip görkezýär. Ikinjiden, awtor onuň portretini bermekde halk döredijiliginiň

çeperçilik serişdelerine ýüzlenýär. Ata Gowşudow „Narlynyň keçjallygy“ atly hekaýasynda Narlynyň garry babasyny şeýle sypatlandyrýar: „Ol halys garrapdy, onuň süňkbaşy iri, daýaw göwresi gysylyp, süňkleri somalyşyp durýardy. Onuň agaran selçeň uzyn sakgaly, ösgün gaşlary durşy bilen ak gar ýaly agaran murtlary bardy. Ol uzyn boýly, daýaw adam indi eglip ýöreýärdi. Ol ýeke ýöräp bilenokdy. Onuň ýoldaşy kim? Onuň ýakyn ýoldaşy daglarymyzda ösýän garadolan agajyndan ýasalan hasady. Daşy torlap duran şol gara agajyň tutaý taýy garry babanyň eliniň owkalamagy bilen ýylmanypdy . . .“ (Gowşudow A. Ýelli Ödäniň öýlenişi. 126 sah.). Ata Gowşudow portret döredende köp sözler, uzyn sözlemler sarp etmeýär, şeýle hem ol kesgitleýji bolmadyk ownuk taraplara ýapyşmaýar. Personažlaryň iň çykyp duran taraplaryny onuň daşky keşbini has-da tanadyjy taraplaryny teswirlemek bilen kanagatlanýar. Emma ony juda mazmunly dilde teswirleýär. Hiç kemçilik, hiç artykmaç zat onuň dilinden tapyp bolmaýar. Peýzaž ýaly portret hem gysga berilýär. Ýöne awtor gahrymanlarynyň hereketine aragatnaşyklary ýazyp görkezmäge has köp üns berýär. Portret görkezmegiň şeýle nusgalaryny Gajar aganyň, Nyýazmyrat aganyň we beýleki garrylaryň mysalynda hem görmek bolýar.

Ata Gowşudow „Ýelli Ödäniň öýlenişi“ hekaýasynda Ýelli Ödäniň portretini şeýle çekýär: „Şu adam bir ýelli günde dünýä inen bolmaga çemeli.

Onuň adyny ýelli diýip tutýardylar. Lakamyny bolsa türkmenleriň adat edinişi ýaly onuň kakasynyň ady Öde bilen utgaşdyryp tutýardylar... Ýelli otuzbäş ýaşyndan ýokaryk geçen gysga boýly adamdy, onuň üçin hem ol kostýum geýse - de, başga eşik geýse – de hemişe özüne uzyn bolýardy, ýeňi hem elinden artýardy. Onuň irimçik, garaýagyz, ýüzündäki, ullakan burnunyň öňünde murtlary towlanyp durardy we ýuz keşbine ýaramaýan kiçijik gözleri gür, gara gaşlarynyň aşagynda ýyldyraýardy“ (Gowşudow A. Ýelli Ödäniň öýlenişi. 87 sah.). Ilki bilen gahrymanyň adynda onuň ýelli, hem öwünjeňligini görkezýär. Soňra Ýellini tanatmak üçin onuň ýüz keşbine köp üns berýär, bir sözde gysga boýludygyny belläp geçýar. Şeýlelikde, okyjy azajyk setirlerde personažyň sypatlary bilen düýpli tanyş bolýar. Şunuň bilen birlikde awtor portreti tipiň içki älemine laýyk çekmegi bu ýerde hem baş prinsip edip goýýar.

Sypatlandyrmanyň şu ýokarda görkezilen tärleri, ýagny portret çekmekde realizm prinsiplerine eýermek, gysga sözlük we tipleşdirip bilmek Ata Gowşudowa esasan erkek adamlaryň obrazyna degişlidir. Aýal jynsyndan bolan tipleriň portretini çekende Ata Gowşudow kä mahallar folklor materiallarynyň täsirine düşýär. Meselem, Mähriniň obrazynda onuň portretini Zöhre ýaly edip görkezýär. Şeýle bolan suratda hemme gahryman aýallar daşky keşpleri boýunça meňzeş ýaly bolup görünýär. Ikinji tarapdan, häzirki zaman edebiýatynda tipiň portretini

köneçe, dessanlarda bolşy ýaly edip görkezmek mazmun bilen formanyň arasyndaky bitewiligi we ylalaşygy ýoga çykarýar. Ýokarda görlüp çekilen ýagdaýlar bilen birlikde Ata Gowşudowyň dilinde onuň dilini jemgyýetçilik publisitik edebiýatyň diline ýakynlaşdyrýan sözlemler, sözler we söz düzümleri-de duş gelýär. Bu ýagdaýlar awtoryň öz dilinde-de, personažlaryň dialogynda-da gabat gelýär. Muny ilki bilen awtoryň şeýle hakykatlar bilen häli-şindi duşup durýanlygy bilen düşündirmek bolar. „Kyrk ýedinji ýylyň ýanwar aýynyň başlarynda saýlaw uçastoklarynyň birinde uly ýygnak geçirildi. Çagyrylan şol ýygnaga gaty köp kolhozçy ýygnandy. Öň hatarda, hormatly orunda oturan garrylaryň arasynda segsen ýaş çemeli bir adam otyrdy. Ol ýuwlup, daralan tämiz ak sakgalyna ýaraşykly päkize oňat egin-eşikler hem geýinipdir. Hemme lybaslarynyň üstünden bolsa, gyrasy parawuzlanan bagana içmek geýipdir“. (Bu mysal „Garrynyň sözi“ diýen hekaýasyndan alyndy). Garry ýygnakda çykyp gepleýär, onuň dilinde „erk, ygtyýar, hukuk“ ýaly syýasy-jemgyýetçilik häsiýetli sözler duş gelýär. Sebäbi, garryny hereket etdirip duran ýagdaýyň özi syýasy häsiýetli.

„Gandym awçynyň maşgalasy“ diýen hekaýadan hem bir mysal görkezip geçmekçi bolýarys: „Ýygnagy alyp barýan ýigit Akjagülüň soragyna näme diýjegini bilmedi ýa-da bilse-de saklandy, näme-de bolsa, ol şol wagt ýakyn ýanynda

oturan bir adama geňeş salýan ýaly bir görnüşde garady. Ol adam raýkomyň wekilidi. Ol Akjagülüň orta atan pikirini goldady, gutlady. Şol dünden başlap, kolhozçy aýallar kümüş, gyzyl, şaý-seplerini getirip, kolhoz tarapyndan bellenen adama tabşyryp başladylar“. Şu ýagdaýy görkezýän ýerinde: „ýygnagy alyp barýan, orta atylan pikir, kömek fondy, pikiri gutlady, bütin Türkmenistana jar boldy, bulardan görelde aldylar“ ýaly sözler we söz düzümleri tekste we tekstiň diline syýasy-jemgyýetçilik häsiýet berýär. Bu ýagdaý elbetde zerurlykdan gelip çykýar, şeýle-de bolsa olar çeper dile publisistikanyň häsiýetini girizýärler. Şunuň ýaly syýasy-jemgyýetçilik sözler köplenç awtor ýygnaklary suratlandyran mahalynda ulanýar. „Mähri-Wepa“ romanynda kolhozçylaryň ýygnagynda, „Köpetdagyň eteginde“ romanynda komsomollaryň ýygnagynda, ýene şol romanda kolhozçylaryň ýygnagynda, intelligentleriň duşuşmalarynda we gaýry şuňa meňzeş has syýasy we jemgyýetçilik mazmun göterýän hadysalarda awtor aňsyz-düşünjesiz, wakalaryň talabyndan asylgy bolup şeýle aňlatmalary ulanýar. Soňra awtor ylym, täze medeniýet, gazet, žurnal we başga şuňa meňzeş hadysalary suratlandyran mahalynda hem şeýle sözleri ulanmak zerurlygy gelip çykýar. Bularyň umumy çeper diliň içinde saýlanyp duran ýaly, beýleki sözlere gatyşmaýan ýaly bolup görünýärler. Munuň sebäbi bolsa şol sözleriň göterýän mazmunynyň türkmen dumuşynda täzeliginden ybaratdyr. Diňe,

„Köpetdagyň eteginde“ romanynda arakesme wagty Bahar halyçylara gazetde çap bolup çykýan täze oba hakda bir oçerki okap berýär. Şol oçerkde hem okyjy publisistik dil bilen ýüzbe ýüz bilýar.

Ata Gowşudow „we“ baglaýjysyny hem sebäp baglaýjysy bolan „çünki“ sözüni köp ulanýar. „Mähri-Wepa“ romanyndan bir mysal görkezýäris: „Uçut gaýalaryň ýüzünden aýlanyp, dolanyp gelýän ýoda beýik dagyň depesine çykdy. Ine boz ýatan giň, giden seleň meýdan. Döwekçiler brigadasy üýşürlen harmanlaryň ortasydyr hasaplap, bir ýere düşdüler we bu gün çatma dikmek hem başga işler bilen meşgul boldular . . .  Çünki bir säwilik bilen şu saparky döwekde tohum atlary ulanmak dogry gelipdir“ . „We“ baglaýjysy hakynda ozal aýdyp geçipdik. Emma „çünki“ sebäp baglaýjysy hem çeper dile kän bir görk berip durmaýar. Sebäbi birinjiden, ol pars sözi bolup, ýat elementligi görlüp durýar. Ikinjiden, bu söz köplenç ylmy dile mahsus bolan sözdür. Sebäbi özünden öňde bolup geçen hadysanyň dogry ýa-da nädogrylygyny subut etmek üçin täze bir sözlemiň, pikiriň, düşündirişiň gerekligini aňladýan bu söz dile ylmy häsiýet girizýär. „Meşgul bolup“ sözlerini-de ýokarky tekstde ýazyjy ulanypdyr. Bu sözi-de „we, çünki“ ýaly sözleriň tipine goşmak boljak.

Ata Gowşudow „we“ baglaýjysyny öz sözüni gutaryp, gahrymanyň hereketine geçjek bolan mahalynda hem köp ulanýar. „Emma Çary öz sözüni dowam etdi we „Meniň şeýle diýdigim Pökgeniň

işinde kemçilik ýok diýdigim däldir“. Bu baglaýjy Ata Gowşudowyň döredijiliginde başlangyç we orta gürplerde has köp duş gelýär. Emma soňky eserlerinde ýazyjynyň bu baglaýjynyň täsirinden çykyp başlamagy mesemälim duýulýar.

Ata Gowşudowyň dil manerasynda aýratyn bir bellemeli zat onuň personažlarynyň dilini tipleşdirmekde gaty ussatlygydyr. Ýazyjy öz personažlaryny ýeke bir öz portretlerinde häsiýetlendirmelerinde olaryň hereketlerinde açyp görkezmän, eýsem olary öz dialoglarynyň üsti bilende açyp görkezýär. Munuň üçin ol öz personažlaryny çuňňur öwrenýar, olaryň gylyk-häsiýetleri, bilim derejesi, käri, isleg-arzuwlary bilen pugta tanyş bolýar. Diňe şondan soň ol dialog meselesine geçýär. A.Gowşudowda dialogda her bir personaž tebigy janly adam ýaly bolup görünýär. Olaryň her biri öz dil aýratynlyklary bilen biri-birinden aýyl-saýyl tapawutlanýarlar. Ine, „Köpetdagyň eteginde“ romanyndan bir mysal: „Elhepus-elhepus, ol ölünçäm ýadymdan çykmaz gyz, ynsapsyz Gully süýthor gabrynda dik oturmyş, parhawynda heňläp ýatan bäş put jöweniň deregine meniň diş-dyrnak bolup dokan agyr halyma, palasyma çenli barymy aldy. Ol öňki çekirtge gelen ýyldan hem öňki çekirtge gelen ýyl, meniň gaýdyp gelen gelin ýylymdy . . . diýip, gaharjaň aýal öz hasaby boýunça belli bir ýyly görkezdi“. Ata Gowşudowda dialoglar hemişe, hemme ýerde şunuň ýaly ynandyryjy tebigy we özboluşly çykýar. Sebäbi

awtor öz wagtynda durmuşdaky adamlaryň ähli tipleriniň dilini oňat öwrenip çykypdyr. Ine, “Köpetdagyň eteginde“ romanynda gelin-gyzlaň haly ussahanasynda işläp otyrlar. Birden Wüşi kel welosipedinden güpläp düşüp, salam berip, ussahananyň gapysyndan girýär. Bahar gepleýär:
„ – Hemişe munuň ýaly ýere gelen ýigide gelin-gyzlar sapak çekerdiler welin, biz öz dessurymyzy hem ýatdan çykarypdyrys öýdýän – diýdi. Gelin gyzlar:

- Dogry- dogry – diýişdiler.

Gelinlerden biri ýakasyna sanjylgy ak sapakly iňňesini aldy-da:

- Hany sapak çekiň Wüşi begiň-de gaýratyny göreliň – diýdi.

Wüşi keliň çep goltygyna, donunyň ýakasyna iki sapar sanjyp, ak sapak dakdy:

- Ol baýak pylana sapak çekenimizde, bir tokly söwüş etdi, hany indi göreliň,

Wüşi gaýraty neneňkä – diýdi. Erni bir ýere gelmän ýyrşaryp duran Wüşi kel:

- Bu wagt men janlyny nireden alaýyn, welosipedimden başga zadym ýok –

diýdi“(Gowşudow A.Ýelli Ödäniň öýlenişi. 247 sah.).

Ýazyjynyň aladasy garaz bir adamy owadan gepletmek däl. Onuň aladasy mundan başga-da tipiň içki sosial-syýasy mazmunyny açyp görkezmeklikdir. Dil diňe şu iki aladany özünde birleşdiren mahalynda çeper bolup biler. Dialog samsygyň samsyklygyny, ulumsynyň ulumsylygyny, bahylyň bahyldygyny,

alymyň alymdygyny, daýhanyň daýhanlygyny, işçiniň işçidigini-de ýüze çykarmalydyr hem tebigy we ynandyryjy ýüze çykarmalydyr. Dil, dialog maksatlydyr we maksada baryp degmelidir. Ine, Ylýas töre ýönekeý adamlara ýüzlenip şeýle diýýär:

„ – Aly jenap, hezreti imperatory agzam – ak patyşa öz ýurdunda gara ýürek, bozgak adamlaryň bolmagyny islemeýär. Şeýle bozgak jenaýatkär adamlar bar, şeýle adamlar siziň araňyzda-da bar. Eger-de şu ýerde patyşanyň ak ýürekli hyzmatçysy Gulman arçyn bolmadyk bolsady, onda men siziň obaňyzyň nähili boljagyny gözümiň öňüne getirip bilemok. Gulman arçyn patyşany tagtdan agdarmak niýetine düşen şol jenaýatkär bozgaklar toparynyň üstüni açdy . . .“.

„ – Gulman arçyn, meniň ýanyma gel, bitiren uly işiň üçin ak patyşa seni medal bilen sylaglady“. Ýokary gatlaga degişli bolan Ylýas töre özüniň „ýüksek şiwesi“ bilen beýleki personažlardan aýyl-saýyl tapawutlanýar. Şu ýokarda görkezilýän pursatlar Ata Gowşudowyň bütin döredijiliginde häsiýetli taraplardyr. Mysallaryň azlygyna garap olar tötänden bolan mysallar diýlip düşünmeli däldir. Soňra personažlaryň dilini indiwiduallaşdyrmakda awtoryň dilinden gözel nusgalary näçe gerek bolsa şonça tapmak mümkin. Ýöen bu ýerde şolardan nusgalar görkezilmek bilen çäklenilýär.

Ata gowşudowyň dilinde bir bellemeli zat, ol-da bolsa ýazyjynyň diliniň hemişe hakykat bilen, bolan

ýa-da bolýan zatlar bilen baglydygydyr. Belent perwazlyk, hyýalsöýüşilik ýaly dili mazmunsyz edýän ýagdaýlar Ata gowşudowyň dilinde asla häsiýetli ýagdaý däldir. Şeýle hem onuň dili elmydama hal, hereket bilen doludyr. Onuň dilinde bir säwilik bilen grammatiki ýalňyşlyk ýa-da sözüň döwülmegi duş geläýse-de, baş prinsipler ýerli-ýerindeligi zerarly onuň diline duýularlyk derejede şikes ýetirip bilmeýärler.

„ – Gardaşlar! Eşidiň, men ölümiň öňünde şu sözleri size sargaýaryn . . . „Kim-de kim öz watanyna çigit ýaly dönüklik etse, ol öz atasynyň ogly däldir“ diýip, ata-babalarymyz aýdyp gelndir. Men öz atamyň ogludyryn, men türkmen ogludyryn, ýüz ýyllardan müň ýyllardan bäri öz watanlarynyň üstünde jan berip, jan alyp gelen ata-babalarymyzyň näletli gargyşyna galyp bilmerin. Meniň demirden berk bolan ynançly erkimi, häsiýetimi dünýäniň gyzyl tyllalary bilen eretmek islediler, ýüz müň aýylganç azaplar bilen syndyrmak islediler, emma ganymlar ýalňyşdylar! Siz ganymlary rehimsiz uruň! Uruň! Meniň ýüz müň azaplar bilen gynanyp çekdigim azaplarymyň aryny alyň, meniň dökülen ganymyň her damjasyna bir nemisi öldüriň! . . .  Ölümiň öňünde şu sözleri size sargaýaryn“. Bu ýerde hem biz dil serişdesiniň hakykat bilen iş salyşýandygyny görýäris. Radioda gepleýän, duşmana ýesir düşen uruşyjynyň ölümi äsgermän, hak, ýurt, il we ulus üçin janyny aýamanlygy faktynyň özi bir gözel hakykat we täsin

galdyryjy gojamanlykdyr. Adamlar Ata Gowşudowyň eserlerinde ýeke bir öz obrazyny däl, eýsem, öz dillerini-de görýärler.

M.Gorkiý dil sapagyny folklordan öwrenmegi hiç mahal ýadyndan çykarmandyr: „Men folklor bilen gyzyklanmagy hiç haçan taşlamaýaryn, halk aýdymlary, halk ertekileri, halk rowaýatlary – umuman, folklor diýlip atlandyrylýan, ýatdan aýdylýan ähli halk döredijiligi-bu biziň elmydama hemişelik materializm bolmalydyr. . . Buniniň dili örän arassa. . . Çehowda hem öwrenere zat köpdür. Ýöne edebiýatçydan edebiýatçynyň dili öwrenmegi-bu bir zatdyr we edebiýatçynyň dili birinji çeşmeden öwrenmegi başga zatdyr“ diýip, M.Gorkiý belleýär. Öň bellenilip geçilişi ýaly Ata Gowşudowyň dili folklor bilen hemişe halk obrazlarynyň üsti bilen bagly bolupdyr. Bu ýagdaý ýazyja bir-iki söz bilen obraz döretmäge kömek edipdir.

Ata Gowşudowyň „Mähri-Wepa“ romanynda onuň dil manerasynyň kä halatlarda klassyk edebiýatyň stili bilen utgaşýan ýerlerine hem duşmak bolýar. Bu ýagdaý aýratyn hem Mähriniň Wepa frontdaka, oňa ýazan salam haty mysal bolup biler. Munuň sebäbi, birinjiden, Ata Gowşudowyň şahsyýetiniň formirlenmeginde halk döredijiligi ep-esli rol oýnapdyr. Ikinjiden ýazyjynyň özi türkmen sowet edebiýatynda realistik prozanyň esasyny goýujylardan biri bolupdyr. Onuň ýazyjylyga girişen

döwründe entek häzirki zaman proza däpleri döreýiş we bardalanyş prosesini geçýärdi.

Şeýlelik bilen biz Ata Gowşudowyň dil manerasyna gelenimizde: onda sözlemleriň gysga gurluşyny, epitet we portretleriň gysga bolup, diňe personažlaryň kesgitleýji taraplaryň alynýandygyny, peýzaž hem tebigat obrazlarynyň seýrek hem gysgalygyny liriki yza çekilmelere az duşulýandygyny, dialoglarda ýazyjynyň örän ussat realistdigini folkloryň obrazly sözleri arkaly bir iki söz bilen ýatdan çykmajak obrazlary ýaradyp bilýändigini, onuň diliniň hereket, ýagdaý we halata gaty baý bolup, örän mazmunly dildigini bellemelidiris. Şunuň bilen birlikde ýazyjynyň özüniň belentperwaz, hyýalsöýüji ýazyjylar tipine degişli däl-de, hiç haçan real hakykatdan arasyny açmandygyny aýtmalydyrys.

## Lirikanyň estetiki tebigaty

Dünýäde, şol sanda adam aňynda örän çylşyrymly ýaşaýyş prosesi dowam edýär. Ylmy dilde muňa ýaşaýşyň dinamikasy diýilýär. Ähli zat hereketde, çylşyrymly, özgerip-üýtgäp duran, biri-birine geçip duran halda. Onsoň hadysalaryň düýp manysyny kesgitlejek bolup çalyşýan adam paýhasy olary hyýaly, şertli suratda, islese-islemese, biraz durgunlaşdyryp, ýönekeýleşdirip göz öňüne getirmeli bolýar. Şeýdip dinamiki haldaky proses statiki göz öňüne getirmä, çylşyrymlylyk biraz sadalyga, tebigylyk şertlilige, biri-birine öwrülip duran hadysa

biri-birinden tapawutlanýan, arada serhet goýýan hadysa öwrülýär. Adam paýhasy janlylyga shemany girizýär. Ýogsa akyl ýetirmek diýilýän işiň bolmagy mümkin däl.

Ýöne akyl ýetirişiň kanunalaýyk, durnukly işe – forma giren işe öwrülen wagty zatlaryň hem hadysalaryň tebigatyna düşünmek üçin tapylan şol durnukly göz oňüne getirmeleriň, shemalaryň hut akyl ýetirişde uly kösseklere öwrülmegi adaty hadysadyr. Bu ylmy akyl ýetirişiň paradoksy ýa-da gurap gapanyňa özüň düşmegiň bolýar. Hususan-da, adam “lirika” diýilýän ruhy hadysanyň belli bir kesgitlemesini berýär. Şol kesgitleme bu hadysanyň belli bir wagtda, belli bir tarapynyň ýüze çykmasyna esaslanýar. Emma ol janly proses ahyryn, ol biziň oýlap beren kesgitlemämizden tapawutlylykda hemişe, ylaýta-da, edebi ösüşiň has işjeňleşen pursatlarynda öz tebigatyny üýtgedip dur. Şeýdip, kesgitleme bilen hadysanyň tebigatynyň arasyna şum tapawut düşýär. Şonuň üçinem hakykylyk, dogrulyk nukdaýnazaryndan anyk göz öňüne getirme islendik zady öňli-soňly kesgitlenen däl-de, üýtgäp duran, dürli formadaky hem röwüşlerdäki zat görnüşinde göz öňüne getirmekdir. W.Şklowskiý realizme bir däl, onlarça kesgitlemäniň berilýändigine ünsi çekipdi. Munuň özi, zady bütin tebigy çylşyrymlylygynda aňly-düşünjeli doly göz öňüne getirmäge synanyşykdyr.

Ýokary kanunalaýyklyk lirika näme diýen mesele babatda-da hökmürowandyr. Lirikany ruhy ýaşaýşyň dürli kontekstlerine görä, dürlüçe kesgitlemek mümkin.

Lirika – iň giň manyda adam ruhunyň bir özboluşly ahwalatydyr. Liriki heserlenme, nostalgiýa, durmuşyň poeziýasy ýaly söz düzümleri şol ruhy ahwalat bilen baglanyşyklydyr. Ýaşaýyş gözelligine haýran galmak, dünýä yşkynda hesere düşmek, ömrüň geçip barýanlygyny ýatlap, nostalgiýa ulaşmak adamyň liriki duýgulanmasynyň görnüşleridir ýa pursatlarydyr. Diýmek, giň manyda "lirika" düşünjesi ýa-da onuň sypata öwrülen "liriki" warianty ruhy ýaşaýşyň bir elementi bolup, gözellik-betnyşanlyk, hasrat-gülki, howalalyk ýaly estetiki düşünjeleriň şahs bile baglanyşykly röwüşini aňladýar.

Lirika – sungatyň bir elementi. Sungatyň islendik görnüşinde – sazda, žiwopisde, heýkelde ýa başga birinde liriki äheňler hem pursatlar bolýar. Aýdaly, liriki aýdymlar ýa sazlar diýen jümle biziň aňymyz hem gulagymyz öwrenişen düşünjelerdir. Beýik hudožnikleriň suratlaryndaky reňkleriň özboluşly sepleşişi liriki şekilleri kemala getirýär. Aslynda, lirika sözi liradan – gadymy ýunanlaryň saz guralynyň adyndan gelip çykypdyr. Adamyň "jigerine" degýän, onuň ýüreginden ýapyşýan sungat äheňleri liriki äheňlerdir.

Lirika – çeper edebiýatyň elementi – edebi žanrydyr. Eýsem, "lirika" düşünjesi näme üçin ala-

böle hut şu ýerde öz hususyýetini tapypdyr, ymykly ornaşypdyr? Näme üçin beýleki ugurlardaky ýaly anyklaýjylyk roluny däl-de, düşünjäniň özüni aňladypdyr?! Sebäbi bu ýerde ahwalat hökmündäki lirika, mazmun bolan lirika öz formasyny – poeziýany tapypdyr. Mazmun bile formanyň şowly sepleşigi täze närsäniň ýüze çykmagyna getirýär. Şol sepleşik söz sungatynyň özboluşly, giden bir dünýä bolan žanryny kemala getiripdir.

Lirika – edebi žanryň bir elementidir. Edebiýatda bar bolan epika, proza ýaly žanrlaryň içinde liriki obrazlar, sahypalar az duş gelenok. Bu hadysa ýörite lirizm diýip at hem goýupdyrlar. Hangulynyň özem Ç.Aýtmatowyň proza eserlerinde liriki äheňler barada gürrüňedýär. Türgenowyň, Gogolyň galaba proza eserleri lirika ýugrulan eserler ahyryn! Türkmen edebiýatynda lirik ýazyjy hökmünde Arap Gurbanowyň we Akmyrat Şirowyň atlaryny agzamak mümkin. Edebi eser hakynda aýdylanda “liriki” sözüniň sinonimi hökmünde “şahyrana” sypatlandyrmasy hem ulanylýar.

Ruhuň janly ýaşaýşynda şol bir düşünjäniň “giňelip”, “daralyp” durandygyna göz ýetirmek bolýar. Ýöne şol hadysa hut edebiýatyň lirika diýen žanrynda özüniň has doly beýanyny, has dokmäde ýaşaýşyny tapýar.

Durmuşyň prozasynyň bolşy ýaly, onuň lirikasy hem bolýar. Ýöne durmuşyň hadysasy bolsun, sungatyň ýa edebiýatyň hadysasy bolsun, lirikada

esasy aýratynlyk – onuň şahs, subýekt bilen aýrylmaz baglanyşyklylygydyr.

Lirika diýmek ähli zady “menleşdirmek” diýmekdir. Hatda daşky dünýäniň, “men” däl zatlaryň suratlandyrylmagy-da bu ýerde “meni” ýüze çykarmagyň serişdesi bolup durýar. Elbet-de, bu lirikanyň asylbaşky, içki mümkinçilik aýratynlygy, Emma Hangulynyň öz işlerinde eden bir ylmy açyşy – ol liriki poeziýanyňam obýektiw, daşky dünýäni içkä ýazdyrmazdan, bulary biri-birine ýokdurmazdan suratlandyrmazdan bilýändigini subut edýär. Bu ýerde herhal, lirikalyk ikinji plana geçip, esasan, poeziýa komponenti öňe çykýar.

Gurbannazar Ezizowyň aşaky setirleri ýadyňa düşýär :

Çekdi oglan dag suratyn adama meňzeş.
Çekdi oglan bag suratyn adama meňzeş.

Uzyn günläp deňiz çekdi, gül çekdi.
Hemmesine jan beräýseň adam deý
“Ah, ýaşamak hezil!” diýip güljekdi...

Otyr oglan,
Depderinde ençe ýürek meňzeýär.
Günem – Adam.
Gülem – Adam.
Asyl çeken ähli zady adamlara meňzeýär...

Şygryň içinde “adam” sözi bile “ýürek” sözüniň sinonim bolup durandygyna üns berseň, manylydyr. Lirikada bar zat adam hem adam nukdaýnazaryndandyr. Özem adam diýen giň düşünjäniň hut şol tarapy – ýürek bile baglanyşykly aýan bolmasy lirikanyň hadysa hökmündäki özenini emele getirýär.

Ýürek bilen baglanyşykly lirikanyň, esasy bäş alamatyny bellemäge ýol açylýar. Hawa, lirika, umuman alanyňda, el bilen tutaýardan has irrasional-logiki pikiriň, hadysalaryň hem zatlaryň ýakasyndan ebşitläp tutaga-da, ine, şu diýip görkezýän pikiriň gysymyňa düşerden has sypjyk zatdyr. Lirikanyň şeýle tebigaty onuň birinji alamat aýratynlygyndan – onda duýgy agdyklygyndan gelip çykýar.

Ýürek – duýgular agyly. Şahyryň esasy ýaşaýyş organy – ýürek. Daşky dünýäniň täsirleri gelip ýürege degýär. Ýürek joşýar. Lirika adamyň dünýägaraýşynyň däl-de, dünýäni duýşunyň hadysasydyr. Şahyr dünýäni duýgynyň üsti bilen kabul edýär hem duýgy hökmünde-de suratlandyrýar. Her bir täze goşgy okyjyda täze-täze duýgylary açýar, onuň durmuş mährini ýa awusyny tas endamy bile syzmagyna sebäp bolýar. Çünki ýürek – adamyň ýeke-täk hem ruhy, hem fiziologik organydyr.

Saz bilen bilelikde poeziýa, lirika göni ýürege baryp urýan iki sany sungatdyr. Lirikada pikir minimal derejede, hemişe goşmaça planda bolýar. Duýgyňa näçe çalt hem çuň aralaşýan bolsa, lirika

şonça-da lirikidir. Dünýäniň predmetleri duýgy organlaryna täsir edýär. Dünýä predmetleriniň ysyny, sesini, tagamyny, reňkini ten duýgylary arkaly kabul edýäris. Kabul edilen informasiýa fiziologik organ hökmündäki ýürekden ruhy organ bolan ýürek-kalba geçip, söz ruhy duýgy bile eýlenip, şygra öwrülýär.

Lirika – daşdan gelýän täsiri ten duýgylary derejesindäki tebigylykda saklap bilýän iki sungatyň biridir. Ikinjisi – saz. Lirikanyň ala-böle poeziýa, goşgy şekilinde bolmagy-da onuň hut şol asylbaşky aýratynlygy bile baglanyşyklydyr. Diňe şygyr – ritm, kapyýa, ten duýgularyndaky owazy, tagamy, reňki garyndysyz, paýhas ýokundysyny almadyk görnüşde saklap bilýär. Şonuň üçinem hakyky liriki şygyrda bentler, setirler hemişe duýgulardan püre-pürlenip durandyr.

Ine, şahyr Nobatguly Rejebowyň “Buýnuz” atly iki bentlik goşgusy. Buýnuz – eýýäm munuň özi türkmen ýüreginde birhili gatylyk, ýylmanaklyk duýgusyny oýarýar.

Ýaşajyk sugnuň şahyndan Kälde
Şybyk ýasap berdi dolgan ussasy.

Gursagyma çilim tüssesi däl-de,
Doldy ölüp giden sugnuň gussasy.

Ussa myhman gyza ýylmap buýnuzy
Ýasap berdi örän ajaýyp tüýdük.

Gyz çaldy.
Sogaşyk sese bir sugun
Tisgindi ýitigi gelendir öýdüp.

Şu şygyr duýgynyň, has dogrusy, syzgynyň beren täsiriniň ýürege baryp, pikiriň gatnaşmagy bile dörän ruhy hadysa. Pikir gatnaşmazdan şygyr döreýän bolsa, onda, haýwanlaram poeziýa eserini döretmäge ukyply bolardylar. Ýöne, pikir herhal bu ýerde gatanç hökmünde gelýär. Şygryň irrasional mazmunyny her hili ideýa arkaly ýüze çykarmaga synanyşyp bolar. Ýöne, abstrakt oýlanmak ukyby bile çörek bişirip bolmaýşy ýaly, olaryň hijisem hiç haçan şygryň açýan duýgusyny berip bilmezdiler. Bu mümkin bolanlygynda asyl şahyryň zerurlygam bolmazdy. Adamzat diňe alymlar bile oňňut edip bilerdi.

Emma lirika diňe fiziologik däl, eýsem duýgynyň islendik başga hillerini-de açmaga ukyply sungatdyr. Aýdaly, Nobatgulynyň aşakdaky “Ýetim” atlandyrylan şygry ynsanyň sosial-ahlak duýgusyny özünde jem edýär.

Damjak bolýan gözýaş ýaly naýynjar,
Bir ýigidiň mirasy ol, ýasy ol.
Ynjamasyz ýöne ýerdenem ynjar,
Dyrnajygy gopan maýa ýaly ol.

Ýok, ol aglamaýar,
Ýok, ol gülmeýär.

Şeýle bir perişan bolsa-da haly.
Aglar ýaly diňdirmäge kimsi bar,
Kimsi bar gülende buýsanar ýaly.

Bu şygryň mazmunyny şahyryň ýetim oglanjygy görendäki başdan geçiren duýgulary tutýar. Şol duýgular bolsa, dürli pikir-sözlem hatary bilen berilýär. Diýmek, lirikada pikiriň funksiýasy duýgylary ýüze çykarmakdyr, liriki duýgulary ýüze çykarmak. Lirikada pikir – duýgynyň ulagydyr, emma ol bu ýerde öz-özlüginde ýaşap bilmez.

Pikire öz-özlüginde ýaşamaga mümkinçilik bermeýän zat lirikanyň tebigaty : bu ýerde “men”, has dogrusy, “jan” ýeke-täklikdir. Pikiriň “men” bolmagy üçin bolsa, pikiriň döremegi, hususyýete öwrülmegi üçin bolsa ikinji bir “men” gerek. Çünki pikir iki “meniň” aragatnaşyk serişdesidir.

Lirikada bir “meni” hem dünýäni bilýär. Şonuň bilen baglanyşyklylykda onuň ikinji bir alamaty – pynhanlyk emele gelýär. Lirika intim, pynhan duýgularyň jemidir. Adamlar gaty gadymy döwürlerden başlap şahyrlygy dälilige meňzedipdirler. Çünki şahyr öz-özi bile gürleşip ýör, özi bile gümra. Ol öz içki dünýäsinde ýaşaýar. Lirikanyň özem şol içki, pynhan dünýä.

Liriki pynhanlygyň özboluşly özüne çekijiligi hem süýjiligi bar. Adamlar haçan şygra höwesli bolýarlar?! Haçan-da olar öz-özleri bile ikiçäk galmak islänlerinde, öz içki dünýälerine gümra bolmak, içki

dünýäsiniň pynhanlygynyň mazasyny görmek islänlerinde. Öz-özi bile ikiçäk galmak islemeýän adamlar goşgynyň gadyr-gymmatyny bilmezler. Lirikanyň iň oňat, sap nusgalarynda säher, agşam, güýz, geçmiş äheňleriniň ýörgünlidigi pynhanlyk häsiýeti bilen baglanyşyklydyr. Çola, ýalňyzlykda galyp, adam dünýäniň, adamlaryň gohundan gulagy dynyp, öz içki dünýäsiniň owazlaryny diňlemäge hem eşitmäge mümkinçilik alýar. Magtymguly-ha, köplenç, öz köňli bilen gürrünleşip aýlanyp ýör. Onuň dünýäsiniň pynhanlygyny üpjün edýän liriki elementler köňül, Hudaý ýa öwlüýäler.

Häzirki zaman türkmen şahyrynyň liriki pynhanlygy başga detallaryň üsti bilen amal bolýar.

Erbet bor bu baglar geçse deňiňden.
Bu ýagyşlar seniň üçin ýagmasa.
Bagy ikiýana bulanda tupan,
Zerur çygy gül ýüzüňe degmese.

Gykuwlaşyp geçip gitse deňiňden,
Durnalaryň ýyllar kimin hatary.
Seni gozgamasa beýik ýaşaýşyň,
Çözülen hem çözülmeli mataly. (G.Ezizow)

Pynhanlyk duýgynyň hasam möwç urmagyna sebäp bolýar. Sentimental liriki duýgy çeşme kimin gaýnap joş urýar. Şahyr ýüregi adatdan daşary

intensiw işläp, ol hil taýdan täze görnüşe – jigere geçýär.

Jiger – pynhanlyk öýi.
Jiger – duýgy öýi.

Duýgy – adamyň daşky dünýä bilen arabaglanyşygynyň ten derejesindäki iň ilkinji hem tebigy basgançagydyr.

Lirikanyň dili – ten duýgylarynyň dili.

Lirikanyň dili – şahyrana ümlüklerdir.

Hiýh! Wa-aý! Wä-äk! A-aý! Oh! Bä! Wiý! – Ine, şygyrlaryň pikir gabygyny aýranyňda, lirikanyň öz dilinde galýan hakykatdyr. Poeziýa pikir harpygyndan azat bolanda, şo hili duýgularyň tebigylygyna ýetip bilýär.

Pynhanlyk, intimlik şahyrana ýüregiň joşgunyny pöwhelikden hem badyhowalykdan halas edýär. Şahyryň “meni” tebigylygynda, agraslygynda hem terliginde ýüze çykýar. Lirikada çuwal gyzyň kalbyndaky, säheriň gulagyňy şaňladýan ümsümligindäki ýüregiň tämizleýji, ýatlamalardaky melul heserlendiriji pynhanlyk bar. Şonuň üçinem şahyryň baky hemrasy – onuň söýgüsi. Göz ýaşardyjy, ýüregiňi üzüp barýan ýiti duýgulardan dolduryjy pynhanlyk.

Lirikanyň galan üç alamaty onuň poeziýalyk häsiýeti bilen has baglanyşykly. Birinjiden, poeziýa sözi gysyp-gysyp, onuň suwuny çykarýar hem-de

sözüň duýgy bermek, many aňlatmak ukybyny aňrybaş derejede ýüze çykarýar. Şygyr manyny çugdamlaýar. Oňat şygyr tokga, gunt ýaly bolýar. Çünki ony ýazan şahyr gep tokgalamany, şahyrana sözi çugdamlamany başarýar. Şonuň üçinem şeýle şygyr gözbagçynyň şlýapasyny ýada salýar : lentany näçe çykaryber, ony şlýapanyň içinden çykaryp gutaryp bolmaz. Çyn şygryň içindäki manyny-da, duýgulary-da seçeläp, aýyl-saýyl edip gutaryp bolmaz, soňuna çykyp bolmaz. Poeziýa beýleki žanrlara garanyňda az sözde iň köp many berip bolýan sungatdyr. Emma şuňa esaslanyp, kämahal pylan goşgy tutuş bir romanyň mazmunyny berýär, pylan hili şygryň romanlyk mazmuny bar diýen äheňde gürrüň edýärler. Munuň özi žanrlaryň tebigatyna, olaryň hersinde mazmundyr formanyň mynasybetine gödek düşünilmegidir. Her žanryň diňe özüne görä mazmuny hem laýyk formasy bolýar. Şonuň üçin olar hiç mahalam biri-biriniň ýerini tutup, biri beýlekisine barabar bolup bilmez. Eger şygyrda romanyň mazmunyny berip bolýan bolsa, onda ýazyjy soňkyny ýazybam oturmazdy. Asyl eserleriň gadyr-gymmatyny şeýle göz öňüne getirmegiň özi ýalňyşdyr.

Poeziýa sungatynyň gysbylygy liriki mazmunyň öz aýratynlygyndan gelip çykýar. Liriki mazmun mazmun maýyşgak, rezin ýaly gysylmaga ukyplydyr. Sebäbi ol duýgydyr. Bir-birine barabarlaşdyryp bolmaýan pikirlerden tapawutlylykda duýgylar gatbar-gatbar, gasanak-gasanak bolup, pamyk kibi preslengi

ýaşap bilýärler. Asyl epiki mazmuny beýle sykaja salyp biläýmersiň. Emma okalanda alynýan estetiki täsiri, göwnüňi dokundyryşy, kanagatlandyryşy manysynda, aýdaly, şygry romana deňäp bolar, sebäbi çyn şygyr bir romandan aljak lezzetiňi bermäge ukyplydyr. Gysbylyk – dördünji alamat – poeziýanyň özboluşly diliniň barlygy, simwolika hem pelsepe bilen baglanyşyklydyr. Simwol hemişe sözüň özünden has uly zady aňlatmaga ukyplydyr. Simwol şygryň men diýen derejä ýetenini aňladýar. G.Ezizowyň “Iki agaç”, N.Rejebowyň “Ot” ýaly şygyrlary simwoldyr.

Lirikanyň ýene bir aýratynlygy – şahyrana söz hemişe özüni däl-de, ikinji, üçünji... zatlary aňladýar. Şahyr sözi asyl manysyndan näçe daşlaşdyryp bilýän bolsa, ol şonça-da ussatdyr. Lirika diňe sözüň özüni däl, özgeleri aňlatmaga başlan pursatynda döreýär. Şonuň üçinem men köp aýdýaryn – şahyr bolmak oňat edip, owadan edip fantaziýany – çypdyrmany başarmakdyr. Fantaziýa – täze metaforalary tapmakdyr. Metafora diýmek bolsa, iň umumy manyda ideal düşünje bile real predmetiň utgaşygy diýmekdir. Düşünje bile predmetiň özboluşly utgaşygy düýpli çeperçilik täsirini döredýär.

## *ESASY EDEBIÝATLAR:*

1. Gurbanguly Berdimuhammedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. Aşgabat, 2007.
2. Gurbanguly Mälikgulyỳewiç Berdimuhammedow. Gysgaça terjimehal. Aşgabat, 2007.
3. Gurbanguly Mälikgulyỳewiç Berdimuhammedow. Parahatçylyk, döredijilik, progres syýahatynyň dabaralanmasy. Aşgabat, 2007.
4. Gurbanguly Mälikgulyỳewiç Berdimuhammedow. Eserler ýygyndysy. Aşgabat, 2007.
5. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhammedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky çykyşy. Aşgabat, 2008.
6. Gurbanguly Mälikgulyỳewiç Berdimuhammedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Aşgabat, 2009.

## *GOŞMAÇA EDEBIÝATLAR:*

1. Abdyllaýew.Ö.Edebiýat teoriýasynyň esaslary.Aşgabat.Magaryf, 1984
2. Abdyllaýew Ö.Biziň günlerimiziň liriki gahrymany. Aşgabat, 1977
3. Allakow J.Edebiýat ylmyna giriş. Aşgabat.Magaryf, 1992

4. Allakow J. Türkmen edebi tankydynyň taryhy. Aşgabat, 1988
5. Amansähedow M.Şygyr sungaty we şahyrana şahsyýet. Aşgabat, 2000
6. Annanurow M. Edebiýaty öwreniş ylmynyň terminleriniň gysgaça rusça- türkmençe sözlügi.Aşgabat.Ylym, 1989
7. Agabaýew A. Ezizowyň emri bilen. Aşgabat, 1991
8. Буров А. И. Естетическая сущность искусства. Москва, 1956
9. Durdyýew H. Gözellik. Aşgabat,1988
10. Estetika.Slowar. Moskwa, 1989
11. Ezizow G. Ynam. Aşgabat, 1971
12. Ezizow G. Ýer- gögüň arasynda. Aşgabat. 1973
13. Ezizow G. Serpaý. Aşgabat. 1977
14. Ezizow G.Güýz. Aşgabat, 1978
15. Ezizow G. Serdarym. Aşgabat, 1990
16. Ezizow G. Türkmen sährasy. Aşgabat, 1997, 2007
17. Ezizow G. Çykmadyk kitabym. Aşgabat, 1992
18. Ezizow G. Saýlanan eserler. Aşgabat, 1993
19 . Ezizow G. Iki agaç. Ankara, 2003
20. Geldiýew G.Poeziýamyzyň häzirki zaman keşbi (Stil problemasy). Aşgabat, 1978
21. Garaýew A.Pikirleriň poeziýasy, duýgularyň poeziýasy. Aşgabat, 1982

22. Garaýew A.Uly poeziýamyzyň dowamy. Aşgabat, 1974
23. Osman Öde. Köňül kerweniniň ýüki.Aşgabat, 1998
24. Kekilow A. Söz sungaty. Aşgabat, 1970
25. Kekilow A. Söz syrlary. Aşgabat, 1975
26. Kekilow A. Edebi zanrlar we edebi metod. Aşgabat, 1978
27. Myradow S. Poeziýamyzyň ädimleri. Aşgabat, 1972
28. Nuralyýew D.Edebi prosesiň meseleleri. Aşgabat, 1978
29. Nuralyýew D. Şahsyýet we edebi proses. Aşgabat, 1982
30. Nuralyýew D. Şygyr bilen ikiçäk. Aşgabat, 1987
31. Rejebow R.Liriki mazmun we şygyr sungaty.Aşgabat, 1968
32. Rejebow R. Edebiýat ylmyna degişli terminleriniň sözlügi. Aşgabat , 1966 ý
33. Rejebow R. XVIII-XIX asyrlar türkmen edebiýatynyň döredijilik stili.Aşgabat, 1995
34. Rejebow R.Çeper edebiýatda estetika we stil meseleleri. Aşgabat,1982
35. Sadykow T.Gurbannazar Ezizowyň poeziýasynyň çeperçilik ussatlygy.Aşgabat, 1995

## M A Z M U N Y

**Giriş ..........................................7**

**1. Çeper edebiýatda estetiki meseleler................... 10**

**2. Orta asyr türkmen edebiýatynda estetiki meseleler...........................................................33**

**3. Türkmen nusgawy edebiýatynda görk we gözellik meselesi..............................................................56**

**4. XX asyr türkmen edebiýatynyň estetiki meseleleri...........................................................73**

**5. Estetiki kategoriýalar we çeper edebiýatda antietiki we antiestetiki pursatlar....................................82**

**6. Tebigat gözelligi we çeper kyssa.......................109**

**7. Tebigat gözelligi we şygryýet............................118**

**8. Gözellik meselesi we gözel suratlandyrmak.....127**

**9. Gözel suratlandyrmak we çeper dil...................134**

**10. Stil çeper edebiýatyň estetiki meselesi hökmünde...........................................................143**

**11. Ýazyjynyň dili estetiki mesele hökmünde.........150**

**12. Çeper diliň mazmuny we forma gatnaşygy.......157**

**13. Çeper kyssada çeper diliň ähmiýeti.................165**

**14. Şygryýetde şahsy stil we dil...............................173**
**15. Çeper kyssada şahsy stil...................................189**
**16. Lirikanyň estetiki tebigaty................................223**
**17. Mazmun.............................................................239**